
GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



UOK 008:1+323(575.4)
B 50

Berdimuhamedow G.

B 50 **Ömrümiň manysynyň dowamaty.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

XXI asyr taryhda innowasiýalaryň we sanly tehnologiýalaryň döwri hökmünde aýratyn häsiýetnama eýe boldy. Şunuň özi hem adamzadyň durmuş filosofiýasyna, jemgyýetçilik-ahlak ýaşaýşyna özüniň täsirini ýetirdi. Gahryman Arkadagymyzyň döredijilik paýhasyndan syzylyp çykan «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly eser her bir adamyň durmuşyny dogry guramagy baradaky ugrukdyryjy gollanmadyr. Milli Liderimiziň «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň dowamy bolan «Ömrümiň manysynyň dowamaty» täze kitaby jemgyýetçilik köpçüligine niýetlenildi. Gahryman Arkadagymyz bu kitabynda durmuşyň dürli ugurlaryndan söz açyp, olara garaýyşlary barada ýazýar. Wakalaryň ömür we adamyň ruhy, medeni, syýasy ösüşleri bilen täsin baglanyşykda beýan edilmegi eseriň ähmiýetini has-da artdyrýar.


TDKP № 135, 2023 KBK 71/79+87+66.3 (2Tü)

© G.Berdimuhamedow, 2023.

GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2023



ÖMRÜMIŇ MANYSY – IL-HALKYM

Giriş

Mähriban adamlar!

Ata-babalarymyzyň «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» diýen nakylynda tükeniksiz many bar. Häzirki döwürde bu nakylyň ähmiýeti has-da ýiti duýulýar. Çünki ata-babalarymyzyň türkmençilik ýörelgelerine, durmuşynyň ýazylmadyk kadalaryna ygrarly il-halkymyzyň ýaşaýyş medeniýeti halklaryň bitewi ykbalyny döredýän adamkärçilik kadalarynyň binýadynda ösdi we özgerdi. Men durmuşyň manysy barada söz açanymda, ony adamzadyň öz geljegine galdyrjak gymmatlyklary bilen bilelikde göz öňüne getirýärin. Ata-babalarymyzyň bize miras goýan gymmatly edep-terbiýe, durmuş mekdebiniň ähli ynsana mahsus gelýän ýörelgeleriniň manysy örän çuňdur. Oňa näçe içgin aralaşdygyňça, bu ýörelgeleriň adamzadyň geljegi babatda alnanda hem gymmatynyň artýandygyny duýmak bolýar.

Durmuş tejribesi adama köp zady öwredýär. Öwreneniňi öwretmegiň ýoly bolsa görlen zatlaryň täsiri, geçilen ýollaryň tejribesi hem-de netijesi hakda kitap ýazmakdyr. Şundan ugur alnyp ýazylan kitap – «Ömrümiň manysynyň dowamaty» siziň eliňizde. Men bu kitabymda hem öwrenen we özleşdiren zatlarym, ylham badalgasy, ynsany öňe ilerledýän sebäpler, dünýä hem-de durmuşa bolan garaýyşlarym we geljegi görüşlerim – «Men geljegi nähili göz öňüne getirýärin?» diýen sowala jogaplarym barada ozal eden söhbetlerimizi dowam etdirmegi makul bildim. Pikirlerimi halkym bilen paýlaşasym geldi. Sebäbi meniň, asla hiç birimiziňem halkdan aýry ykbalymyz ýok. Barlygymyzam, bakylygymyzam, beýikligimizem, bitewüligimizem şu Watanymyz, halkymyz bilen bagly. Öňümizde bu mukaddes Watanyň has abadan geljegi üçin bilelikde, birlikde – agzybirlikde geçmeli ýollarymyz, külterlemeli menzillerimiz, dowam etmeli döwlet dessurlarymyz bar. Şolar baradaky pikirlerimi «Ömrümiň manysynyň dowamaty» hakyndaky oýlanmalarymda beýan etdim.

Men kitaplarymyň taslamasyny köp wagtlap gursagymda göteržärin. Aýtmak isleýän zatlarymyň

many-maňzyny, mazmunyny akyl eleginden geçirip, durmuş tejribesiniň sapaklary bilen deňeşdirip görýärin. Atamyň pähim-paýhasynyň miwesi bolan ýazgylaryndaky pikirlerini, kakam pahyryň beren öwüt-ündewlerini ýatlaýaryn. Diňe şondan soň pikirlerimi kagyz ýüzüne geçirýärin.

Atamdan miras galan «Akyl sandyklary», kakam Mälikguly Berdimuhamedowyň nusgalyk pedagogik garaýyşlary, maňa beren terbiýesi, durmuşdan görüp öwrenen zatlarym, toplan tejribelerim, belläp alan sözlerim, esasan-da, beýik halkyma, eziz türkmen nesline bolan mizemez söýgim bu kitaby ýazmakda ýardam berdi. Kitaby okaýan mahalyňyz siziň bilen pikir alyşmaga jany-teni bilen höwesek, öz garaýyşlaryny paýlaşmaga döwtalap awtoryň hut ýanyňyzdadygyny duýuň! Men hut şol wagt ol ýerde bolmasamam, siz hakdaky pikirlerim bilen siziň her biriňiziň ýanyňyzdadyryn.

Kitap ömrüňe many çaýýan iň bereketli desterhan ýalydyr. Paýhaslar – nygmatlar elde däl-de, aňda göterilýär. Bu saçagyň duzundan dadan her kimse ata-babalaryň arzuwyna, ene-mamalaryň hüwdüsine, aga-inileriň yhlasyna siňen, ömrüň

dürli menzillerinde nesil terbiýesine gerekli bolan ähmiýetli maglumatlary okap, öwrenip biler. Ynsanyň bagtyýarlygy diňe ýazgydyna däl-de, oňa siňdirilen terbiýä hem baglydyr.

Dünýe döräpdir, adam üçin ömrüň gymmaty hakyndaky düşünje-de bardyr. Ondan zyýada zat ýok diýseňem boljak.

Adam ömrüniň her bir gününi manyly etmäge çalyşýar. Manyly ýaşalan ýyllaryny hakydasynda saklaýar. Manyly ýaşaýan adamlary özüne görelde edinýär. Her bir şahsyýetiň ömür pursatlarynda onuň manyly, öwrenilmeli taraplary hem bardyr. Çyndan pikir etseň, manyny açmak adamyň özüne baglydyr. Durmuşy gowulandyrýan, ýaşaýşyň manysyny artdyrýan hem adamlardyr. Şeýle adamlar durmuşda dogry ýoly saýlap, halallykda, her bir zatdan göwnaçyklyk bilen oňyn netije çykaryp ýaşaýarlar.

«Pelegiň çarhy gowy adamlaryň hasabyna aýlanýar» diýilýär. Durmuşyň, umuman alnanda, manyly bolmagynda gowy adamlaryň köplüginiň gerekdigi düşnükli. Dünýäde adamyň durmuşynyň gowulyga tarap özgermegine diňe bir onuň öz

tagallasy ýeterlik däl. Her bir adamyň durmuşyna töweregindäkileriň durmuşy hem täsir edýär. Gowy zady gören gowulyga ýykgyn edýär. Ýöne durmuşda ýaramazlyk diýlen zat hem bar. Üns etseňiz, oňa ýykgyn edýän azdyr. Sebäbi ol düşünje adamyň asylky tebigatyna kybap gelmeýär, ynsanlyk mertebesine laýyk däl.

Geçmişde diňe halalhon, ynsaply, adamkärçilige mahsus sypatlara eýe bolan adamlar iliň öňüne düşmegi başarypdyrlar. Şeýle adamlardan maslahat soralyp, olaryň pikiri durmuşda islendik ýagdaýda dogry, maksadalaýyk hereket etmäge dogry ýol görkezýän çelgi hasap edilipdir. Halk Maslahatynyň döredilmeginiň maksadynda hem ata-babalarymyzyň adalatly ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmeginiň mümkinçiliklerini ýokary derejede amala aşyrmak esasy orunda durýar. Halk Maslahaty öz mazmuny boýunça ata-babalarymyzyň ýaşululardan maslahat sorap, akyldar, ylymdar, il bähbidini araýan geňeşdarlaryny ýygnap, karara gelmek ýörelgesi bilen umumy esasy aňladyp, syýasaty öwrenişiň nukdaýnazaryndan alnanda, demokratiýany durmuşa ornaşdyrmagyň bir

ugrudyr. Sebäbi munuň özi halkyň wekiliniň döwleti dolandyryş işine gatnaşygy babatda ýokary mümkinçiliklerini görkezýär.

Döwletimiziň adamlar hakyndaky aladasynyň mazmuny hem adamlaryň ýagşy edim-gylymlaryna, adalata garaýyşlaryna, halal we dogruçyl ýaşaýşyna aýratyn üns bermekdedir. Adamkärçiligiň asylly nusgalaryny ýaşaýşyň baş ýörelgesi hökmünde ykrar etmekdedir. Men durmuş ýolumda özüme nusga bolan adamlary hemişe ýatlaýaryn. Olary özüme ýakyn hasaplaýaryn. Olaryň arasynda özümiň has ýakynlarym ýa-da öz aladalary bilen gümra bolup ýören başga bir adam, ýa-da bir ulgamda işläp, abraý gazanan ildeşimiz, ýa daşary ýurtda ýaşaýan başga bir meşhur şahsyýet, garaz, her hili ynsanlar bar. Şol adamlaryň ykballary hakda pikir edenimde, olardan nämeleri sapak edinip alandygymy hyýalyma getirýärin. Sebäbi edebi deňeşdireniňde, her bir adam kitap ýaly, onuň ýüregi hem edil kitap sahypalary ýaly, açyldygyça, öňüňde täze dünýä açylýar. Täze zat bolsa hemişe özüne çekiji, ol adamyň aňyna, akyl-paýhasyna, düşünjesine täsir edýär. Ynsan ömrüniň manysynyň

dowamaty hem şol «açyşlardan» uzalýar diýip pikir edýärin.

Meniň dowamatym – meniň il-ulsuma goýan sapaklarym, ýagşy arzuwlarym, geljege bolan synmaz umydym.

Mähriban okyjym!

Her bir adamyň mukaddesliklere, halallyk ýörelgelerine, päk gözünlilige, zähmetsöýerlige we beýleki asylly häsiýetlere bolan garaýşyndan durmuşyň binýady tutulýar, döwlet sütüni bina bolýar. Döwleti döwlet, ili il edýän hem adamlardyr.

Ata-babalarymyzyň ýoluny dowamat-dowam edip, biz bu gadymy toprakda olaryň umytlaryny hasyl edýäris. Geljegimiziň köprüleriniň durmuşyň çylşyrymly pursatlarynda mizemejekdigine ynamy döredýäris.

Geljegiňiz abadan bolup, hemişe bagtly günlerde ýaşamak miýesser etsin!

HAKYDADA ORUN ALAN PURSATLAR

«Arçman» şypahanasy barada ýatlama

Ýurdumyzyň her bir raýatynyň saglygy baradaky alada döwlet syýasatynyň hemişe-de iň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem bu şeýle bolmagynda galýar. Kärim boýunça-da, ençeme ýyllaryň dowamynda alyp baran işlerim boýunça-da saglygy goraýyş bilen bagly meseleler maňa aýratyn ýakyn görünýär, olary men has içgin bilýärin. Elbetde, ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak we berkitmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek ugrunda belent sepgitlere ýetildi hem-de uly üstünlikler gazanyldy. Olaryň hemmesi barada birin-birin aýtmak bir ýa iki eseriň çäginde mümkinem däl. Ýöne türkmen topragynyň, tebigatynyň, ösümlikleriniň keramaty, olaryň näsaglary bejermekde ulanylyşy

barada ozalky kitaplarymyň käbirinde hem durup geçipdim. Hakykatdan-da, türkmen tebigatynyň, çölüniň, dagynyň, düzüniň we sährasynyň, hatda howasynyň hem halkymyzyň özboluşly häsiýetine mahsus täsinligi bar. Tebigat bilen şol ýerde ýaşaýan ilatyň arasynda täsin arabaglanyşyk, biri-birine dahyllylyk duýulýar. Men bu ýagdaýa ýurdumyzyň haýsy künjüne barsam-da üns berýärin. Her ýerde hem tebigaty, täsinligi, özboluşlylygy bilen haýran galdyrýan zatlar bar.

Bäherden etrabyndaky «Arçman» obasy hem şeýle ýerleriň biri. Bu oba baryp görmedik adam az-azdyr. Sebäbi ol ýerde dünýäde meşhur şypahana bar. Men işim bilen baglylykda ol ýerde örän köp gezek boldum. Şonuň üçinem bu şypahananyň taryhyna, aýratyn hem onuň Garaşsyzlyk ýyllaryndaky taryhyna, ol ýeriň tebigy aýratynlyklaryna, şypahanada döredilen lukmançylyk şertlerine diýseň belet.

2022-nji ýylyň 6-njy maýynda men ýene-de «Arçman» şypahanasyna bardym. Ol ýerde halkymyzyň saglygyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler hem-de adamlar üçin şypahanada döredilen şertler bilen has içgin tanyşmak

isledim. Munuň üçin şypahanada dynç alýanlar we şypahananyň işgärleri bilen duşuşdym. Olaryň öý, iş aladalary, saglyk ýagdaýlary hem-de bu ýerde döredilen mümkinçilikleriň aýratynlyklary, şu günlerde olardan peýdalanylyşy bilen gyzyklandym.

«Arçman» bilen bagly rowaýatlar, onuň taryhy baradaky täsin gürrüňler köp. Onuň suwunyň şypa berijilik, kesel bejerijilik häsiýeti, tebigatynyň özboluşly aýratynlygy, ýerleşen ýeri ir döwürlerden bäri adamlaryň ünsüni özüne çekip gelipdir.

Rowaýat etmeklerine görä, bu ýerdäki obada Arçman atly akylly, edenli, pälwansypat, çopan ýigit ýaşapdyr. Özüniň gün-güzerany bilen bolup, il-günüň bähbidi ara düşende, ol hiç bir işde hem çetde durmandyr. Şonuň üçin oba adamlary ony gowy görüpdirler. Günlerde bir gün ol agyr derde ýolugypdyr. Obadaşlary, daş-töwerekde ýaşaýan tebipler onuň derdine em tapyp bilmändirler. Arçman gün-günden tapdan düşüp barýarmyş. Ahyrsoňy ol ýakynlaryma hem obadaşlaryma ýük bolmaýyn, derdimiň emini daglardan, düzlerden gözläýin diýip, obadan çykyp gidipdir. Çopan ýigit köp ýerlere aýlanyp, öwrülip, ahyr bir çeşmäniň boýunda düşläpdir. Ukusyny alypdyr, ýagdaýynyň ýetdiginden gezim edipdir,

tebigatyň eçilen miwelerinden iýip, çeşmäniň suwundan içip we oňa elini-ýüzüni ýuwup, şol ýerde ýaşaberipdir. Ol gün-günden derdiniň ýeňleýändigini duýupdyr. Wagt geçip, jany tut ýaly sagalypdyr. Bir gün ol obasyna dolanyp barypdyr. Obadaşlary öz gözlerine ynanmandyrlar. Üýşüp, hal-ahwal soraşmaga gelip, onuň nädip dertden saplanandygy bilen gyzyklanypdyrlar. Arçman bolsa: «Üýtgeşik eden zadym ýok, dag eteginde bir çeşmäniň boýunda düşläp, tebigatyň eçilenini iýip-içdim. Meni türkmen tebigaty aýaga galdyrdy» diýipdir. Şol wagt adamlar çeşmäniň suwunyň düzümini bilmeselerem, onda bir gudratyň bardygyna ynanypdyrlar. Şeýdip, kem-kemden adamlar çeşmäniň suwundan peýdalanyp başlapdyrlar. Çeşmäniň boýuna göçüp barypdyrlar. Ony «Arçmanyň çeşmesi» diýip atlandyrypdyrlar. Ilat arasynda «Arçman ata» diýilýän adalga hem duş gelmek bolýar. Munuň sebäbi ildeşleri Arçmana köpügören, köp bilýän, halatly, danyşment adam hökmünde garap, oňa «Arçman ata» diýip ýüzlenipdirler. Halkymyzda şeýle adamlara, keramatly hasap edilýän ýerlere adynyň soňundan «ata», «baba» sözlerini goşup ýüzlenmek däbi bar. Bu ýagdaý ýurdumyzyň ähli ýerinde hem duş gelýär.

Elbetde, şeýle rowaýatlaryň başgarak görnüşleri-de il arasynda duş gelýär. «Arçmana dag goçy ýol görkezip, çeşmäniň gözbaşyndaky harsaň daşy berdaşly şahlary bilen aýryp, ýol arçap berenmiş» hem diýýärler. Belki, şeýle bolandyr. Ýöne dag goçunyň keşbiniň bu täsin künjegiň nyşanyna öwrülendigini, onuň «Arçman» şypahanasynda dag eteginde howalanyp duran heýkeliniň ýanynyň hemişe köp adamlydygyny bellemek gerek.

«Arçman» çeşmesiniň «Ýylysuw» bilen arabaglanyşygy hakynda-da rowaýata çalymdaş gürrüňler bar. Munuň özi ýerli ilatyň has gadymy döwürlerden bäri bu çeşmeleriň suwundan peýdalanandygyny aňladýar.

Bize gelip ýeten taryhy maglumatlarda ilkinji bolup, rus alymy N.Makşeýewiň 1909–1910-njy ýyllarda «Arçman» çeşmesiniň kesel bejerijilik aýratynlyklaryny öwrenmek boýunça ylmy-barlag işlerini geçirendigi hakynda aýdylýar. Ol «Arçman» çeşmesiniň gidrohimiki düzümini öwrenip, bu ýerde şypahana döretmek hakyndaky teklibi öňe sürýär. Onuň geçiren barlagynyň netijelerini soňra belli rus alymy Bulgakow hem tassyklaýar. Bu ylmy işler «Arçman» şypahanasynyň gurluşygyna

başlanmagyna sebäp bolýar. 1915-nji ýylyň tomsunda «Arçman» şypahanasynyň ilkinji müşderileri kabul edendigi hakynda maglumat bar.

Şondan bäri geçen döwürde «Arçman» şypahanasynyň işiniň togtadylan, täzeden başlanan ýagdaýlary-da bolupdyr. Onuň taryhyna degişli maglumatlar toplanylsa, öwrenilse, olar bilen alymlar gyzyklansa, ýaş nesillerimiz bu barada bilseler, dogry bolardy. Mysal üçin, Muhammetgylyç atly şahyryň 1921-nji ýylda ýazan «Arçman» atly goşgusy şypahananyň kesel bejerijilik häsiýetini, taryhyny açyp görkezýändigi bilen ünsüňi özüne çekýär. Şeýle maglumatlar başga-da köpdür.

1925-nji ýylda Türkmenistanyň Geologlar komitetiniň baş geology I.Nikişin «Arçmanyň» suwunyň jikme-jik ylmy-barlag işlerini geçiripdir. Bu geçirilen barlaglar «Arçmanyň» suwunyň kesel bejermekdäki mümkinçiliklerini has doly açyp görkezipdir. Şolaryň netijesinde şypahananyň mümkinçiliklerinden has köp peýdalanyp başlapdyrlar. 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bolsa şypahanada diňe ýaraly esgerler öz saglyklaryny dikeldipdirler. 1946-njy ýyldan «Arçman» şypahanasy ilat üçin

täzeden işlemäge başlaýar. Onuň hyzmatyndan diňe bir Türkmenistanyň ilaty däl, eýsem, şol wagtky Sowet Soýuzynyň ähli respublikalarynyň ilaty hem peýdalanýar. Şeýlelikde, şypahananyň şöhraty halkara derejelere çykýar. Şypahananyň şöhratly taryhy, onuň suwunyň, tebigatynyň, ýerleşen ýeriniň aýratynlyklary barada men «Türkmenistan – melhemler mekany» diýen kitabymda has jikme-jik gürrüň beripdim.

Bu kitabymda bolsa meşhur «Arçman» şypahanasy hakynda ýene käbir zatlary ýatlap geçmegi makul bildim. Mukaddes Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň, «Arçmanyň» täze taryhy başlandy. «Arçman» hem beýleki jana şypa berýän, saglyga tenekar täsir edýän ýerlerimiz, ömri uzaldýan, derdi dep edýän melhemlik çeşmelerimiz bilen bilelikde, öz halkymyza, öz ýurdumyza hyzmat edip başlady.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda – 2009-njy ýylyň 28-nji noýabrynda geçirilen «Arçman» hem-de «Ýylysuw» şypahanalarynyň häzirki zaman sagaldyş merkezleriniň açylyş dabaralaryny aýratyn ýakymlylyk bilen ýatlaýaryn. Şol gün biz «Arçman» şypahanasynda 420 orunlyk

täze merkezi ulanmaga berdik. Ol ozal hereket edýän, 2 sany durky täzelenen, 5 gatly, 500 orunlyk binalaryň üstüni ýetirdi.

Şypahanada ähli amatlyklar döredildi. Oňa 7 kilometr uzaklykdan agyz suwy çekildi. Mundan başga-da, şypahananyň çäklerinde Saglyk ýoluny gurduk. Munuň özi adamlaryň saglygyny berkitmek işleriniň şypahananyň melhem suwy bilen bejerişiň, sportuň dürli görnüşleri bilen utgaşdyrylmagyny üpjün edýär. Häzirki wagtda «Arçman» dünýä ülňülerine laýyk gelýän, 920 orunlyk şypahana öwrüldi.

«Arçman» çeşmesiniň himiki düzümi boýunça kükürtli-hlorly-gidrokarbonatly, natrili--kalsili-magnili şypaly suwy bar. Ol gowşak aşgarlanan suwlar toparyna degişlidir. «Arçmanyň» suwy düzüminde magniniň uly mukdarynyň bolmagy bilen beýleki şunuň ýaly bejeriş häsiýetli suwlardan tapawutlanýar. Şypahanada bu suwy içmek, suwa düşmek, içegeleri ýuwmak üçin ulanýarlar. Özem «Arçman» şypahanasy şeýle şypaly suwy gözbaşdan alyp ulanýan ýeke-täk ýerdir. Bu ýeriň howasy hem özge ýerlerdäkiden üýtgeşik. Onuň ýokary derejede ionlaşan howasy bar. Bu ýagdaý çeşmäniň boýunda we onuň töwereginde has-da güýçli duýulýar.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

«Arçman» şypahanasynda bolanymda, onuň anyklaýyş we bejeriş bölümleriniň işi bilen hem gyzyklandym. Bu bölümlerdäki iki sany USB otagy, endoskopiýa otagy, rentgen otagy, fizioterapiýa bejergileri üçin otaglar, sagaldyş-bedenterbiýe, wulkan palçygyny ýüze ýapmak otagy, diş etine ýapgy ýapmak otagy, owkalaýyş otaglary şypahana gelýänlere hyzmat edýär. Suw bilen bejeriş bölüminde bejeriş wannasy, derman ösümliklerden wanna, içege ýuwulýan otag, aşgazan ýuwýan otag, suw pürkmek arkaly em edilýän otaglar, barlaghana, suw içilýän bölüm bar. Olaryň işiniň kadaly ýagdaýda ýola goýlandygyny bellemek gerek. Şypahanada öz işine ussat lukmanlar, hünärmenler işleýärler. Raýatlar ginekolog, stomatolog, newropatolog, gastroenterolog, iç keseller lukmanlarynyň hyzmatyndan peýdalanyp bilýärler.

Biziň lukmanlar we dynç alýanlar bilen edýän gürrüňimiz dürli dertlerine em gözläp, «Arçmana» gelýän adamlar hakyndaky söhbede syrykdy. Elbetde, adamlaryň haýsydyr bir şypahana barmazdan ozal, ol ýerde haýsy keselleriň bejerilýändigini bilmekleri gerek. Sebäbi her şypahananyň bejerýän dertleri bar.

«Arçman» şypahanasynda aşgazan-içege, bagyr, öt çykaryş ýollarynyň, daýanç-hereket synalarynyň, periferik nerw ulgamlarynyň keselleri, deri we ginekologik keseller bejerilýär. Esasan-da, gyzylödegiň dowamly gaýnaglamasy, dowamly aşgazan keselleri (gastritler), öt haltanyň we öt ýollarynyň keselleri, olaryň diskineziýalary, gepatit, kolitler, enterekolitler, babasylyň daşky we içki görnüşleri, aşgazanyň we onkibarmak içegäniň başly ýarasynyň ýiti däl döwri, ýüregiň işjeňliginiň bozulmagy (ýürek newrozlary), öte geçmedik ateroskleroz keseli, birinji derejeli gipertoniýa (ýüregiň we beýni gan aýlanyşygynyň bozulmalarynyň alamatlary ýok bolan ýagdaýynda), döreýşi dürli bolan (inçekeselden başgasy) dowamly guragyrylar, bogunlaryň keselleri (çiş bolmadyk ýagdaýynda), madda alyş-çalşygynyň bozulmagy zerarly dörän oňurga we bogunagyrylary (artritler), oňurgalara we bogunlara duz ýygnama keseli (osteoartroz), çakyza, kükrek we oňurgalaryň radikulidi, nerw ulgamynyň dowamly gaýnaglamasy, semizliginiň ýeňil we orta derejesi, klimaks zerarly döreýän näsazlyklar, neýrodermit, dowamly iteşen, gyzylendigan demrew, psoreaz, parapsoreaz, ýatgy we degişli dowamly keseller, aýbaşynyň bozulmalary bejerilýär.

«Arçman» şypahanasy ýylyň ähli pasyllarynda hem halkymyza hyzmat edip bilýär. Öýken, böwrek keselleri, süýjüli diabet (insuline garaşly ýagdaýda), witiligo, şeýle hem ýokarda agzalan keselleriň ýitileşen döwürleri, öt-daş we täze dörän howply çiş keselleri bolan näsaglara şypahana bejergisi çäklendirilýär. Şol sebäpli hökman lukmanlar bilen maslahatlaşmak, olaryň diýenlerini diňlemek, diňe şondan soň haýsy şypahanada dynç aljagyňy kesgitlemek gerek.

Şypahanada dynç alýanlar hem lukmanlar bilen, ine, şu zatlar barada söhbet edýän wagtym «Arçmanyň» Garaşsyzlyk ýyllarymyzdaky geçmişi bilen bagly ýatlamalara berlenimi duýman galdym.

Hormatly okyjym, olary seniň bilenem paýlaşmak isleýärin!

Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri wezipesinde işlän döwürlerimde ýurdumyzyň ähli ýerinde diýen ýaly ululy-kiçili önümçilik we senagat desgalary gurulýardy. Şonda «Arçmanda» hem täze önümçilik we senagat kärhanalaryny gurmak baradaky çözgüt kabul edildi. Elbetde, men bu çözgüt bilen ylalaşmadym.

Sebäbi senagat toplumlarynyň, dürli önümçilik kärhanalarynyň «Arçman» şypahanasynyň çeşmesine ýaramaz täsir etjekdigi bellidi. Ýöne muňa garamazdan, 1998–1999-njy ýyllarda bu ýerde gurluşyklar başlandy. Gurluşyk, senagat, önümçilik toplumlary bolan ýerde-de, düşnükli zat, ilkinji nobatda, suw gerek, munuň üçin bolsa dikguýulary gazmaly ýa başga ýerden suw çekmeli. Garaz, şonuň ýaly işler netijesinde, şypahananyň çeşmesiniň suw bermesi kem-kemden azalyp başlady. Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri hökmünde men bu işi öz gözegçiligime aldym. Şypahananyň ýolbaşçylaryna islendik üýtgeşme barada ministrlige dessine habar bermeklerini tabşyrdym. Ine, bir günem «Suw gelmesi kesildi, çeşmäniň gözi ýapyldy» diýip habar berdiler.

Dünýäde juda seýrek duş gelýän şeýle ajaýyp tebigy künjege, «Arçman» çeşmesine, diýmek, «Arçman» şypahanasyna hem ýok bolup ýitip gitmek howpy abandy. Elbetde, ilatly ýerlerde önümçiligem, senagat toplumlary hem gerek. Olar täze iş orunlaryny hem döredýärler, goşmaça girdeji hem getirýärler. Bu işler şol ýerde ýaşaýan ilatyň bähbidine gönükdirilýär. Ýöne

bu ýerde tereziniň bir tarapynda şol bähbit, beýleki tarapynda bolsa tutuş halkymyzyň saglygyny üpjün etmek bilen bagly mesele goýlupdy. Saglygy hiç bir baýlyk bilen satyn alyp bolmaýandygy belli zat. Şeýle bolansoň, haýal etmän bu işi düzetmek, «Arçman» şypahanasyny halkymyzyň saglygyny goramak üçin saklamak gerek diýen netijä geldim.

Men şypahananyň çeşmesiniň kesilmegine hut «Arçmanda» alnyp barylýan gurluşyk işleriniň sebäp bolandygyny ylmy taýdan esaslandyrmagyň zerurdygyny bilýärdim. Şonuň üçin işe hut şundan hem başladym. Bu işe degişli hünärmenleri hem goşduk. Biz şonda sebitiň ýerasty suwlary, çeşmeleri, Köpetdagyň etekleriniň tektoniki gurluşy baradaky örän köp maglumatlary topladyk, öwrendik, seljerdik, köp sanly deňeşdirmeleri geçirdik. Işleri tamamlap, gelen netijelerimizi öz göwnüme laýyk beýan etdim-de, Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowa hat ugratdym. Şol hat esasynda, Türkmenistanyň Prezidenti gurluşyklary togtatmaly diýen karara geldi. Netijede, gurluşyklar togtadyldy.

Şypahananyň çeşmesiniň gözbaşyny açmak meselesini men şondan soňam köp wagtlap

gözegçilikde saklamaly boldum. Sebäbi gurluşyk işleri bes edilen badyna suw öňki derejesinde akybermedi. Diňe şondan 2–3 ýyl geçensoň, şypahananyň çeşmesiniň gözbaşy açylyp, suw kadaly derejede akyp başlady. Bu waka bolsa halkymyzyň ählumumy bähbitlerinden ugur alyp, tebigy hem medeni baýlyklarymyzyň ykbalyna has eserdeň, has oýlanyşykly, aýawly garamalydygynyň ýene bir aýdyň mysaly hökmünde ýadymda berk orun aldy.

Meniň bu ýatlamalarymy şypahanada söhbetdeş bolan adamlarym uly gyzyklanma bilen diňlediler. Olar we şypahananyň ýolbaşçylary, lukmanlary «Arçman» şypahanasynyň diňe bir ýurdumyzyň çäginde däl, eýsem, sebitiň çäklerinde-de, tutuş dünýäde-de meşhurdygyny belleдiler. Bu ýere gelýänleriň sanynyň barha köpelýändigini, şeýle hem şypahanada bejergi almaga isleg bildirýänleriň sanynyň ýyl-ýyldan artýandygyny aýtdylar. Şol ýerde, «Arçmanda» ýene bir täze bina gurulsa, gowy bolardy diýen pikir orta atyldy. Söhbetdeşlerim täze bina gurup bermek baradaky ýüztutmalaryny hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa ýetirmegi menden haýyş etdiler. Men olara bu haýyşlaryny höwes bilen ýerine ýetirjekdigimi aýtdym.

Ildeşlerimiz, halkymyz «Arçmanda» täze binanyň gurulmagyny isleýär. Halkyň islegi – döwletiň islegi. Adamlaryň şypahananyň çägini giňeltmek baradaky haýyşlary döwletimiz tarapyndan bitiriler. Nesip bolsa, şypahananyň we onuň mineral suwunyň mümkinçilikleri ylmy taýdan ýene-de bir gezek düýpli öwrenilip, gelnen netijä laýyklykda, bu ýerde 200 ýa-da 400 orunlyk täze bina gurlar. Bu bolsa gözbaşy täzeden açylan «Arçman» çeşmesiniň, şypahananyň mümkinçiliklerini has giňeltmäge, ýene-de müňläp-müňläp ynsanlaryň saglyklaryny dikeltmäge mümkinçilik berer.

Bejergä mätäç çagalar bilen duşuşygyň täsirleri

Çagalar baradaky hemmetaraplaýyn alada, olaryň beden hem-de ruhy taýdan sagdyn ösüp ýetişmekleri üçin amatly şertleri döretmek, ýaş türkmenistanlylaryň bilime, saglygy goraýşa bolan hukuklaryny üpjün etmek we beýleki köp sanly aladalar Türkmenistan döwletiniň amala aşyrýan durmuş maksatly syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

Çagalaryň abadan hem-de bagtyýar durmuşyna gönükdirilen tagallalar, ilki bilen, Watanymyzyň geljekki ykbaly, onuň mynasyp hem-de nurana ertiri üçin biziň belent jogapkärçilik çekýändigimizden gelip çykýar. Ýaş nesil hakyndaky alada, bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak üçin başlangyç şertleri döretmek häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň durmuş hem-de ruhy sagdynlygyny,

onuň ruhy-ahlak ýörelgeleriniň dowamat bolmagyny kesgitleýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem ýurdumyzda çagalaryň sazlaşykly ösüşini ýola goýmak, şol bir wagtyň özünde enäniň we çaganyň saglygyny goramak we berkitmek ugrunda döwlet tarapyndan yzygiderli alada edilýär.

Biz 2015-nji ýylda Aşgabatda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezini açypdyk. Ýedi gatdan ybarat bolan merkez 670 orunlyk bolup, onuň 28 bölümi bar. Men Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkeziniň işi bilen has ýakyndan tanyşmak üçin oňa baryp gördüm. Merkeziň bölümlerinde bejergi alýan çagalara degişli lukmançylyk hyzmatlarynyň berlişi, aýratyn-da, dogabitdi ýürek kemislikleri bolan hassa çagalary operasiýa taýýarlamak we operasiýadan soňky döwürde geçirilýän dikeldiş çäreleri, daýanç-hereket ediş keseli zerarly ejir çekýän çagalara lukmançylyk kömeginiň berlişi boýunça alnyp barylýan işler hem-de merkeziň beýleki mümkinçilikleri bilen gyzyklandym.

Elbetde, ýurdumyzda ýürek operasiýasyna mätäç çagalar bar. Häzirki döwürde bu çagalary bejermek

üçin iň täze we netijeli «AORTIC» serişdeleri ulanylýar. Bejergi alýan çagalar üçin zerur bolan serişdeler ýeterlik. Operasiýa geçirilýän enjamlar bolsa häzirki zamanyň iň kämil enjamlarydyr. Olarda çylşyrymly bejergi işlerini amala aşyrmak üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän mümkinçilikler bar. Bu enjamlaryň kömegi bilen ýüregi açmazdan, az şikesli endowaskulýar operasiýalaryny geçirmek mümkinçiligi bar. Operasiýadan soňky döwürde çaganyň saglygy dikelip, gysga wagtyň içinde ol adaty durmuşa gaýdyp gelýär.

Çagalaryň ýürek keselleriniň öňüni almak boýunça amala aşyrylýan toplumlaýyn bejergileriň häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelmegine, lukmanlaryň bolsa hünär taýdan yzygiderli kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär. Bejergi alýan çagalar üçin döwlet derejesinde alada edilýär, ýola goýulýan lukmançylyk hyzmatlarynyň has netijeli bolmagy üçin zerur serişdeler gönükdirilýär.

Ýöne ösüp gelýän ýaş nesillerde şeýle keselleriň döremeginiň ene-atalaryň saglyk ýagdaýyna baglydygyny we daşarky ýaramaz täsirleriň netijesidigini bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde ýurdumyzda sagdyn

durmuş ýörelgeleriniň berkidilmegi, aýratyn-da, eneleriň saglygynyň degişli derejede saklanmagy ugrunda zerur tagallalar edilýär. Ilki bilen, eneleriň saglygynyň berkidilmegi wajypdyr. Sebäbi sagdyn ene bolmasa, sagdyn çaga bolmaz.

Aslynda, hemişe-de çagalar bilen bolýan duşuşyklar ýatda galýar. Olaryň gyzykly gürrüňlerini diňlemek ýakymly. Operasiýa edilmegine taýýarlyk boýunça lukmançylyk hyzmatlaryny alýan çagalar, operasiýa taýýarlanylýan çagalar, merkeziň çagalar üçin ýöriteleşdirilen bölüminde dürli oýunlar arkaly çaganyň irki ösüşi boýunça lukmançylyk kömegini alýan çagalar we olaryň ene-atalary bilen duşuşygym hem örän täsirli boldy. Çagalar goşgy aýdyp berdiler. Olaryň ene-atalary bolsa lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejede ýola goýlandygyny beldediler we nesilleriň saglygy, olaryň sazlaşykly ösüşi ugrunda döwlet derejesinde yzygiderli alada edilýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler. Bu ýerde çagalaryň saglyk ýagdaýyny barlamak we keselleri anyklamak hem-de degişli bejergi çärelerini kesgitlemek üçin ornaşdyrylan enjamlaryň dünýäde iň täze barlag enjamlarydygyny nygtap, alkyş sözlerini Türkmenistanyň Prezidentine ýetirmegi haýyş

etdiler. «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary baş ýörelge edinýän döwlet syýasatymyzda adamlaryň saglygy, olaryň bagtyýar durmuşy baradaky alada möhüm orun eýeleýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda hem jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamyň saglygy hem-de abadançylygy diýlip kesgitlenendir. Şonuň üçin ýurdumyzyň her bir raýatynyň arkasynda dag ýaly bolup döwletimiz durandyr, halkymyz üçin ähli mümkinçilikler döredilendir, adamlaryň her biri şol mümkinçiliklerden peýdalanmaga hem haklydyr, hem hukuklydyr.

Şu ýerde halkymyzyň häsiýetiniň, dünýägaraýşynyň esasy sütünleriniň biri bolan ilatyň goldawa has mätäçlerine durmuş taýdan goldaw bermek däbi hakynda pikirlerimi paýlaşmagy ýerlikli hasapladym.

Häzirki wagtda bu ynsanperwer däp çaganyň kanuny bähbitlerini üpjün etmegiň we goramagyň hukuk kepilliginiň toplumlaryny, şonuň ýaly-da, ýetim çagalaryň jemgyýetde öz ornuny tapmaga, olary özbaşdak durmuşa taýýarlamaga gönükdirilen ykdysady we anyk ugurly çäreleri öz içine alýar.

Biz Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ösüp gelýän ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak,

howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek, olaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy hem-de olarda belent ynsanperwerlik häsiýetleriniň kemala gelmegi üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, ýörite haýyr-sahawat gaznasyny döretdik.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Merkezi bankynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite Karary esasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň milli we daşary ýurt pullarynda hasaplary açyldy.

Haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan eýýäm giň möçberli, netijeli işler durmuşa geçirildi. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň etrap hem-de şäher hassahanalarynyň çagalar bölümleri üçin täze, döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen «Tiz kömek» awtoulaglarynyň berilmegi munuň aýdyň mysalydyr.

Paýtagtymyzdaky we welaýatlardaky degişli lukmançylyk edaralarynda howandarlyga mätäç näsag çagalara dürli operasiýa bejergilerini geçirmek üçin haýyr-sahawat gaznasyndan serişde bölüp bermek hakynda çözgütler kabul edildi.

Elbetde, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyndan Aşgabatdaky Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezinde bejergi alýan çagalar üçin hem ABŞ-nyň 400 müň dollary möçberdäki pul serişdesini goýbermek barada çözgüde geldik. Bu iş geljekde-de dowam etdiriler. Bu gaznanyň howandarlygyndaky çagalaryň bilim almagy, olaryň ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edilmegi bilen bagly meseleler hemişe-de döwletiň üns merkezinde bolar.

Bu gazna raýatlarymyz hem öz şahsy serişdelerinden yzygiderli gatançlary geçirýärler. Biziň şeýle başlangyjy öňe sürmegimiz «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgäniň täze röwüşde ýüze çykmasyna öwrüldi. Beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň ündän ýörelgeleri türkmen jemgyýetinde hemişe-de berjaý edilipdir. Onuň aşakdaky setirleri bolsa jemgyýetimiziň esasy ýaşaýyş kadalarynyň birine öwrüldi:

Ýetimi göreňde, güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Bir gamly göreňde, şirin söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

3 *

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Halal gazanjyň belli bir möçberini haýyr-sahawata bagyşlamak – türkmençilikde öňden unalýan, ündelýän ýörelge. Hut şeýdilende, saçagyňa, rysgyňa bereket inýändigine berk ynanylypdyr. Aslynda, «bereket», «bermek» sözleriniň äheňi-de, mazmuny-da biri-biri bilen berk baglydyr.

«Sahawat», «Ýagşylyk» düşünjeleri barada oýlanyp gördüňizmi? Ýagşylyk her birinde ýüz däne bolan ýedi baş sümmül mysalyndadyr. Ýagşylygyň tohumy barha köpelmek, ýaýramak bilendir. Her ýerde-de ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap berilýändir. Ýöne «Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir» diýýän türkmeniň ýörelgesi has üýtgeşikdir.

Sahawat bolsa abraýyňy arşa göterýän, sogaby bimöçber amallaryň hataryna degişlidir. Aýtmaklaryna görä, köki Zemininiň çuňluklarynda, şahalary göge diräp duran bir daragt bolarmyş, onuň saýasy-da, miwesi-de dermanmyş. Zemin özüniň ynjalygyny, asman özüniň asudalygyny şonuň üsti bilen gazanarmyş. Onuň haýry-höziri yns-jynsa, guş-gumra-da ýetermiş. Bu daragta arka diränleriň abraý-mertebesi arşa sary ýokary galarmyş. Oňa «Sahawat daragty» diýler ekeni.

Ýagşylyk, haýyr-yhsan, sahawat, delalat – bular ýüreklerde ýagşy täsirleri oýarýan düşünjelerdir. Halky bezeýän, milleti beýgeldýän häsiýetlerdir. Haýyr-sahawat, ýagşylyk etmek bolsa türkmen halky üçin ýaşaýşyň ýörelgesine, mertebäniň mizan terezisine öwrülendir.

Ynsan bezegi üçin ýüzlerçe ýagşy häsiýetler bar. Gowy häsiýetleriň içinde hem iň gowularynyň biri ýagşylyk etmek, birini begendirip bilmekdir. Bu garaýyş halkymyzyň aňyna hem-de däbine şeýle bir siňipdir, durmuş tejribelerine parasat nazary bilen garaýan halkymyz ony ýagşylygy ündeýän düşünjeleriň süňňüne ymykly ornaşdyrypdyr. Döwletliligiň aýrylmaz kadasy hökmünde kabul edipdir. Nesillerini hem şol ruhda terbiýeläpdir.

Ata-babalarymyzyň il bilen bolmak, birek-birege kömek etmek, dertli gününde derdini, begenen gününde şatlygyny paýlaşmak ýörelgeleri halkymyzyň baý durmuş tejribesinden, nusga alarlyk medeniýetinden habar berýär. Ýagşy işleri ündemegiň, wagyz etmegiň aňyrsynda nähili uly bähbitleriň bardygyna çuňňur düşünmek islesek, pederlerimiziň ürç edip okan eserlerine salgylanmak ýeterlik.



Ýagşylykdyr haýyr-yhsan etmegiň, sadakadyr zekat bermegiň şahsy, jemgyýetçilik hem-de ykdysady bähbitleri barmak büküp sanardan köp:

Ýüregiň bitakat bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!
Dert basmarlaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!
Işiň ugrukmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!
Zehiniň açylmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!
Dilegiň kabul bolmaýan bolsa, sadaka ber, ýagşylyk et!



Bu setirleri ýene-de uzaldyp bolardy. Ata-baba asylly ýörelgelerimizde haýyr-yhsan etmek, başardygyňdan sahawatly bolmak maşgala agzybirligini, işleriň öňe ilerlemegini üpjün edýän, hatda göz-dilden, howp-hatardan, bela-beterden goraýan iň netijeli ýol hasaplanylýar. Haýyr-sahawatly bolmagyň iň hikmetli taraplarynyň biri-de şu: biz özgelere ýagşylyk etmek arkaly öz durmuşymyzyň hem has gowulaşmagyny gazanýarys.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Gadymy eserlerde «Ýarawsyzlyk, ejizlik hassa-mätäçler üçin däl-de, eýsem, olaryň töwereginde gezip ýören sagdyn adamlar üçin has uly synagdyr. Beýlekileriň ykbalyna duýgudaş bolmak ýa-da bolmazlyk adamkärçilik mertebesini kesgitleýän guraldyr» diýen sözler bar.

Ynsan ykballary birmeňzeş bolmaýar. Bagtly adamlar köp, ýöne durmuş synaglaryna duçar bolýan, ejiz, ýarawsyz ýa-da ata-enäniň mährinden ir galyp, durmuşyň ajysyny datmaly bolýan ynsanlar hem bar. Şonuň üçin hem ejizi, ýetim-ýesiri goldamak, oňa eliňden gelen kömegiňi berip, ýardam etmek ýaly adamkärçilik ýörelgesi biziň üçin kada öwrülipdir.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy ata-babalarymyzyň şol asylly ýörelgeleriniň gaýmagyny özünde jemleýär. Kömege, mähre mätäç çagalara hoşgylaw bakmak, olaryň aladasyny etmek, il hataryna goşmak, olary jemgyýetçilik terbiýesi bilen gurşamak türkmen halkyna mahsus milli däpleriň biridir.

Müňýyllyklara uzaýan şöhratly geçmişimizde ata-babalarymyzyň hem hut şeýle hörpden gopandygyny teswirleýän, tassyklaýan taryhy maglumatlar bar. Olaryň käbirini okyjym bilen paýlaşmak isleýärin.

Beýik Gaznalylar, Garahanlylar, Seljuklylar, Horezmşalar, Memluklar, Osmanlylar, Akgoýunlylar we Garagoýunlylar, Deli soltanlygy, mahlasy, türkmen halkynyň döwlet guran ähli giňişliklerinde ýardama mätäç çagalara hemaýat etmek, olary kemala getirmek iň haýyrly hem-de sogaply amallaryň biri hasap edilipdir. Olar üçin mümkin bolan şertleri döretmek gözden salynmandyr. Üstesine, şeýle ynsanlara ýardamda bolmagyň haýyrsöýer ynsanlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has gowulaşmagyna sebäp bolýandygyna, rysgal-bereketleriniň köpelip başlaýandygyna ylmy esasda göz ýetiripdirler. Haýyr-sahawat hikmetini Arşdan ýollanan we her ynsanyň bagtly bolmagy, ýalkanmagy üçin iň gowy mümkinçilik hökmünde görüpdirler.

Il içinde «Sadakanyň kabul bolmagy», «Sadakanyň ýerine düşmegi» ýaly düşünjeler bar. Gözüň ýetip duran ýerine haýyr-yhsanda bolmak, ýagşylyk etmek derwaýys. «Ýaşyryn sadakalaryň sogaby bolsa açyk-äşgär berilýän sadakalardan ýüz-müň esse haýyrly hasaplanylýar» diýýärler.

Ata-babalarymyzyň ürç edip okan «Bereket kitaby» atly eserinde: «Köp sadaka bermek, sahy-jomartlyk, mal-mülküňi, puluňy ýagşy zatlara

harç etmek berekediň zyýada bolmagyna sebäp bolýar» diýlip ýazylan. «Ýagşy ýollara sarp eden her bir zadyňyzyň deregine Perwerdigär şondan gowusyny hem-de birnäçe essesini eçiler», «Sadaka rysgaly giňeldýär», «Haýyr-sahawat, sadaka ömrüňi we baýlygyňy zyýada edýär», «Sadaka beriň – Hakyň ryzasyny gazanyň! Bir-biregiň synyk göwünlerini seýikläň, ýardam edişiň, arkalaşyň, şeýtseňiz, Biribar size bol-bol rysgal berer», «Sadaka baýlyklaryň berekedidir» diýen ýaly köp sanly çuňňur manyly sözler bar.

Häzirki döwrümizde beýik amallaryň rowaç bolýan ýurdunda hem bu zatlaryň hakykatyna akyl ýetirmek kyn däl. «Sahawat sagadata sebäp» (sagadat – bagtyýarlyk) sözi biziň berkarar döwletimiz babatda doly ýörgünli.

Şeýle parasatly jümlelere uýup gelen pederlerimiz hem bu paýhaslary amallary bilen utgaşdyrypdyrlar. Seljuklar zamanynda türkmen halky ummasyz baýap, haýyr-sahawat işleri görlüp-eşidilmedik derejede ösüpdir. Seljuk şalary, wezirler, gaýry uly wezipede işleýän adamlar, uly baýlar öz gazanjyna uly-uly metjit-medreseler, mekdepler, kitaphanalar, hassahanalar gurdurypdyrlar. Dürli ýerlerde sadaka atylýan, sadaka alynýan sandyklar bolupdyr. Baý

adamlar baýlygyndan goýup gaýtsalar, mätäçligi bolanlar geregini alypdyrlar. Şeýle mysallary taryhyň dürli döwürlerinden, dürli sahypalaryndan tapyp bolýar.

Memluk türkmenleri döwründe mähre hem-de ýardama mätäç çagalar ýörite alada bilen gurşalypdyr. Olaryň sagdynlygy üçin şol wagtlar «Bimarystan» ady bilen meşhur bolan saglyk merkezleri bina edilipdir. Ol ýerde diňe syna sagdynlygyny däl, eýsem, ruhy hassalyklary bejermäge hem aýratyn uly üns berlipdir. Her bir çaganyň jemgyýete, köpçülige goşulyp gitmegi üçin tagalla edipdirler. Hat-ýazuw öwrenmegini, sowatly bolmagyny hem gazanypdyrlar. Bu işler döwlet bilen bilelikde raýatlaryň haýyr-sahawatynyň hasabyna amala aşyrylypdyr.

Taryhda jomartlygy bilen meşhur bolan türkmen alymlarynyň, akyldarlarynyň, soltanlarynyň terjimehalyny ýa-da ýazan, diýen sözlerini okanyňda, haýyr-sahawat etdigiňçe, berdigiňçe, berekediň köpelip gidýändigini tassyklaýan maglumatlara näçe diýseň, duş gelip bolýar.

Sahawaty, jomartlygy bilen at-abraýy yklymlarda meşhur bolan Abdylla ibn Mübärek gazanjynyň belli bir bölegini haýyr-yhsan işlerine bagyş eder ekeni. Wezir Ahmet ibn Tolun bolsa her aýdaky gazanjynyň agramly bölegini syrgynma-syrgyn aýlanyp, mätäç

adamlara elin gowşurdar ekeni. Dessanlardyr nusgawy eserlerimizde ady jomartlyga ýanalýan Hatam Taý elinde baryny haýyr-yhsan edip paýlar ekeni, köp wagt geçmänkä, paýlan mukdarynyň iki essesine barabar gazanjy artar ekeni. Ýene bir jomart ildeşimiz gazanjyny des-deň üçe böler ekeni: bir bölegini öz maşgalasyna harçlapdyr, ýene bir bölegini işleriniň gerimini giňeltmek üçin peýdalanypdyr, üçünji bir bölegini bolsa haýyr-sahawata paýlapdyr. Has täsin ýeri, ýagşy zada näçe köp sarp etse, haýyr-sahawata gönükdirse, oňa pikir edýän we pikir etmeýän ýerlerinden esse-esse gazanç-girdeji gelýän ekeni.

Sahawatlylyk, gazanjyňy ýagşy zada sarp etmek hakdaky düşünjeler rowaýatlarda has köp teswirlenilýär. Rowaýatlara görä, bir perişde barmyşyn. Bu perişde gije-gündiz: «Eý, Perwerdigärim, puluny ýagşy zada sowýanlaryň, haýyr-yhsana sarp edýänleriň öwezini iki esse edip dol! Özüne, zerurlygyna ýa-da ýagşy zada dözmeýänleriň, gysylyp oturanlaryň bolsa pulunyň berekedini, hümmetini aýyr!» diýermişin. «Haýyr-yhsan edeniňiz, sadaka bereniňiz bilen baýlygyňyz egsilmez, gaýta artmak bilen bolar» diýen paýhasly söz bar. «Beren eliň berekedi artar» diýen pähimli sözüň süňňünde durmuş hakykaty we

ömrüň bereketi bar. Onsoňam, «Baý bolandygy üçin berenoklar, berýändikleri üçin baý bolýarlar» diýen sözem halk arasynda has ýörgünli. Haýyr-sahawat etmegiň, sadakadyr zekat bermegiň girdejileri has artdyrýandygy, täze pikirleri, täze mümkinçilikleri döredýändigi diňe öten zamanlaryň eserlerini däl, eýsem, adaty durmuş kyssalaryny hem bezeýär.

Rowaýatlara görä, ýedi gat asmanyň ýokarsyndan arşa sary uzalyp gidýän rysgal gapysy hemişe açykdyr. «Şol hazynadan her bendäniň niýetine, sahylygyna, ýagşy zatlara sarp edişine, harç edişine görä eçilip durulýar, rysgal paýy ýetirilip durulýar. Kim zerur-ýagşy zatlardyr haýyr-yhsan üçin köp harçlasa, Biribar oňa şondan hem has köpüsini eçiler. Kim gysylsa we az sowmaga dyrjaşsa, Biribar hem oňa az eçiler. Kim hiç zat bermese, eçilmese, Biribar hem oňa eçilmän saklanar».

Rowaýatlara görä, işi diýşi ýaly bolubermeýän bir ýigit delalat-haraý isläp, bir piriň bosagasyndan ätläpdir. Maslahat sorapdyr. «Ýanyňda näçe teňňäň bar?» diýip, pir sowal bilen ýüzlenipdir. «Üç teňňe» diýip, ýigit jogap beripdir. «Gündelik azyk-owkatyňa näçeräk harç edýäň?» diýende, ýigit: «Bir teňňe ýeterlik bolýar, ýöne men ýarym teňňe bilenem oňňut edýän» diýipdir. Pir agras nazaryny ýigide aýlap: «Diňle, ogul, birinjiden, gurbuň ýetdiginden



her gün sadaka bermäge endik et. Ikinjiden, ertiri gaýgy etme, şu günüňe ýetýän bolsa gysylman iýip-iç. Üçünjiden, haýyr-yhsan etseňem, sadaka berseňem, özüňe ýa maşgalaňa dözseňem, hiç gysganmagyn. Gysganyp sowsaň, berekediň ýer bagyrtlan düýä döner, hiç eýigip bilmersiň. Gerek ýerinde gysganman sowsaň, gursagyň giň bolsa, rysgalyňam giň bolar. Işiňi ugrukdyrmaýan esasy sebäpleriň biri husytlygyň, hatda özüňe harçlamaga hem gysganýandygyň» diýip, oňa düşündiripdir.

Taryhy maglumatlara görä, türkmenler orta asyrlarda hem özleriniň jomartlygy, haýyr-yhsana





döwtalaplygy bilen meşhur bolupdyrlar. Zeňňi türkmenleri, Memluk türkmenleri döwründe Käbä barýan hajylaryň teşneligini gandyrmak hem-de olaryň çöl-beýewanda suwsuzlykdan heläk bolmazlygy, azaşmazlygy üçin ýol ýakalarynda, belli-belli menzillerde ýany suw meşikli ýa-da çelekli atly-düýeli türkmen ýigitleri hereket eder ekenler. Bu hakda Ýusup ibn Taňryberdiniň «Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar» atly eserinde ýatlanylýar.

«Mätäç dost-doganlaryňyza kömek edýän mahalyňyz Biribar hem size kömek eder durar» diýen pähimli söz bar. Şonuň üçin ir döwürdäki eserlerde

işleriň ugrukmagy, rowaçlanmagy, rysgalyň açylmagy, bagtyň oýanmagy, berekediň köpelmegi ýa-da eşretli durmuşyň dynuwsyz dowam etmegi ýaly zatlar üçin, köplenç halatda, meýletin haýyr-yhsan etmek, ak ýürekden ýagşylyk etmek maslahat berlipdir.

Haýyrsöýer, sahawatly bolmak eý görlüpdir. Hut şonuň üçinem Magtymguly Pyragy:

Ýabandaky suwsuz aryga ogşar,
Her kimiň sahawat-haýry bolmasa

– diýmek bilen, haýyr-yhsandan, sahawatdan gaça duryan ynsanlary çöl-sähralykdaky suwsuz aryga meňzedipdir. Her kim teşne mahaly, ýagny kömege mätäç wagty arykda suw bardyr umydy bilen barsa-da, onuň gurandygyny görüp, lapykeç yzyna dönjekdiklerini ýaňzydypdyr.

Uzak geljege gönükdirilen maksatlaryň hem-de eýýäm bu ugurda amala aşyrylýan tagallalaryň beýikdigi ýerine ýetirilýän işleriň mysalynda has-da aýdyň şöhlelenýär. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat etmek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasyny biz Arkadag şäherinde ýerleşdirdik. Haýyr-sahawat gaznasynyň uly geljegi bar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Arkadag şäheriniň çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, şol sanda edara binasynyň, 150 orunlyk çagalar bagynyň, 100 orunlyk ýatylýan binanyň



we çagalar sagaldyş merkeziniň, awtoduralgalaryň haýyr-sahawat gaznasyna berkidilmegi döwletli ýörelgäni dowam etdirýän gaznanyň alyp barýan işleriniň gerimini barha giňeltmäge mümkinçilik döredýär. Işleri has-da döwrebaplaşdyrmak hem-de kämilleşdirmek maksady bilen, haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda gaznanyň Esaslandyryjysy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän, ýedi agzadan ybarat bolan Ýaşulular geňeşini hem döretdik.

Ýaşulular geňeşiniň agzalary hossarsyz galan çagalary ogullyga ýa gyzlyga almak, olara at, familiýa bermek ýaly birnäçe meseleleriň çözgüdini tapýarlar we şu meseleler boýunça degişli resminamalary kabul edýärler. Şunda olar Türkmenistan döwletinde çaganyň hukuklaryny goramak boýunça kabul edilen kanunlardan, degişli resminamalardan, ozaldan gelýän milli ýörelgelerden ugur alýarlar. Netijede, şol

çagalaryň özlerini hossarly duýup, jemgyýetimizde öz orunlaryny tapmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

Türkmenlerde çagany ogullyga ýa-da gyzlyga almak däbi gadymyýetde-de bolupdyr. Ata-babalarymyz bu däbi milli ýörelgelerimize esaslanyp berjaý edipdirler. Olaryň mysallary bolsa milli edebiýatymyzda-da, taryhy resminamalarda-da näçe diýseň bar. Milli edebiýatymyza, taryha ser salsaň, Togrul beg Alp Arslany ogullyga alýar, Görogly beg Öwezi ogullyga alanda, milli däp-dessurlar berjaý edilýär.

Bu baradaky täsin maglumatlara Aleksandr Lomakiniň 1897-nji ýylda ýazan ýazgylarynda hem gabat gelinýär. Onda ogullyga ýa gyzlyga almak bilen bagly düzgünler beýan edilýär.

Aslynda, türkmen jemgyýetinde çagany hossarsyz galdyrmandyrlar. Dürli sebäplere görä ata-enesinden jyda düşen çaga, ilki bilen, onuň ýakyn garyndaşlary, olar ýok bolsa, daşgynrak garyndaşlary hossar çykypdyrlar. Hiç hili garyndaşy tapylmadyk ýagdaýynda bolsa, oba kethudasynyň, oba ýaşulularynyň maslahaty bilen, çagany obada sylanýan, barly adamlaryň biri hossarlyga alypdyr. Şunda olar ogullyga ýa gyzlyga alnan çagany öz çagalaryndan aýry tutmandyrlar. Ýetim çaga eýe çykýan adam gelen netijesi barada oba ýygnagynda öz obadaşlaryna habar beripdir we şu mynasybetli sadaka beripdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY





Beýik başlangyçlar ösüşiň täze tapgyryna ynamly hem-de ymykly aralaşmaga mümkinçilik berýär. Döwletimiz tarapyndan bina edilen döwletlilik ýol-ýörelgesi, başy başlanan beýik tutumlar, ýetilen sepgitler şöhratly taryha eýe bolan mukaddes topragyň üstünde işleriň has rowaç bolmagyna ýardam eder. Döwletliligimiziň ähli sütünleri döwrebap we kämil röwüş aldy. Ähli döwürleriň hem-de döwletleriň iň arzyly maksady bolan haýyr-sahawatlylyk, ýagşylyk etmek däbi döwletimizde mukaddes ýörelgä öwrüldi.

Haýyr-yhsan, ýagşy işler, salyh amallar adamyň ýüregine giňlik salýar. Geljegine, ýörejek ýollaryna nur çaýýar.

Haýyr-sahawat ebedi we eçildigiňsaýy öwezi esseläp dolýan hazyna. Berekede gönezlik. Ynsanperwerlige maýa. Pederlerimize, milletimize mahsus aýratyn we ajaýyp häsiýetleriň biri. Her kim



yhlasynyň mukdarynda bagtly bolup biler, emma döwletli adam hasap edilmek üçin sahawatly bolmak baş şert saýylypdyr.

Sahawat ýoly – türkmeniň ýoly.

Bu ýol «Döwletiň sütüni dört zatdadyr: adalatlylyk, sahawatlylyk, rehim-şepagatlylyk hem-de parasatlylyk» diýýän Oguz hanyň ýoludyr.

«Sahawat Taňrydan ýagşy ülüşdir» diýýän Döwletmämmet Azadynyň ýoludyr.

Bu ýol alyp barýan ynsanperwer syýasaty bilen ady äleme dolan Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistan döwletiniň ýoludyr.

Ýaşlar bilen duşuşyklar

Biz ýurdumyzda döwlet ýaşlar syýasatyny amala aşyrmaga, bu ulgamda milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmäge aýratyn üns berýäris. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň teklibi boýunça «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşini kabul etdik. Bu örän jogapkärli hem möhüm işdi, şonuň üçinem men ýaşlar hakyndaky Kanunyň taslamasyny işläp düzmek ugrunda alyp baran işlerimiz barada okyjylar bilen pikir alyşmagy ýerlikli hasaplaýaryn. Sebäbi bu Kanun ýaşlar hakynda bolsa-da, ol jemgyýetimiziň dürli ýaşdaky ynsanlaryna hem degişlidir, olaryň hem bähbitlerini araýandyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz «Halkyň Arkadagly zamanasy»

diýlip yglan edilen ýyly şanly wakalara hem-de zähmet üstünliklerine besledi. Biz ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün edýäris. Elbetde, şunda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň biziň ähli ösüşlerimiziň, şöhratly üstünliklerimiziň binýadydygyny ýatdan çykarmaly däldiris.

Ýurdumyzyň demokratik, hukuk we dünýewi döwlet gurluşynyň binýatlaryny yzygiderli berkidýäris. Ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak, döwletimiziň dünýä bileleşigindäki ornuny pugtalandyrmak boýunça ägirt uly işleri amala aşyrýarys. Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň iň täze taryhyna şöhratly sahypalary ýazýarys.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda ykdysady özgertmeleri üpjün edýän maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Biziň geçirýän düýpli özgertmelerimiz ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Ýurdumyzda täze obalary, şäherdir etraplary, ýaşaýyş jaý toplumlaryny, mekdeplerdir çagalar baglaryny,



ýollary hem köprüleri guryarys, döwlet dolandyryşyny kämilleşdirýäris.

Bagtyýar zamanamyzda alyp barýan ajaýyp işlerimiz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagyna, ýaşlarymyzyň sagdyn, bilimli bolup ýetişmeklerine gönükdirilendir. Ýurdumyzda ýaş nesil barada döwlet derejesinde edýän aladalarymyz özüniň oňyn netijelerini hem berýär.

Ata-babalarymyzyň ruhy gymmatlyklaryny özünde jemleýän binýada esaslanýan ýaşlar barada döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýäris. Şonuň netijesinde Watanymyza, halkymyza, ajaýyp milli däp-dessurlarymyza wepaly, bilim we terbiýe almaga, sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli, ruhubelent ýaşlar kemala gelýär.

Häzirki bagtyýar döwrümiziň ýaşlary ertirki gün ýurdy beýgeltjek, türkmen döwletini gülletjek oglan-gyzlardyr. Ýaşlaryň joşgunly hyjuwy, Watana bolan söýgüsi, halal zähmete yhlasy, şu güne buýsanjy, röwşen geljege ynamy, dostluga, söýgä bolan sarpasy,

sagdyn durmuş kadalaryna ygrarlylygy täze taryhy zamananyň beýanynda öz synmaz ornuny tapýar.

Türkmen ýaşlary Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň geljegidir. Ýaşlaryň ruhy we beden taýdan sagdynlygy, hünärli, kämil şahsyýet bolmagy, döredijilik ukyby we pikirlenmek başarnygy jemgyýetimiziň kämilleşmegine hem-de döwletimiziň ösüşine uly itergi berýän güýçdür.

Türkmenistanyň kanunçylygy jemgyýetimizde şeýle möhüm orun eýeleýän ýaşlaryň durmuş-ykdysady we syýasy hukuklaryny doly goraýar. Ýöne biz ähli ugurlarda hem kanunçylygy has-da kämilleşdirmek işlerini dowam etdirýäris. Biziň öňümizde durýan esasy wezipeleriň hatarynda döwletimiziň kuwwaty hasaplanylýan ýaşlarymyzyň nurana geljegi hakyndaky alada hem bardyr.

Islendik döwletiň ykdysady kuwwaty diňe bir tebigy baýlyklar bilen däl-de, eýsem, ýetişdirip bilýän kämil nesilleri bilen kesgitlenilýär. Türkmenistan hem bu ugurda kuwwatly döwlet diýip arkaýyn aýdyp bileris. Biziň ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap bilim almaklary, hünärlerini kämilleşdirmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredildi.

Bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmegiň, ösüşiň ýokary depginlerini gazanmagyň möhüm şerti hökmünde ähli ulgamlarda sanly tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Biz bu ugurdan ýaş hünärmenleri taýýarlamaga uly ähmiýet berýäris. Sebäbi innowasiýalar, häzirki zaman ylymlary, nanotehnologiýalar, sanly ulgam adamzat jemgyýetini öňe alyp barýar.

Ýaşlarda Watana, merdana halkymyza we şöhratly taryhymyza buýsanjy, ylym-bilime höwesi artdyrmak, olaryň dünýä ülňülerine laýyk gelýän, ylmyň soňky gazanan innowasion, sanly tehnologiýalaryndan oňat baş çykarmagyny gazanmak, döwrebap bilim almagyny üpjün etmek, ýaşlara «Watan» diýen beýik düşünjäniň mukaddesdigini düşündirmek, ony gözüň göreji ýaly goramagy we ýürekden söýmegi terbiýelemek Türkmenistanyň ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň özeni bolup durýar.

Kämil şahsyýet bolup ýetişmekde, adamzada mahsus bolan duýgynyň ilkinjisi ata Watana, ene topraga bolan söýgüdir. Watansöýüjiligiň ýüze çykmasy halal zähmetiň bilen Watanyň şan-şöhratyna mynasyp goşant goşmakdadyr.

Ruhy taýdan sagdyn, hemmetaraplaýyn terbiýeli we bilimli ýaş nesli kemala getirmek wezipesi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem möhüm meseleleriň biridir. Ýurdumyzy mundan beýläk-de durmuş-ykdysady taýdan durnukly, hemmetaraplaýyn ösdürmekde hem-de onuň dünýä giňişligindäki abraýyny pugtalandyrmakda ýaşlaryň ägirt uly orny bar. Hut şonuň üçinem ýaşlar syýasaty döwlet strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Ýaşlar syýasatynyň esasy maksady ýaş nesliň kemala gelmegine, şahsyýet hökmünde ösmegine, olaryň aň-paýhas, döredijilik hem-de ruhy mümkinçiliklerini jemgyýetimiziň we döwletimiziň bähbitlerine gönükdirmekleri üçin has amatly şertleri döretmekden ybaratdyr. Bu ugurdaky milli strategiýanyň baş wezipesi ýaşlaryň hukuk hem-de durmuş goraglylygyny üpjün etmekden, türkmen halkynyň ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmekden, ýaş nesli watançylyk, ynsanperwerlik, raýat jogapkärçiligi

ruhunda terbiýelemekden, ýaşlaryň başlangyçlaryny goldamakdan hem-de höweslendirmekden ybaratdyr.

Bu wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Oňa esaslanyp, halkymyzyň taryhyny, medeniýetini hem-de gadymy däp-dessurlaryny bilýän, olara baha bermegi, gadyr goýmagy başarýan, mizemez maşgala gymmatlyklaryna sarpa goýýan, kämil, beden we ruhy taýdan sagdyn şahsyýeti kemala getirmek boýunça netijeli çäreler durmuşa geçirilýär.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşini taýýarlanymyzda, ilki bilen, ýaşlaryň öz pikirlerini bilmek, olary gyzyklandyrýan ýagdaýlaryň ählisini göz öňünde tutmak zerur diýen pikirden ugur aldyk. Elbetde, biz döwletiň ýaşlar baradaky syýasatyny amala aşyrmakda belli bir derejede ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine daýanýarys. Sebäbi ol ýerde jemgyýetiň iň bir düşünjeli, işjeň gatlagy hasaplanýan ýaşlar bilim alýarlar.

Men ýerlerde bolup, dürli ýaşly ildeşlerimiz bilen tanyşmagy, söhbetdeş bolmagy gowy görýärin. Söhbetdeşliklerden galan täsirler barada ozalky ýazan kitaplarymda hem käbir zatlary gürrüň beripdim. Daşoguz welaýatynda iş saparynda bolanymda hem Daşoguz şäherinde ýerleşýän Türkmen oba hojalyk institutyna baryp, ýaşlar bilen täze taýýarlanylýan Kanunyň taslamasy, olaryň okuw, durmuş aladalary, institutda döredilen şertler barada pikir alyşdym.

Ilki bilen, institut hakynda käbir maglumatlara okyjymyň ünsüni çekmek isleýärin. Bu instituty biz döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlaýan ylym we bilim merkezleriniň bitewi ulgamyny kämilleşdirmek, şeýle hem oba hojalygynyň çalt depginler bilen ösmegini üpjün etmek boýunça öňde durýan wezipeleri amala aşyrmak hem-de ýokary bilimli, saýlap alan hünärine wepaly, kärine ussat, maksada okgunly ýaş hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen döretdik. Institutyň täze gurlan binalar toplumyny 2010-njy ýylyň 13-nji maýynda

ulanmaga berdik. Binalar toplumynda ýaşlar üçin ähli zerurlyklar göz öňünde tutuldy.

Häzir institutda 3 fakultet, 14 sany kafedra bar. Institutyň binasynda kiçi mejlisler jaýy, 2 otagly elektron kitaphana, internet otagy bolup, olarda talyplaryň boş wagtlarynda bilimlerini artdyrmaga ähli şertler döredilen. Institutyň binalar toplumynyň hatarynda 3 sany umumy ýaşaýyş jaýynyň, medeniýet merkeziniň, naharhananyň, hojalyk binalarynyň ýanaşyk bolmagy talyplaryň kadaly naharlanmagyna hem-de döwrebap dynç alyp, wagtlaryny hoş geçirmeklerine oňaýly şert döredýär.

Talyplara bilim berilýän okuw otaglary häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary bilen doly abzallaşdyrylan. Bu bolsa ýaşlara ýokary derejede bilim bermäge, hünär öwrenmäge ýardam edýär. Okuw otaglarynda döredilen amatlyklar netijesinde her bir okuw sapagy interaktiw-multimedia usuly arkaly guralýar.

Institutyň okuw otaglary, tejribehanalary dünýä ülňülerine gabat gelýän derejede okuw-görkezme esbaplary bilen doly üpjün edilen. Elektron

kitaphanada talyplara we mugallymlara okuw kitaplaryny we gollanmalaryny netijeli peýdalanmaga, şeýle hem daşary ýurtlarda neşir edilen okuw we ylmy edebiýatlar, täze tehnologiýalar, ylmyň we tehnikanyň täzelikleri bilen tanyş bolmaga mümkinçilikler döredilen. Talyplar Türkmenistanyň ygtybarly hyzmatdaşlary bolan, dünýäde iň kämil oba hojalyk tehnikalaryny öndürýän «John Deere», «Class», «Case» ýaly kompaniýalaryň önümleri, tehnologiýalary, iň soňky täzelikleri bilen ýakyndan tanyşmaga hem mümkinçilik aldylar.

Institutyň talyp ýaşlary döwlet we halkara derejede geçirilýän ders bäsleşiklerine, açyk internet olimpiadalaryna işjeň gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeleýärler. Institutyň kafedralarynda okuw işleri bilen bir hatarda, ylmyň we tehnikanyň ýurdumyzda ileri tutulýan dürli ugurlary boýunça, esasan-da, oba hojalyk pudagyny ösdürmegiň derwaýys meselelerine bagyşlanan ylmy barlag işleri hem alnyp barylýar. Bu işlere mugallymlar bilen bir hatarda talyp ýaşlar-da işjeň gatnaşýarlar.

Ýokary okuw mekdebinde ýokary derejede gurlan we döwrebap enjamlar bilen doly üpjün edilen

sport desgasy bar. Onda talyplar sportuň woleýbol, futbol, tennis, suwda ýüzmek, basketbol, agyr we ýeňil atletika ýaly görnüşleri bilen yzygiderli meşgullanýarlar.

Institutyň garamagyndaky okuw-tejribe hojalygynyň hem ähmiýeti uludyr. Bu ýerde talyplar nazary taýdan alan bilimlerini önümçilik şertlerinde berkidýärler. Hojalykda pagta, güýzlük bugdaý ýaly esasy oba hojalyk ekinleri bilen bir hatarda, gök-bakja, ot-iýmlik ekinler hem ýetişdirilýär, oba hojalyk mallary idedilýär.

Institutda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumy üçin ýokary bilimli we häzirki zaman tejribesinden ussatlyk bilen baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak ýokary derejede ýola goýlan. Türkmen oba hojalyk institutyny tamamlaýan ylymly, giň dünýägaraýyşly ýaşlar halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, aýratyn hem oba hojalyk toplumynda üstünlikli zähmet çekýärler.

Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymlary we talyp ýaşlary bilen täze Kanunyň taslamasy, oba hojalyk ylmyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin okatmagyň täze usullaryndan peýdalanmak, bilim

ulgamyna sanly ulgamy ornaşdyrmak, şeýle hem oba hojalyk toplumynyň ähli ugurlary boýunça zerur bolan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak barada örän netijeli pikir alyşmalar boldy.

Türkmenistanda ylmy ösdürmek üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ylmy-barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmagy, sanly ulgamy ornaşdyrmagy, ylmy-barlag edaralarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň alymlarynyň mümkinçiliklerini ulanmagy iň wajyp wezipeler diýip hasaplaýaryn. Bu wezipeleri berjaý etmek üçin milli bilim ulgamyny dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çykarmaga gönükdirilen özgertmelere laýyklykda, ýurdumyzyň ähli ýörite orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde ylymly-bilimli, öňdebaryjy tehnologiýalardan gowy baş çykarýan ýaş nesli terbiýelemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, institutyň talyp ýaşlarynyň we mugallymlarynyň çykyşlaryny, bu işleri has kämilleşdirmek boýunça pikir-garaýyşlaryny diňlemek meniň üçin has ýakymly boldy.

Institutyň talyplarynyň ýurdumyzda we halkara derejede geçirilýän çärelere yzygiderli gatnaşýandyklary buýsandyrýar. Bu işler ýurdumyzda milli bilim ulgamyny hemmetaraplaýyn ösdürmek,

oňa häzirki zamanyň ösen tejribesini, ylmyň gazananlaryny we sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça döwlet derejesinde edilýän tagallalaryň aýdyň netijesi diýip düşünýärin.

Häzirki döwürde ýurdumyzda oba hojalygyny ösdürmek, bu ugurda iş alyp barýan kiçi we orta telekeçiligiň işini höweslendirmek, welaýatlarda ýer kadastryny döretmek boýunça döwlet tarapyndan zerur tagallalar edilýär. Bu işleriň ýokary derejede ýerine ýetirilmeginde ýokary hünärli işgärlere möhüm orun degişli bolup durýar. Daşoguz şäherindäki oba hojalyk instituty hem ata-babalarymyzyň döreden daýhançylyk tejribelerini döwrebap derejede ösdürjek, pudak üçin zerur bolan şeýle hünärmenleri taýýarlamalydyr.

Biziň ýaşlarymyzyň ylym-bilime, pähim-paýhasa, şöhratly pederlerimiziň asylly ýörelgelerine gyzyklanmalary ýokary bolmalydyr. Sebäbi ylym, bilim, ynsany belende göterýär.

Döwür bilen aýakdaş gitmek üçin ýaş nesliň dünýäniň dürli dillerini öwrenmekleri zerur. Ýaşlaryň ylma-bilime bolan höwesiniň ýokarlanmagynda kitap okamak ýörelgesine-de möhüm orun degişlidir. Ýaşlarymyz kitaby söýmelidirler. Kitap geljegiňi nurlandyrýan, ýörejek ýollaryňa ýagtylyk

saçýan şamçyragdyr. Adamzadyň geljegi kitaby köp okaýanlaryň elinde bolar. Ylymly-bilimli ýaşlar bolup, ata Watanymyza wepaly gulluk etmek beýik mertebedir. Biziň geljegimiz ýaşlarymyz bilendir. Men duşuşyga gatnaşan talyplaryň häzirki zaman ylmyny ösdürmek, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, ylmy önümçilik-tejribe ugurlary bilen utgaşdyrmak ugrunda döredilýän ýokary derejeli mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, ýurdumyz üçin gerekli hünärmenler bolup ýetişjekdiklerine ynanýaryn.

Lebap welaýatynda iş saparynda bolanymda hem ýaşlary gyzyklandyrýan meseleler bilen tanyşmagy zerur diýip hasap etdim. Türkmenabat şäherinde ýerleşýän Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna baryp, ol ýerde döwrebap bilim almak üçin döredilen şertler bilen tanyşmagy, institutyň mugallymlary we talyplary bilen duşuşyp, döwletimiziň ýaşlar syýasatyny has-da kämilleşdirmek, okuw-terbiýeçilik işini ösdürmegiň hem-de okatmagyň ýollary, okuw işlerine sanly ulgamy ornaşdyrmak, milli bilim ulgamy üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak barada pikir alyşmagy makul bildim.

Men duşuşyga barmazdan öň, bu institutyň taryhy bilen gyzyklandym. Onuň şöhratly taryhy bar.

1924-nji ýylda Çärjew şäherinde pedagogik uçilişşe işe girizilipdir. Institut özüniň baý taryhyny şol uçilişşeden alyp gaýdýar. 1927-nji ýylda onuň düzümi üýtgedilip, pedagogik tehnikum diýlip atlandyrylypdyr. Şol döwürde pedagogik tehnikumda mugallymlaryň 39-sy işläpdir. 1944-nji ýyla çenli Hojageldi Aşyrow (ol 1944-nji ýylda Beýik Watançylyk urşuna gidýär) bu tehnikumyň direktory bolup işläpdir. Belli alym bolup ýetişen Pygam Azymow bolsa şol döwürde direktoryň orunbasary bolupdyr. 1950-nji ýylyň 14-nji iýulynda Döwlet pedagogiki instituty döredilýär. Ol Çärjew döwlet pedagogik instituty diýlip atlandyrylypdyr. Açylan ýylynda institutda türkmen dili we edebiýaty, rus dili we edebiýaty, iňlis, nemes dilleri, taryh, fizika, matematika, geografiýa, biologiýa, himiýa boýunça 242 talyba bilim berlipdir. 1950–1954-nji ýyllarda Aman Berdiýew instituta rektorlyk edipdir. Şol döwürde belli ýazyjymyz Aman Kekilow hem institutda mugallym bolup işläpdir.

1956-njy ýylda bu ýokary okuw mekdebiniň okuw binasynyň gurluşygyna girişilýär. Bina 1959-njy ýylda ulanylmaga berilýär. 1959-njy ýylda şol wagtky Daşoguz we Mary aýallar pedagogik

institutlary hem Çärjew döwlet pedagogik institutyna birikdirilýär. Şol döwürde institutda 3900 talyp bilim alypdyr. Olara belli alymlar bolup ýetişen Öde Abdyllaýew, Mäti Kösäýew dagy sapak beripdirler.

1993-nji ýylyň 15-nji fewralyndan bäri ýokary okuw mekdebi nusgawy serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdiniň adyny göterýär.

Häzirki wagtda institutda ylymlaryň doktorlarynyň 4-si, kandidatlaryň 51-si we dosentleriň 15-si işleýär.

Bu ýokary okuw mekdebinde mugallymçylyk ugry boýunça ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylýandygyny bellemek gerek. Institutda ylmy işleri alyp barmak, dünýä tejribelerini düýpli öwrenmek üçin ähli mümkinçilikler bar. Talyplar saýlap alan hünärine uly gyzyklanma bildirýärler. Muny institutyň talyplarynyň halkara bäsleşiklere we ders olimpiadalaryna yzygiderli gatnaşyp, ýeňiji bolýandyklary hem görkezýär. Bularyň ählisi döwletimiziň milli bilim ulgamyny hemmetaraplaýyn ösdürmek, häzirki zaman tejribäni hem-de ylmyň gazananlaryny, sanly ulgamy ornaşdyrmak barada edýän aladalarynyň aýdyň subutnamalarydyr.

Biz ýaşlarymyzy watançylyk ruhunda terbiýeleýäris. Şunuň bilen bir hatarda, taryhy ösüşiň, döwlet syýasatynyň häzirki zaman meýillerini we möhüm ugurlaryny, binýat goýujy taglymlaryny ýaşlaryň aňyna ýetirmek, häzirki taryhy eýýamda amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň many-mazmunyny açyp görkezmek boýunça işlere uly üns berýäris.

Ýaşlaryň watançylyk ruhunda terbiýelenilmegi hem-de olara dürli hünärleri öwrenmek üçin döwrebap bilim berilmegi ýurdumyzda amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň özeni bolup durýar. Ýaş neslimiz edermen ata-babalarymyzyň belent ynsanperwerlik we zähmet terbiýesi ýörelgelerini, asylly milli däp-dessurlary mynasyp dowam etdirýärler. Şol milli däp-dessurlaryň esasylarynyň biri hasap edilýän daşky gurşawy goramak, tebigata aýawly çemeleşmek, ýurdumyzyň milli baýlyklaryny rejeli peýdalanmak ýaly meseleler hormatly Prezidentimiziň ekologiýa syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Şunuň bilen baglylykda, ýaşlaryň ekologiýa medeniýetiniň ösdürilmegine hem-de tebigata aýawly çemeleşilmegine gönükdirilen toplumlaýyn çäreler aýratyn möhüm häsiýete eýedir.

Milli medeniýetimize, ýörelgelerimize we däp-dessurlarymyza daýanyp, ýaşlarda taryhy-medeni

mirasymyza sarpa goýmak hem-de olara aýawly çemeleşmek duýgusyny terbiýelemäge hem aýratyn üns berýäris. Ähli degişli düzümleriň tagallalary ýaş nesliň hukuk we durmuş goraglylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilmelidir, olaryň arasynda halkymyzyň ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklary, milli mirasymyz wagyz edilmelidir. Ýaşlaryň ata-babalarymyzyň terbiýeçilik däplerini ösdürmegi dowam etdirjekdiklerine ynanýaryn.

Ýaşlar telekeçilik we jemgyýetçilik işleri bilen meşgullanyp, milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge işjeň gatnaşýarlar. Döwletimiz telekeçilik işi bilen meşgullanmaga gyzyklanýan ýaşlar üçin geljekde hem amatly şertleri döreder.

Ýaşlarda öz bilimlerini yzygiderli baýlaşdyrmaga, bilim almaga höwesi terbiýelemek zerurdyr. Munuň özi jemgyýeti ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri bolup, ýurdumyzyň ykbalyny we halkymyzyň bagtyýar geljegini kesgitleýän möhüm şertlerdir. Terbiýe iň gymmatly baýlykdyr, bilim we ylym bolsa terbiýäniň sütünidir. Şunda mugallym bolup işlejek hünärmenleriň taýýarlyk derejesine uly orun degişlidir. Ýeri gelende aýtsam, şu kitabymda terbiýe meselesi barada has düýpli gürrüň etmegi niýet edinýärin. Şonuň üçinem bu gürrüňi häzirlikçe

soňa goýup, ýene-de ýaşlar bilen bilen duşuşygymyz hakyndaky ýatlamalaryma dolanaýyn.

Mugallymlar we talyplar bilen bolan söhbetdeşlikde işlenilip taýýarlanylýan täze Kanunyň taslamasyna degişli meseleler bilen birlikde, okatmagyň iň täze usullaryny ornaşdyrmak, nazaryýet ylmynyň tejribe-okuw sapaklary bilen utgaşdyrylmagy üçin institutda döredilen şertler barada hem pikir alyşdyk. Şunda daşary ýurt dillerini öwrenmek, öwretmek meselesine üns bermelidigi hakynda aýratyn gürrüň edildi. Çünki dil bilmek uly baýlykdyr. Halkara gepleşik dili bolan iňlis diliniň iň irki ýaşdan başlap, heniz mekdebe çenli çagalar edaralarynda öwredilmegini höweslendirmek möhümdir. Dürli dilleri okatmak, öwretmek bolsa bu institutyň uçurymlarynyň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Amangözel Şagulyýewanyň hem-de Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rustemowanyň şu instituty tamamlandyklary buýsançly ýagdaýdyr. Ýurdumyzda birbada iki gahrymanyň bilim alan ýokary okuw mekdebi hökmünde institut uly abraýdan peýdalanýar.

Ýeri gelende, ýene bir zenan Gahrymanymyz hakynda aýtmak isleýärin. Mälim bolşy ýaly,



Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekili Aksoltan Ataýewanyň hem ýurdumyzyň diplomatik gullugynda çeken köpýyllyk zähmetine ýokary baha berlip, oňa «Türkmenistanyň Gahrymany» diýen belent at dakyldy. Bu zenanlar Watanymyzyň özygtyýarlylygyny, konstitusion gurluşyny, döwlet Garaşsyzlygyny hem-de hemişelik Bitaraplygyny berkitmäge goşan uly şahsy goşantlary üçin şeýle belent ada mynasyp boldular.

Her obanyň, şäheriň ilaty şol ýeriň taryhyny, halkyň, döwletiň bähbidine köp işleri bitiren taryhy şahsyýetlerini bilmelidir. Bu ugurda iş alyp barmalydygy barada ozal hem aýdypdym. Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta, ýörite orta hünär we ýokary okuw mekdepleri hem öz uçurymlarynyň üstünliklerine buýsanyp bilerler. Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyny, häzirki Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetini tamamlan gahrymanlar hem ýaşlaryň täze nesli üçin görelde alarlyk nusga bolmalydyrlar. Şunuň bilen baglylykda, gahryman zenanlar bilen talyplaryň arasynda duşuşyklary, pikir alyşmalary guramak gerek. Institutda we uniwersitetde ýörite


Türkmenistanyň

otag açyp, onda gahryman zenanlaryň durmuş hem-de döredijilik ýollary barada maglumatlary, şeýle hem sanly fotostudiýany we elektron kitaphanany ýerleşdirmek maksadalaýykdyr.

Häzirki döwür özygtyýarly Türkmenistanyň ösüş we döredijilik ýoly bilen okgunly öňe barýan eýýamydyr. Munuň özi köp babatda ilatyň sowatlylyk we gözýetim derejesiniň ýokarlanmagy, ylmy-barlaglaryň işjeňleşdirilmegi, ylmy-tehniki gazanylanlaryň durmuşyň ähli ulgamlaryna giňden ornaşdyrylmagy bilen şertlendirilendir. Soňky ýyllarda ýurdumyzda kompýuter tehnologiýalarynyň, multimedia ulgamlarynyň, öňdebaryjy dünýä tejribesiniň iň täze gazananlaryny peýdalanmak arkaly döwrebap okuw mekdepleriniň tutuş ulgamyny döretmek boýunça giň gerimli işleri geçirýäris. Biz Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň halkara ölçeglere laýyk gelýän täze binasyny hem gurarys.

Bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça entek edilmeli işlerem az däl. Mekdep uçurymlarynyň käbiri orta mekdebi tamamlan ilkinji ýylynda ýokary okuw mekdeplerine girip bilmeýärler. Şonuň üçin ýaşlara saýlap alan hünäri boýunça tejribe



toplar ýaly işe ýerleşmäge ýardam bermek, olary telekeçilik işine giňden çekmek baradaky teklipler täze Kanunda öz beýanyny tapdy.

Bilim we ylym adamy belent derejelere çykarýar, onuň mysallary näçe diýseň bar. Şonuň üçin biz ýaşlary düýpli we hemmetaraplaýyn bilim almaga hem-de düşünjelerini yzygiderli ýokarlandyrmaga höweslendirmelidiris.

Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri ýaş nesliň sazlaşykly ösmegine, mynasyp terbiýe almagyna uly ähmiýet beripdir. Ata-babalarymyz bu ugurda gymmatly pähim-paýhas mirasyny bize galdyrypdyrlar, olaryň döreden eserleri geljek nesillerimizi terbiýelemek üçin gymmatly çeşmedir. Biziň pederlerimiziň watançylyk we ynsanperwerlik ýörelgeleri durmuşa täze gadam basan ýaş nesiller üçin geçmişi, häzirki döwri hem-de geljegi özünde jemleýän nusgalyk mekdepdir.

Men duşuşyga gatnaşan ýaşlaryň häzirki zaman mugallymçylyk ylmyny kämilleşdirmek, sanly bilimi ösdürmek üçin özlerine döredilen mümkinçilikleri netijeli peýdalanyp, Watanymyz üçin ýokary

derejeli ussat hünärmenler bolup ýetişjekdiklerine ynanýaryn.

Şeýle duşuşyklaryň ýene birini Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýaşlary bilen hem geçirdik. Bu institutyň döredilenine 25 ýyl boldy. Energetika institutynyň döwrebap, häzirki zaman binasyny 2010-njy ýylda ulanmaga berdik. Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty ýurdumyzyň çalt depginlerde ösýän energetikasy, senagaty üçin bilimiň öňdebaryjy usullary esasynda ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak maksady bilen döredildi.

Elektrik energiýasy ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlaryny ösdürmek üçin iň esasy binýatlaýyn zerurlyk bolup durýar. Institutyň ýaşlary bilen duşuşykda elektrik energiýasy, energetika ulgamy, onuň şu güni, geljekki mümkinçilikleri barada gürrüň berdim. Ýaşlaryň ruhy we beden taýdan sagdynlygy, hünärli, kämil şahsyýet bolmagy, döredijilik ukyby, pikirlenmek başarnygy jemgyýetimiziň kämilleşmegine hem-de döwletimiziň ösüşine uly itergi berýän güýçdür.

Ýaşlaryň ylmyň soňky gazanan innowasion, sanly tehnologiýalaryndan oňat baş çykarmaklaryny

gazanmak, döwrebap bilim almaklaryny üpjün etmek ýaly aladalar Türkmenistanyň ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň özenini düzýär. Ýaş nesliň kemala gelmegi, şahsyýet hökmünde ösmegi, olaryň aň-paýhas, döredijilik hem-de ruhy mümkinçiliklerini jemgyýetimiziň we döwletimiziň bähbitlerine gönükdirmekleri üçin has amatly şertleri döretmelidiris.

Men bu barada Türkmenistanyň Maslahat merkezinde ýaşlaryň gatnaşmagynda geçirilen döwlet ýaşlar syýasatynyň, bu ulgamda milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämil-leşdirmegiň ileri tutulýan meselelerine bagyşlanan maslahatda hem aýtdym. Netijede bolsa, biz halkymyzyň «Ýedi ölçe-de, bir kes» diýen pähiminden ugur alyp, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek meselesine töwerekleýin hem-de ylmy nukdaýnazardan çemeleşdik.

Gelip gowuşýan teklipleri halkymyzyň nesil terbiýesi hakynda asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçirilip, kämil derejä ýetirilen

gymmatlyklaryndan, şeýle hem döwrümiziň talaplaryndan ugur alyp, gutarnykly seljerdik.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň işgärleriniň we agzalarynyň bu Kanuna zerur üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek barada ýurdumyzyň iň çetki obalaryna baryp, ýaşlar, şol sanda il sylagly ýaşulular, zähmetkeşler köpçüligi bilen maslahatlary geçirmegini guradyk. Şeýdip, olaryň ýaşlar baradaky döwlet syýasatynda kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek babatda alnyp barylýan işleri has-da güýçlendirmek, bu ugurdaky kanunçylygy seljermek we döwrebaplaşdyrmak boýunça pikirlerini, tekliplerini, isleg-arzuwlaryny nazara almagy başardyk.

Teklipler ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleri, halypa professor-alymlarymyz tarapyndan öwrenilip, seljerilip we umumylaşdyrylyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna hödürlenildi. Ine, şunuň ýaly işleri geçirip, ýaşlarymyzyň bähbitlerini göz

öňünde tutýan kämil Kanunyň kabul edilmegini üpjün etdik.

Biz gepleşikde «tüýs ýürekden», «elimizi ýüregimize goýup», «ýürekden ýapyşyp» diýen ýaly jümleleri ulanýarys. Sebäbi ýürek adamyň ruhy ýagdaýyna we beden saglygyna baha bermekde iň esasy synadyr. Her bir işe ýürekden ýapyşyp, merdana halkymyzyň adyny dünýäde mundan beýläk hem dabaralandyrmak, başymyzyň täjine deňeýän eziz Watanymyzyň şöhratyna şöhrat goşmak, milli gymmatlyklarymyzy mynasyp dowam etdirmek ýaşlarymyzyň esasy borjudyr.

Biziň geljegimiz ýaşlar bilendir! Biz ýurdumyzyň geljekde hem gülläp ösmegi üçin «Öňe, öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» diýen şygary baýdak edinýäris.

ÝAGŞY ADAM ÝATDAN ÇYKMAZ

Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan

2022-nji ýylyň 13-nji maýynda Birleşen Arap Emirlikleriniň döwlet Baştutany Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň panydan bakyýete göç edendigi hakyndaky ajy habar dünýä doldy.

Elbetde, türkmen halky, tutuş dünýä jemgyýetçiligi bilen birlikde, Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň biwagt aradan çykandygy baradaky habary çuňňur gynanç duýgusy bilen kabul etdi. Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan Türkmenistanyň, türkmen halkynyň hakyky dostudy. Onuň bilen şahsy tanyşlygymyz, gatnaşyklarymyz aýratyn many-mazmuna eýe bolup, hakyky dostluk, doganlyk gatnaşyklaryna öwrülipdi.

Men döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy bilen, türkmen wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, Birleşen

Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň aradan çykmagy zerarly geçirilen hatyra çärelerine gatnaşdym. Bu ýurduň döwlet ýolbaşçylaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň hem-de tutuş türkmen halkynyň adyndan gynanç bildirdim we medet beriji sözleri ýetirdim. Şonuň ýaly hem razylyk berlen ýagdaýynda, ýurdumyzda doganym Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň belli gününi bellemekçidigimizi aýtdym. Elbetde, olar razylyk berdiler.

Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan görnükli syýasatçy, örän parasatly döwlet Baştutany hökmünde Ýer ýüzüne görelde boldy. Ol Birleşen Arap Emirlikleriniň pajarlap ösmegine saldamly goşant goşdy. Onuň sebitde we dünýäde parahatçylygy gorap saklamakda bitiren uly işleri hem bellenmäge mynasypdyr. Şonuň üçin Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň aradan çykmagy diňe bir bu ýurduň halky üçin däl, dünýä jemgyýetçiligi üçin hem uly ýitgi boldy. Ol ýaşan manyly ömründe tutuş adamzat üçin köp haýyrly we ynsanperwer işleri bitirip, tutuş yslam dünýäsinde öçmejek yz goýdy.

Türkmenistan bilen oňyn we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek ugrunda Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti aýratyn tagalla

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



صاحب السموالشيخ خليفة بن زايد آل نهيان
رئيس دولة الإمارات العربية المتحدة

H.H.SHEIKH KHALIFA BIN ZAYED AL NAHYAN.
PRESIDENT OF THE UNITED ARAB EMIRATES

etdi. Türkmenistan üçin Birleşen Arap Emirlikleri ygtybarly hyzmatdaş, ýürekdeş dostdur. Taryh üçin uzak bolmadyk ýyllaryň dowamynda ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň tagallalarynyň, kähalatlarda bolsa şahsy dostlugynyň netijesinde iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmek ugrunda asylly däpler ýola goýuldy.

Doganym Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň Garaşsyz Watanymyz üçin hem bitiren işlerini, beren hemaýat-goldawlaryny çuňňur kanagatlanma bilen ýatlaýaryn. Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidentiniň paýtagtymyzdaky metjidiň, Döwletliler köşgüniň, «Ene mähri» hem-de Halkara iç keselleri merkezleriniň gurulmagynda, «Arçman» şypahanasynyň döwrebap ýagdaýa getirilmeginde, Maryda çagalar hassahanasynyň gurluşygynda, Marynyň Halkara howa menziliniň döwrebaplaşdyrylmagynda aýratyn uly tagallasy bar. Ol paýtagtymyzdaky Döwletliler köşgüne yzygiderli haýyr-sahawat goldawlaryny berýärdi. Halkymyz hoşniýetli hyzmatdaşlygyň, dost-doganlygyň aýdyň nyşany bolan bu işleri hemişe ýagşylykda ýatlaýar.


GARAŞSYZ, BITARAP
TÜRKMENISTAN

Onuň Alyjenaby
Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti
şeýh Halifa bin Zaýed al Nahaýýan

Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary ösdürmekde bitiren aýratyn hyzmatlary, türkmen döwletiniň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga goşan saldamly goşandy üçin, şeýle hem Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň halklarynyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekdäki, özara ylalaşygy, jebisligi we agzybirligi saklamakdaky, parahatçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy berkitmekdäki uly goşandyny nazara alyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň Baýdak aýynyň 20-sinde çykaran 5010-njy Permanyna laýyklykda Türkmenistanyň ýokary ordeni bolan

«Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy» ordeni

bilen sylaglanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti — Gurbanguly Berdimuhamedow

Elbetde, adam ömrüniň uzynlygy ýaşalan ýaşlar bilen, onuň many-mazmuny bolsa bitirilen işler bilen ölçenýär. Beýik işleri bitirenler hakydada hemişelik galýar. Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň hem eden ýagşylyklary, haýyr işleri hiç wagt unudylmaz, onuň ýagty ýadygärligi häzirki we geljekki nesilleriň kalbynda baky galar.

Biziň halkymyzda dost-doganlyga sarpa goýmak, merhumlary hatyralamak dessurlary kämillik derejesine ýetirilendir. Ýurdumyzda şonuň ýaly ýagşy dessurlar döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýär. Biz ýaş nesilleriň şöhratly pederlerimiziň



wesýetlerine wepaly bolup ýetişmekleri ugrunda yzygiderli tagallalary edýäris. Bu işde olara görelde görkezýäris. Munuň özi ýurdumyzda milli däp-dessurlaryň ösdürilmegi, nesilleriň hemmetaraplaýyn we sazlaşykly kemala gelmegi üçin aýratyn ähmiýetlidir.

Diýarymyzda asylly işleriň rowaçlanmagy bilen baglanyşykly meselelere möhüm ähmiýet berýäris. Haýyr-sahawat çäreleri ýurdumyzyň hem-de halkymyzyň durmuşynda wajyp orny eýeleýär. Bu bolsa gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan asylly ýörelgeleriň döwrebap derejede ösdürilmegine zerur ähmiýet berilýändiginiň

aýdyň beýanydyr. Şu babatda türkmen we arap halklarynyň däp-dessurlarynyň arasynda meňzeşligiň bardygyny bellemek gerek. Ony Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň bitiren haýyr-sahawat işlerinde hem görmek bolýar. Onuň ýagty ýadygärligini hatyralamak bilen bagly geçiren çärelerimize ýurdumyzyň welaýatlaryna wekilçilik edýän ýaşulular bilen bilelikde ýaşlar hem gatnaşdylar. Biz halkymyzyň mukaddes däplerine eýerip, Gökdepe metjidinde, Köşüdäki metjitde we Döwletliler köşgünde Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň belli gününiň sadakasyny berdik.

Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidentini ýatlap, doga okadyk we Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň aradan çykmagy zerarly geçirilen hatyra çärelerinde edilen doga-dilegleriň, berlen sadakalaryň Allatagalanyň dergähinde kabul bolmagyny we merhumyň jaýynyň jennet, ýatan ýeriniň ýagty bolmagyny dileg etdik.

Goý, okalan aýatlar, edilen doga-dilegler Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun! Merhumyň jaýy jennet bolsun! Goý, Gudraty Güýçli Allatagala

Birleşen Arap Emirlikleriniň halkyna ruhy durnuklylyk we sabyrlylyk bersin! Merhumyň ýatan ýeri ýagty, imany hemra bolsun!

Iki dostlukly ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegi we umuman, sebitde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň berkidilmegi ugrunda doganym, Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan bilen ýola goýan işlerimiz dowam etdirilýär.

Şu ýylyň 11-nji fewralynda Birleşen Arap Emirliklerinde resmi saparda bolanymda hem bu barada dostlukly ýurduň ýolbaşçylary bilen söhbet etdik. Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty üstünlikli durmuşa geçirýär. Dünýäniň ähli ýurtlary, şol sanda arap dünýäsiniň döwletleri bilen özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürýär. Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Arap Emirlikleri bilen hyzmatdaşlygyň däp bolan dostlukly, netijeli häsiýete eýedigini bellemek gerek. Soňky ýyllarda doganym, Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýanyň tagallasy bilen bu hyzmatdaşlyk many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp,

iki ýurduň halklarynyň bähbidine hil taýdan täze derejä çykaryldy.

Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda abraýly sebit, halkara guramalaryň çäklerinde yzygiderli ösdürilýär.

Ýurdumyzda Birleşen Arap Emirlikleri geljegi uly bolan ygtybarly hyzmatdaşlaryň biri hökmünde görülýär. Resmi saparyň barşynda biz ýurduň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklara degişli meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdyk. Gelnen netijeleriň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän has ýokary derejä çykarylmagyna kuwwatly itergi berjekdigine ynanýaryn.

Dostlukly ýurda şol gezekki saparymyň çäklerinde Birleşen Arap Emirlikleriniň esaslandyryjysy we ilkinji Prezidenti Şeýh Zaýed bin Sultan Al Nahaýýanyň adyny göterýän metjide hem bardyk. Ol dünýäniň iň uly metjitleriniň biridir.

Men şonda Birleşen Arap Emirlikleriniň esaslandyryjysy we ilkinji Prezidenti Şeýh Zaýed bin Sultan Al Nahaýýan, Birleşen Arap Emirlikleriniň

merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan bilen bagly ýatlamalara berlenimi duýman galdym. Metjit «Allanyň öýi» hasaplanýar. Şonuň ýaly-da, ýagşy adamlary hatyralamak, öten-geçenleriň sarpasyny tutmak biziň halklarymyzyň asylly däbidir.

Birleşen Arap Emirlikleriniň esaslandyryjysy we ilkinji Prezidenti Şeýh Zaýed bin Sultan Al Nahaýýan bilen bir saçagyň başynda oturmak, onuň gürrüňlerini diňlemek miýesser edipdi. Ýurdy esaslandyran beýik şahsyýet, meşhur syýasatçy hökmünde onuň durmuş tejribesi, geçen ýoly meniň üçin gyzyklydy. Men ony hemişe ýagşylykda ýatlaýaryn.

Hakyda – milletiň baýlygy. Ol nesilleri birleşdirýär. Biz geçmişi hormatlap, geljege ýol açýarys. Pederlerimizi hormatlap, nesillere görelde bolýarys. Munuň özi türkmen we arap halklarynyň asylly ýörelgesidir. Hormatly doganlarymyzyň hatyrasyny tutup, namaz okamak, olaryň ruhuna ýagşy doga-dilegler etmek hem parz, hem mertebedir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň tagallalary esasynda ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň has-da ösdürilýändigine tüýs ýürekden guwanýaryn.

Ýurduň ýolbaşçylarynyň tagallalary bilen Birleşen Arap Emirliklerinde Türkmenistanyň Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan netijeli daşary syýasaty hem-de halkara giňişlikde öňe sürýän parahatçylyk döredijilikli oňyn başlangyçlary dolulygyna goldanylýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň öňe sürýän oňyn halkara başlangyçlaryny Birleşen Arap Emirlikleriniň goldaýandygyna ýokary baha berýäris. Öz gezeginde, Türkmenistan hem Birleşen Arap Emirlikleri tarapyndan öňe sürülýän teklipleri üýtgewsiz goldaýar.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmak üçin iki ýurt hem ähli zerur şertlere we mümkinçiliklere eýedir. Ýurtlarymyz syýasy-diplomatik ulgamda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunda halkara we sebit gün tertibiniň esasy meselelerini çözmekde ýurtlarymyzyň çemeleşmeleri ýakyn ýa-da gabat gelýändir.

Iki ýurduň arasynda energetika, ulag we kommunikasiýalar, ýol üpjünçilik ulgamlary,

senagat, oba hojalygy, gämigurluşyk, ýokary tehnologiýalar ýaly ugurlarda, şeýle hem möhüm taslamalary durmuşa geçirmekde Birleşen Arap Emirlikleriniň maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Ýangyç-energetika toplumy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarydyr. Medeni-ynsanperwer ulgam hem iki dostlukly ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň aýrylmaz bölegidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň geçen ýylyň noýabrynda Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran sapary bu hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmeginde uly mümkinçilikleri açdy.

Türkmenistan ýangyç-energetika pudagynda Birleşen Arap Emirlikleriniň kompaniýalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy düýpli giňeltmäge taýýardyr. Ýurdumyzyň bu pudagy diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegi, eksport ugurly ýokary hilli önümleri öndürýän täze kuwwatlyklary işe girizmegi maksat edinýän şertlerinde bu uly ähmiýete eýedir. Ulag-logistika ulgamy hem hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarydyr. Soňky ýyllarda ýurdumyzda döredilen döwrebap düzümler, şol sanda Türkmenbaşy Halkara deňiz porty, täze awtomobil ýollary, howa menzilleri

bu ugurdaky hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Meniň pikirimçe, syýahatçylyk, sport ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek üçin iki ýurtda-da örän uly mümkinçilikler bar. Biz «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda deňziň kenarynda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak üçin ähli zerur şertleri döretdik. Dürli sport enjamlaryny we beýleki serişdeleri ulanmak arkaly çagalary sporta çekmek häzirki döwrüň esasy wezipeleriniň biridir. Şoňa görä-de, bu ulgamda dünýäniň ösen ýurtlary bilen tejribe alyşmak möhümdir.

Birleşen Arap Emirliklerinde çöl ýerlerinde, aýlagyň kenarynda düýeli gezelençleriň guralmagyna aýratyn üns berilýär. Arap dünýäsinde bedewleriň, düýeleriň köpçülikleýin ösdürilip ýetişdirilmegine, olaryň dürli ugurlar boýunça taýýarlanylmagyna zerur üns berilýär. Bu ýere gelýän syýahatçylar düýeli gezelençlere aýratyn gyzyklanma bildirýärler.

Türkmenistanda hem düýedarçylygyň ösdürilmegine zerur üns berilýär. «Düýe maly – dünýe maly» diýen paýhasly jümläni döreden halkymyz asyrlaryň dowamynda düýelere aýratyn gadyr goýýar. Bu babatda aýdanyňda, Türkmenistanda we Birleşen Arap Emirliklerinde düýedarçylyk

boýunça alnyp barylýan işlerde umumylygyň bardygyny bellemeli. Araplar düýäni «Çöl gämisi» diýip atlandyrýan bolsalar, türkmenler bu hikmetli maly «Sähra gämisi» diýip atlandyrypdyrlar. Munuň özi iki ýurduň arasynda bu ugur boýunça tejribe alyşmak hem-de hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny görkezýär.

Biz Ahal welaýatynyň baş metjidiniň gurluşygyna ýardam we maslahatlary bermäge, öz tejribelerini paýlaşmaga Birleşen Arap Emirlikleriniň wekillerini çagyrýarys. Elbetde, hyzmatdaşlygymyzyň mümkinçilikleri baradaky gürrüňi has uzaldyp hem bolardy.


Men doganym, Birleşen Arap Emirlikleriniň merhum Prezidenti Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan bilen bilelikde ýola goýan ýörelgelerimiziň mynasyp dowam etdiriljekdigine, ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklaryň mundan beýläk hem yzygiderli ösdüriljekdigine we has-da pugtalandyryljakdygyna berk ynanýaryn.

Türkmenistanyň hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda dostlukly gatnaşyklar mundan beýläk-de berkesin, pugtalansyn! Doganlyk halklarymyza mundan beýläk hem gülläp ösüş, abadançylyk, parahatçylyk ýar bolsun!

Sindzo Abe

2022-nji ýylyň 8-nji iýulynda Ýaponiýanyň ozalky Premýer-ministri Sindzo Abeniň pajygaly ýagdaýda, 67 ýaşynda, biwagt aradan çykandygy hakyndaky şum habar dünýä ýaýrady. Türkmenistanlylar bu ajy habary dünýä bileleşigi bilen birlikde, örän uly gynanç bilen kabul etdiler. Tutuş türkmen halkynyň dosty, meniň ýakyn dostum hem doganym Sindzo Abeniň pajygaly ýagdaýda aradan çykmagy biziň üçin, hakykatdan hem, agyr zarba boldy.

Şol agyr pursatda Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň halkynyň adyndan görnükli döwlet işgäri, dünýä belli syýasatçy, abraýly halkara we döwlet sylaglarynyň, şol sanda «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň eýesi, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Hormatly professory Sindzo Abeniň aradan çykmagy zerarly Ýaponiýanyň



Imperatory Naruhito, Premýer-ministri Fumio Kisida hem-de Ýaponiýanyň Parlamentiniň Wekiller palatasynyň Başlygy Hiroýuki Hosoda, merhumyň ejesi Ýoko Abe, onuň maşgalasy Akie Abe, dogan-garyndaşlaryna, ýakynlaryna, şeýle-de Ýaponiýanyň ähli dostlukly halkyna gynanç bildirip, ýürekden duýgudaşlygyny beýan etdi. Men hem gynanç hatyny iberdim.




Bilşimiz ýaly, Sindzo Abe 2006–2007-nji, 2012– 2020-nji ýyllarda Ýaponiýanyň Liberal demokratik partiýasynyň başlygy, Ýaponiýanyň Premýer-ministri wezipelerinde işledi. Ol Ýaponiýanyň taryhynda bu wezipelerde iň köp işlän döwlet işgäri hökmünde tanalýar. Halkara derejede görnükli syýasatçy we döwlet işgäri bolmak bilen, ol Ýaponiýanyň ynamly öňe gitmegine, şol bir wagtyň

özünde-de dünýä ýurtlary, şol sanda biziň ýurdumyz Türkmenistan bilen oňyn hem-de dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly goşant goşdy. Onuň ýagty ýadygärliginiň biziň halkymyzyň hakydasynda müdimilik galjakdygyna ynanýaryn.

Men, köplenç, statistiki maglumatlary seljermegi gowy görýärin. Sindzo Abeniň öz ýurdy, halky üçin bitiren işleri sanardan has kändir. Ýöne olary sanajak bolup durman, okyjylarymyň ünsüni gabat gelen şeýle maglumatyma çekmek isleýärin. Soňky ýyllarda ömrüň dowamlylygy boýunça Ýaponiýada ýokary netijeler gazanyldy. Ýaponiýanyň 100 ýaşdan geçen ýaşaýjylarynyň sany 60 müň adamdan gowrakdyr. Bu dünýädäki rekord görkezijidir. Olaryň 87 göteriminiň zenanlardygy bellenilýär. Erkekleriň arasynda ömrüň dowamlylygynyň ortaça derejesi artýar. Bu görkeziji 80 ýaşdan geçýär. Zenanlaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy bolsa Ýaponiýada Ýer ýüzünde iň ýokary hasaplanylýar we bu görkeziji 86 ýyl we 6 aý derejesinde saklanylýar. Ýaponlar derman üpjünçiligi babatda hyzmatyň hiliniň ýokarlandyrylan mahalynda ömrüň dowamlylygy babatdaky görkezijini ýene-de birnäçe ýyla

uzaltmaga mümkinçiligiň bardygyna ynanýarlar. Ine, şu görkezijileriň ýokary bolmagynda dostum hem doganym Sindzo Abeniň hyzmatlarynyň uludygyny nygtamak isleýärin.

Men Sindzo Abeni tebigy taýdan hoşgylaw, aşa medeniýetli, sypaýy, syýasy taýdan örän taýýarlykly adam hökmünde ýatlaýaryn. Ol türkmen-ýapon gatnaşyklaryny, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň sakasynda durupdy diýsem, öte geçdigim bolmaz. Maňa Türkmenistanyň Prezidenti hökmünde 2009-njy, 2013-nji, 2019-njy ýyllarda Ýaponiýada resmi we iş saparlarynda bolmak miýesser etdi. Biz şol wagt Ýaponiýanyň Premýer-ministri wezipesinde işleýän Sindzo Abe bilen duşuşyp, örän netijeli gepleşikleri geçiripdik. Biziň ýürekdeş dostlar hökmünde geçiren şol gepleşiklerimiz oňyn döwletara gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmekde, hyzmatdaşlygyň bar bolan mümkinçiliklerinden peýdalanmakda türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň taryhyna täze sahypalar bolup ýazyldy. Gepleşikleriň netijeleri boýunça gol çekilen resminamalaryň uly toplumlary bolsa iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hukuk binýadyny berkidip, oňa kuwwatly itergi berdi.



Ýadyma düşýär, 2013-nji ýylda Tokio amala aşyran resmi saparymyň netijeleri boýunça žurnalistler bilen söhbetdeş bolupdym. Şonda bir žurnalist menden türkmen wekiliýetiniň Ýaponiýa amala aşyran saparynyň dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme tapandygyny, bu sapara Türkmenistanyň Prezidentiniň özüniň nähili baha berýändigini sorady. Men Tokioda geçirilen gepleşikleriň, saparyň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň iki ýurt üçin hem örän bähbitli we netijeli boljakdygyny, ýöne beýle baha bermegiň diňe deslapky garaýyşdygyny aýtdym. Şeýle-de biz soňky wakalara, şol wakalaryň halkara durmuşda eýeleýän ähmiýetine diňe wagtyň

geçmegi bilen, adamlaryň öz durmuşynda bolup geçýän özgerişleri duýandan soň, gutarnykly baha berip biljekdigimizi nygtadym. Ýeri gelende aýtsam, bu gün biz şol wakalaryň ähmiýetini aýdyňlygy bilen duýýarys. Geljekde olaryň ähmiýeti has-da artar.

Elbetde, wagt geçýär, döwür tiz özgerýär. Biz bu gün Sindzo Abe bilen bilelikdäki tagallamyz bilen başy başlanan türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň nusgalyk derejä çykandygyna aýdyň göz ýetirýäris, muňa dünýä ýüzem şaýatdyr. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň şeýle derejä göterilmeginde bolsa, elbetde, meniň ýakyn dostum hem doganym Sindzo Abeniň oýlanyşykly syýasatynyň, ynsanperwer başlangyçlarynyň möhüm ornunyň bardygyny ýene bir gezek çuňňur minnetdarlyk bilen ýatlaýaryn.

Ýapon halkynyň wepaly ogly, görnükli döwlet işgäri we dünýä belli syýasatçy Sindzo Abe 2015-nji ýylyň güýzünde Aşgabada ilkinji gezek resmi sapar bilen gelipdi.

Wakalaryň tertibinden öňe geçip aýtsam, Sindzo Abeniň şonda aýdan: «Bu ýere gelen dessime Aşgabadyň ajaýyp öwüşginlerinden lezzet almak

bagty maňa miýesser etdi, bu gün bolsa türkmen medeniýeti bilen ýakyndan tanyşdym. Munuň özi maňa bu şäheriň ýaşaýyş-durmuşynyň belent ruhuny hem-de aýawly saklanýan däp-dessurlaryny duýmaga mümkinçilik berdi» diýen sözleri ildeşlerimiziň her birini buýsandyrýandyr.

Biz Sindzo Abeniň Türkmenistana resmi saparyna uly ähmiýet berýärdik, oňa taryhy waka hökmünde garaýardyk. Çünki ýapon hökümetiniň Baştutany biziň ýurdumyza ilkinji gezek resmi sapar bilen gelipdi. Muňa garamazdan, biz Premýer-ministr Sindzo Abe bilen üçünji gezek duşuşýardyk. Türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň netijeliligine, ýokary derejede geçirilýän duşuşygyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge ýardam etjekdigine ynamymyz uludy.

Premýer-ministr Sindzo Abe «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» gatnaşygynyň çäklerinde hyzmatdaşlyga netijeli çemeleşýändigimiz üçin bize hoşallyk bildiripdi. Sebäbi bu gepleşiklerde Türkmenistan 2015–2016-njy ýyllar üçin başlyklyk ediji döwlet hökmünde saýlanylypdy.

Resmi saparynyň dowamynda hormatly dostum hem doganym bilen örän netijeli gepleşikleri geçirdik.

Saparyň barşynda gazhimiýa önümçiligine, elektrik beketleriniň we beýleki desgalaryň gurluşygyna degişli taslamalaryň ençemesi boýunça umumy bahasy 18 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolan resminamalaryň birnäçesine gol çekildi. Biz oba hojalyk we dokma çig malyny gaýtadan işlemek, Gün energiýasyny peýdalanmak ugurlarynda hyzmatdaşlyk etmegi hem göz öňünde tutýardyk.

Ýaponiýanyň hökümet Baştutany Ýaponiýanyň Türkmenistana öz tejribesini we öňdebaryjy tehnologiýalaryny bermäge taýýardygyny tassyklady. «Biz sport ulgamynda, hususan-da, göreşiň däp bolan dzýudo görnüşinde alyşmalary ösdüreris hem-de ýapon diliniň okadylyşyna ýardam bereris» diýip, Premýer-ministr Sindzo Abe aýtdy. Ol türkmen telewideniýesi boýunça «Dalçyn» atly ýapon teleserialynyň görkezilendigini belläp, türkmen teletomaşaçylarynyň ýapon telewideniýesiniň beýleki gepleşiklerini hem görmegini arzuw etdi.

Şol saparyň dowamynda biz Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna baranymyzda, ol türkmen halkynyň hem-de bütindünýä ösüşiniň bahasyna ýetip bolmajak

gymmatlygy bolan ahalteke bedewleriniň deňsiz-taýsyz gözelligine we syrdamlygyna haýran galypdy. Şöhratly ata-babalarymyzyň däplerini aýawly saklaýan we ösdürýän ajaýyp çapyksuwarlara hoşallyk bildiripdi.

Belent mertebeli myhman we onuň maşgalasy bilen bilelikde türkmeniň ak öýüne hem bardyk. Myhmany halkymyzyň gadymdan gelýän ak öýüniň özboluşlylygy, gurluşy örän gyzyklandyrdy. Belent mertebeli myhman we onuň maşgalasy türkmen halkynyň ajaýyp dessurlarynyň, şol sanda myhmansöýerlik ýörelgeleriniň nusgalyk derejä göterilendigi belleldiler. Olar, aýratyn-da, çaý demlemegiň türkmen halkyna mahsus usullaryny uly gyzyklanma bilen synladylar.

Çaý içmek däbi ýapon halkynda gadymy dessurlaryň biri. Biziň halkymyzda hem çaý demlemegiň öz aýratynlyklary bar. Çaý köp halklar, şol sanda türkmen halky üçin gadymy içgileriň biridir, onuň içilmegi bolsa milli medeniýet, myhmansöýerlik däpleri bilen üznüksiz baglydyr. Türkmenler öňden gelýän milli däplerine eýerip, öz myhmanyna hemişe çaý hödürleýär. Çaýyň

taýýarlanylmagy tutuş bir sungat bolup, ol bu içginiň asylly taraplaryny ýüze çykarmaga ukyply ussadyň başarnygyna baglydyr. Bu barada «Çaý – melhem hem ylham» atly kitabymda has jikme-jik durup geçipdim.

Umuman, ýapon halky bilen biziň halkymyzyň arasynda umumylyklar, meňzeşlikler hem bar. Men uzak ömri arzuwlaýan «Banzaý!» ýapon arzuwynyň türkmenleriň bähbitli işlere çagyryş hökmünde ýygy-ýygydan peýdalanýan «Öňe!» diýen şygary bilen meňzeşdigini bellemek isleýärin.

Şeýle-de şol gezekki saparynyň dowamynda Türkmenistanyň Ýokary attestasion komiteti tarapyndan Sindzo Abeniň türkmen hem-de ýapon halklarynyň arasyndaky dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge, ýangyç-energetika, ylym-tehnologiýa, bilim we medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmäge goşan uly şahsy goşandy üçin «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Hormatly professory» diýen alymlyk ady dakyldy. Bu zatlar bolsa onuň

halkymyzyň taryhyna, ösüşlerine dahyllydygynyň subutnamalarydyr.

Men Sindzo Abeniň şonda aýdan: «Meniň şu gezekki saparym mahalynda ýanymda ýapon kompaniýalarynyň 31-siniň wekilleri bolýar. Biz diňe bir tebigy gaz ulgamynda hyzmatdaşlyk bilen çäklenmän, beýleki köp ugurlar boýunça hem ýokary netijeler gazanmaga umyt edýäris. Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasynda entek doly peýdalanylmadyk uly mümkinçilikler bar. Men öňki gazanylan netijelerde saklanmak islemeýärin we Prezident bilen bilelikde hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da çuňlaşdyrmagy maksat edinýärin» diýen sözlerini hemişe uly hormat bilen ýatlaýaryn. Ine, şol maksatlary durmuşa geçirmekde, ikitaraplaýyn gatnaşyklary jebisleşdirmekde onuň bitiren işleriniň örän uludygyny nygtamak isleýärin. Şonuň üçin-de gadyrly dostum hem doganym, Türkmenistanyň, türkmen halkynyň hormatly dosty Sindzo Abe baradaky ýakymly ýatlamalar kalbymyzda ebedi galar, ony geljek nesillerem, taryham asla unutmaz.

Doganym Sindzo Abe giň düşünjeli, paýhasly, açyk göwünli, örän okumyş adamdy. Şonuň üçin onuň bilen

söhbetdeş bolmak ýakymlydy. Onuň Ýaponiýanyň gadymy taryhy, özboluşly medeniýeti we özüne çekiji däp-dessurlary barada beren gürrüňlerini ýatlaýaryn. Bu ýurt XIX asyryň ahyrynda Meýdziniň özgertmeleri netijesinde hil taýdan uly ösüşe eýe bolupdyr. Bilim ulgamyndaky oňyn özgerişlikler şolaryň möhüm bölegi eken. Ösüşleriň eýýamlara bölünýändigi hem özüne çekýär. Imperator Naruhitonyň tagta geçmegi bilen Ýaponiýada «Reýwa» täze imperiýa eýýamy – «sazlaşyk» ýa-da «gülläp ösýän dünýä» diýen eýýam başlanýar. Onuň ady geljekki onýyllyklara öwüşgin çaýýar. Döwrüň adyny ilkinji gezek «Manýosýu» ýapon şygrynyň antologiýasyndan saýlap alypdyrlar. Şol eser baharyň başynda erik agaçlarynyň gülläp ösüşini beýan edýär. Akihitonyň dolandyran döwri «Heýseý» diýlip atlandyrylypdyr, ol «dünýäniň gazananlary» diýmegi aňladýar. Şondan öň «Sýowa» döwri – «bilimli dünýä» diýlip atlandyrylypdyr.

Doganym Sindzo Abeniň: «Ýaponiýa gadymy wagtlarda «Zipanga – altyn toprak» diýlip atlandyrylypdyr. Ýaponlar ujypsyz gorlaryny peýdalanyp, ýokary hilli harytlary döretmäge hem-de tehnologiýalary kämilleşdirmäge çalşypdyrlar.

Häzir «Altyn toprak» diýen at energetika döwlet bolan Türkmenistana has laýyk gelýär» diýen sözlerini bolsa aýratyn mähirlilik bilen ýatlaýaryn. Sebäbi ol sözler türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň geljeginiň örän uludygyna güwä geçýär.

Türkmenistan Ýaponiýa ylym-tehnologik ulgamda möhüm hem-de geljegi uly hyzmatdaş hökmünde garaýar. Şunuň bilen baglylykda, innowasion serişdeleri döretmekde, nou-haulary ulanmakda, dürli ulgamlarda döwrebap dolandyryş çözgütlerini işläp taýýarlamakda we ornaşdyrmakda ýapon tejribesini almaga çalyşýarys. Şu maksatlar bilen, 2016-njy ýylda Oguz han adyndaky Inžener--tehnologiýalar uniwersiteti döredildi. Ýapon dili bölümi bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty Sukuba uniwersiteti bilen üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. Şol wagt 200-den gowrak talyp ýapon dilini öwrenýärdi we olara ýapon mugallymlarynyň 10-sy sapak berýärdi. Elbetde, bu sanlaryň has ulalandygy bellidir. 2016-njy ýyldan başlap, ýapon dili ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 12-sinde hem-de ýokary okuw mekdepleriniň 5-sinde okadylýar.

Bu meselelerde ýapon tarapynyň edýän tagallalary-da bellärliklidir. Tokionyň halkara barlaglar uniwersitetinde türkmen dili we Türkmenistany öwrenmek ýaly dersler girizildi. Türkmen ýaşlary talyplar üçin dostlukly gatnaşyklary ösdürmek boýunça «MIRAI» ýapon maksatnamasyna hem işjeň gatnaşýarlar.

Dostum hem doganym Sindzo Abe türkmen halkynyň üstünliklerine, türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň berkeýändigine, hyzmatdaşlygyň oňyn netijeleri berýändigine begenýärdi. Ýadyma düşýär, ol Ahal welaýatynda tebigy gazdan benzin öndürýän, dünýäde şu ugurda ilkinji bolan zawodyň ulanyşa berilmegi mynasybetli ýörite Gutlag iberipdi. Onuň bu Gutlagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, bilelikde gol çeken resminamalarymyzyň ilkinji netijeleriniň görnüp başlandygyna, biziň hyzmatdaşlygymyzyň esasy ugurlarynyň biriniň ýurdumyzda gaýtadan işleýän senagaty diwersifikasiýalaşdyrmaga, «Türkmenistanda tebigy gazy netijeli peýdalanmak boýunça Baş maksatnamany» işläp taýýarlamaga gönükdirilendiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

Men hem doganym Sindzo Abeni täze zawodyň açylmagy mynasybetli gutladym we döwletara

gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek hakyndaky aýdan täze teklipleri üçin Premýer-ministre tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdim. Bilelikdäki tagallalarymyz netijesinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, şol sanda täze bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň hasabyna gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna we giňeldiljekdigine ynanýandygymy aýtdym.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň taryhyna ser salsak, 2005-nji ýylyň ýanwar aýynda Aşgabatda Ýaponiýanyň, 2013-nji ýylyň maý aýynda bolsa Tokioda Türkmenistanyň ilçihanalary açylypdy. Bu işler ýurtlaryň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmeginde taryhy wakalar boldy. 2022-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlanyna 30 ýyl doldy. Geçen ýyllaryň dowamynda türkmen-ýapon dostlugynyň, köp ugurly hyzmatdaşlygynyň berk esaslary kemala geldi. Gatnaşyklar dürli ugurlarda işjeň ösdürildi, baý tejribe toplanyldy. Şunda doganym Sindzo Abeniň şahsy goşandynyň, syýasy öňdengörüjiliginiň bardygyny hormat bilen ýatlasym gelýär. Ol

türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň köptaraplaýyn görnüşde, hususan-da, «Merkezi Aziýa–Ýaponiýa» gatnaşygynyň çäklerinde üstünlikli ösdürilmegine uly goşant goşdy.

Men ýene-de doganym baradaky ýakymly ýatlamalara berilýärin. 2019-njy ýylda Onuň Alyjenaby, Ýaponiýanyň Imperatory Naruhitonyň tagta geçmek dabarasyna gatnaşmak üçin Tokioda iş saparynda boldum. Saparyň dowamynda türkmen wekiliýeti ýokary derejedäki döwlet dabaralaryna gatnaşdy. Ýaponiýanyň Premýer--ministri Sindzo Abe bilen duşuşygymyzy henize çenli ýakymlylyk bilen ýatlaýaryn. Şonda biz täze Imperatoryň dolandyrmagynda «Reýwa» atly täze taryhy eýýamyň parahatçylyk, Ýaponiýanyň abadançylygy we rowaçlygy eýýamyna öwrüljekdigine, biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky strategik gatnaşyklaryň bolsa has belent sepgitlere ýetjekdigine ynam bildirdik.

Ýaponiýanyň Hökümetiniň Baştutanynyň öz ýurdunyň Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy geljekde hem ösdürmäge ýokary gyzyklanma bildirýändigi, biziň ýurdumyzy iň

ygtybarly hyzmatdaş we ýakyn dost hasaplaýandygy barada nygtandygyny uly hormat bilen, bu duşuşygyň biziň soňky duşuşygymyz bolandygyny bolsa gynanç bilen ýatlaýaryn.

Elbetde, hut doganym Sindzo Abeniň tagallalary netijesinde bu gün ýyllaryň synagyndan geçen, özara bähbitli ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklarymyzda Ýaponiýanyň esasy maýa goýum hyzmatdaşlarymyzyň biridigini bellemek gerek. Bu gün dostum hem doganym Sindzo Abe bilen bilelikde başyny başlan işlerimiz oňyn netijelerini berýär. Biziň ýurtlarymyz tarapyndan bilelikdäki uzak möhletleýin taslamalar durmuşa geçirilýär. Olar uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary netijeliligini görkezýär. Nebitgaz pudagy, elektroenergetika, ulag we aragatnaşyk, suw hojalygy, dokma hem-de himiýa senagaty, sport, syýahatçylyk, obasenagat toplumy we beýlekiler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljekde-de ösdürilmeli möhüm ugurlarydyr. Türkmenistanyň döwrebap senagat-tehnologik düzümini bolsa geljekde ýurtlaryň ikisi üçin hem Orta we Ýakyn Gündogar, Hazar, Gara hem-de Ortaýer deňizleriniň

sebitleri bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde ulanyp bolar. Biziň ýurtlarymyzyň ynsanperwer ylymlary ulgamynda, hususan-da, Gündogary öwreniş, taryh we arheologiýa, dil bilimi we medeniýetşynaslyk boýunça netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek mümkinçilikleri hem bar.

2021-nji ýylyň iýulynda şol wagt Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary wezipesinde işlän, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň XXXII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň dabaraly açylyş çärelerine gatnaşmak üçin Ýaponiýada saparda bolandygy hemmeleriň ýadyndadyr. Saparyň çäklerinde türkmen wekiliýeti Ýaponiýanyň ýokary derejeli ýolbaşçylary, meşhur ýapon kompaniýalarynyň wekilleri bilen netijeli gepleşikleri geçirdiler. Olaryň netijeleri bu gün aýdyň duýulýar. Biziň ählimiziň bilşimiz ýaly, diňe soňky ýyllarda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda örän iri taslamalaryň ençemesiniň gurluşygy alnyp baryldy. Olaryň arasynda Maryda we Garabogazda karbamid dökünlerini öndürýän zawodlar toplumlarynyň, Türkmenabadyň himiýa zawodynda konsentrirlenen fosfor dökünineň

önümçiligi boýunça önümhananyň, Gyýanlyda polietilen we polipropilen öndürýän zawodyň, Ahalda tebigy gazdan benzin öndürýän senagat toplumynyň, şeýle-de Türkmenabat şäheriniň golaýynda gaz turbinaly elektrik stansiýasynyň gurluşyklary we başga-da köp taslamalar bar.

Iki ýurduň parlamentleriniň arasynda ýola goýlan gatnaşyklar hem ikitaraplaýyn gatnaşyklary baýlaşdyrmaga, kanun çykaryjylyk babatda tejribe alyşmaga ýardam edýär. Häzirki wagtda Hökümetleriň hem-de daşary syýasat edaralarynyň derejesinde, parlamentleriň ugry boýunça yzygiderli gatnaşyklar saklanylýar.

Iki ýurduň halklarynyň arasynda özara düşünişmäge ýardam edýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklar hem ösdürilýär. Türkmenistanda ýapon tagamlary bilen tanyşdyrmak, ýapon kinosynyň festiwaly, ikebana (çemen baglamak sungaty) sungatyny görkezmek, çaýhana we kimono dessurlary, ýapon gurjaklarynyň sergisi ýaly dürli-dürli çäreler geçirilýär. 2017-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa Ýaponiýanyň Tokio we Tendo şäherlerinde Türkmenistanyň Medeniýet

günleri geçirildi. Onda ýurdumyzyň sungat we medeniýet ussatlary tarapyndan eşiklere we halylara salnan milli türkmen nagyşlarynyň, çaphana önümleriniň ýöriteleşdirilen sergileri, ýapon diline geçirilen «Şükür bagşy» filminiň görkezilişi we Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki dabaraly konserti guraldy. Bu netijeli işler dostum hem doganym Sindzo Abe bilen bilelikde başyny başlan işlerimiziň rowaçlanýandygyny aňladýar.

Türkmenistan jenaýatçylygyň, terrorizmiň islendik görnüşde ýüze çykmagyna garşy göreşýär, ony ýazgarýar. Şeýle jenaýatçylygyň we terrorizmiň pidasy bolan Sindzo Abe diňe Türkmenistanda däl, bütin Ýer ýüzünde uly hormatdan peýdalanýan döwlet işgäri, beýik syýasatçy, örän hoşgylaw, pespäl adam bolupdy. Sindzo Abe tutuş ömrüni öz ýurdunyň bähbidine gulluk etmäge bagyşlady. Dünýäniň dürli döwletleri hem-de iri halkara guramalar bilen durnukly, özara hormat goýmak gatnaşyklaryny saklady. Biz hemişe onuň belent adamkärçilik häsiýetlerine uly hormat goýýardyk, onuň bilen dostluk, doganlyk gatnaşyklaryny saklaýardyk. Onuň bilen geçiren

gepleşiklerimiz, halkara derejedäki çärelerde bolan söhbetdeşliklerimiz, duşuşyklarymyz, alşan hatlarymyz baradaky mähirli ýatlamalar hiç wagt ýadymdan çykmaz. Ajaýyp adam, beýik syýasatçy Sindzo Abeniň nurana keşbi biziň ýüreklerimizde ebedilik galar.

2022-nji ýylyň 11-nji iýulynda döwlet Baştutanymyzyň adyndan Sindzo Abeniň ýagty ýadygärligine bagyşlap, gurbanlyk sadakasyny berdik. Oňa Hökümet agzalary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Türkmenistanda işleýän diplomatik missiýalaryň, halkara guramalaryň wekilleri gatnaşdylar.

Men Ýaponiýanyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň ýolbaşçysynyň we wekilleriniň ýanyna baryp, Ýaponiýanyň ilçisine Türkmenistanyň Baştutanynyň adyndan Imperator Naruhito, dostlukly ýurduň Premýer-ministri Fumio Kisida çuňňur gynanç sözlerini ýetirmegini haýyş etdim. Öz adymdan hem-de maşgalamyň adyndan bolsa Sindzo Abeniň ýakynlaryna çuňňur gynanç we duýgudaşlyk bildirdim.

Türkmen halkynyň «Toý bilen ýas bile gelermiş» diýen parasatly pähimi bar. Ýaponiýada ýurduň

ozalky Premýer-ministriniň matam çäresi hem Türkmenistanda bellenilýän Garaşsyzlyk baýramyna gabat geldi. Şeýle-de bolsa biz «Toýa garrama ýok» diýen pähime eýerip, dostlukly ýurtda geçirilýän matam çäresine hem gatnaşdyk.

Bu wakalar Ýaponiýanyň ozalky Premýer--ministriniň ýagty ýadygärligine biziň ýurdumyzda çuňňur hormat goýulýandygyna ýene bir gezek şaýatlyk etdi.

Elbetde, durmuş diýeniň pikir-hyýallaryňda göz öňüne getirişiňden has çylşyrymly, has syrly hem synagly. Biz tutuş türkmen halky bolup, öz dostumyzy pajygaly ýagdaý zerarly ýitirendigimize örän gynanýarys. Türkmençilikde «Ýagşy adam ýatdan çykmaz» diýilýär. Dostum hem doganym Sindzo Abe hem ýagşy adamdy. Onuň ady asyrlar geçse-de, ýatlanyp durlar, bitiren beýik işleri bolsa geljekki nesillere nusga-sapak bolup galar. Asla unudylmaz, gaýtam, geljegi nazarlaýan işleri, başlangyçlary nesillerimiz tarapyndan dowam etdiriler.

Türkmenistan özüniň ýakyn dostuny hemişe ýagşylykda ýatlar.

WATAN – ENÄNIŇ KALBY

Mukaddes Remezan aýynda neberämiz bolup, kalbymyzy lerzana getiren, köňlümizi gam-gussa gaplan ajy aýralygy başdan geçirmeli bolduk. Käbäm ejemden juda düşdük. Elbetde, bu dünýä baky gelen adamyň ýokdugyna düşünýänem bolsam, durmuşyň bu urgusy maňa juda çökder degdi.

Meniň durmuşymda ejemiň orny aýratyndy. Ol entekler gerekdi, ýaşamalydy. Ýöne näme, eliň bilen düzedip bolýan zat däl, takdyra kaýyl bolmaly bolýar. Mähriban käbämi elimizden aldyranymyzdan soň, etjek alajyň ýok, soňky edilmeli işler, ýas dessurlaryny berjaý etmek bilen bolmaly.

Hawa, ähli dessurlar berjaý edildi. Oglum, agtygym we tutuş il-gün bilen tabydy egnimize alyp barýarys. Egnimizde ýüreklerimize agram

salýan juda agyr ýük bardy. Ejem ýanymdaka dünýäm doludy. Ejem bu dünýe bilen hoşlaşansoň, dünýä hem boşap galan ýaly duýulýar. Biz bolsa, göýä ejemi däl-de, bütin dünýäni egnimize alyp barýan ýaly. Şol wagt hem, asla ajy aýralyga döz gelip başlan ilkinji sekuntlarymdan başlap, ömür pursatlary, ejem bilen bagly mähirli ýatlamalar serime dolýar.

Ejem Ogulabat Berdimuhamedowanyň çagalyk döwri geçen asyryň gazaply uruş ýyllaryna gabat geldi. Uruşdan soňky açlyk ýyllarynyň, ondan soňky döwrüň kynçylyklaryny hem ol öz il-güni bilen deň çekişdi.

Ejem özüniň manyly ömrüni il-ýurduna, mähriban ojagyna, nesil terbiýesine bagyş etdi. Ol watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň, maşgala ojagyna wepadarlygyň, milli gymmatlyklara söýginiň belent nusgasyny görkezdi. Zähmetsöýerlik we gaýduwsyzlyk, hoşniýetlilik we myhmansöýerlik, beýlekilere kömek bermäge taýýarlyk, maşgala gymmatlyklaryna wepalylyk onuň häsiýetiniň

tapawutly taraplary bolup duryardy. Onuň bütin ykbaly öz halkynyň ykbaly bilen bagly boldy. Ejem halkymyzyň bu günki bagtly durmuşyna ýagşy arzuw-dileglerini, yhlasyny, umyt-arzuwlaryny siňdirdi. Käbäm ejemde hemme enelere mahsus ýagşy gylyk-häsiýetler jemlenipdi. Her bir adamy zähmet taplaýar. Ejem ömrüň manysyny zähmeti söýmekde, halal ýaşamakda görerdi. Onuň ýönekeýligi, sadalygy hemmämize nusgady. Ol durmuş ýoluny mertlik bilen geçip, nesillerine görelde bolmagy başardy. Kakam Mälikguly aga bilen bilelikde ol biziň mynasyp adamlar bolup ýetişmegimiz üçin kän tagalla etdi. Maşgalada ata – ata ýerinde, ene – ene ýerinde bolsa, perzentler hem durmuşda hökman öz ornuny tapýar. Olar bizi şeýdip ulaltdylar. Türkmençilik däp-dessury barada köp adamlar ejeme geňeş salardylar. Arassaçylyk, zähmetsöýerlik onuň öz perzentlerinden hem edýän esasy talabydy. Ol kitaplary, hatda gündelik gazet--žurnallary okamaga hem wagt tapýardy. Kakamdyr ejemiň beren edep - terbiýesi maňa durmuş ýolunda hemişe medet berip geldi.

Ejem milli gymmatlyklarymyza aýratyn sarpa goýmagy başarýardy. Olaryň döwrebap derejede ösdürilmegine, halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän ýörelgeleriniň dowam etdirilmegine goşandyny goşmagy başardy. Ussat halypa hökmünde bu beýik sungaty nesillere geçirmekde, mynasyp şägirtleri ýetişdirmekde hyzmaty uludyr. Häzirki ýaşlar üçin ejemiň asylly zähmetiniň görüm-görelde, elinden çykan işleriň bolsa bahasyna ýetip bolmajak nusga bolýandygyna, onuň ömür ýolunyň, durmuşynyň görelde mekdebine öwrülendigine buýsanýaryn.

Ejemiň sünnäläp bejeren kürtesi Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde goýuldy. Ejemiň el işlerine, çeperligine sarpam uludy. Men her gezek atçylyk toplumlaryna baranymda, behişdi bedewleriň, täze doglan taýlaryň boýnuna käbämiň ören alajasyny dakmagy endik edipdim. Ejem hakda ýatlamalar köp. Asla, şu wagta çenli ýaşan tutuş ömrümi, bagtly, şadyýan pursatlarymy, aladaly, gamgyn pursatlarymy – bularyň ählisini ejemden üzňe göz öňüne getirmegem mümkin däl.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Men ejem hakdaky gürrüňlere dolananymda, özümi şeýle bir bagtly hem-de örän jogapkärli duýýaryn. Her sapar ejem hakda, eneler hakda bir zat ýazjak bolanymda, mukaddesliklere müň mertebe tagzym edýärin. Özümi gadymy hem müdimi, keramatly düşünjelere uýgunlaşdyrýaryn. Göýäki, mukaddes Käbäniň aramgähine girjek ýaly, hyýalymda kalbymy Aby-zemzem suwy bilen päkleýärin. Bütin durkumy, näme üçindir, tolgundyryjy duýgular gaplap alýar. Çünki enäniň kalby – her ynsanyň ruhy aramgähi. Enäniň ýüregi – her ykbalyň köňül ybadaty. Ene sözünde, «ene» diýen ýekeje sözde dünýäniň ähli manysy, ýaşaýşyň mazmuny jemlenendir. Biziň ähli şatlyk-gaýgylarymyz, ses-sedalarymyz, ruhy owazlarymyz ene sözüne siňendir. Çünki ene sözi Watan sözi ýaly beýiklikdir hem mukaddeslikdir. Eýsem, enäni Watandan aýry, Watany bolsa eneden saýry göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň üçinem ene, toprak, Watan düşünjeleri özara sazlaşyp, täsin bir mukaddes düşünjäni emele getirýär. Çünki toprak Watany, ene bolsa Watan ogullaryny dogurýar.

Men çagalykdan ejemiň hüwdülerini has yhlasly diňläp ulalanymdanmy, bilemok, şu ýaşlarda-da ene hüwdüsine ýüregim telwas edýär. Ejemiň işilen alaja ýüpli sallançak bagyndan tutup, öz hüwdülerinde maňa eden arzuwlaryny gaýta-gaýta diňläsim gelýär. Enäniň öz perzendine edýän arzuwlary daglardan beýik, ummanlardan çuňdur. Şonuň üçin hem ene arzuwlarynyň çürbaşyna çykmak hem onuň many çuňlugyna ýetmek, megerem, mümkin däl bolsa gerek. Çünki ene öz perzendine müňýyllyklara ýeter ýaly ýagşylyk dileglerini edýär. Ejem: «Ene hüwdüsinden gana-gana doýup ulalan çaga soň Watan ogly bolup ýetişýär. Sebäbi Watan, halk, toprak düşünjeleri çaganyň ruhuna ene hüwdüsi bilen girýär. Ene hüwdüsi bilen kalbyňa ornan duýgulary ýeller goparyp, gaý-tupanlar aparyp bilmez.

Ylym – köňül çyragy. Ol çyraglary öz köňlüňizde hem-de perzentleriňiziň kalbynda başardygyňyzça köp ýakjak boluň! Şonda ykbal ýollaryňyz aýdyň bolar. Kalbyňyzyň şamçyragy güýçli nur saçdygyça,

gözýetimiňiz şonça-da uzaklary saýgarar. Elbetde, ýagtylyklarda hem-de ak ýollarda ruhdan düşmeler hem-de kemsinmeler bolmaz» diýip, öwran-öwran aýdardy. Men ejemiň sargytlaryna, maslahatlaryna, mähremligine esaslanyp, ene mähri, ene mukaddesligi tutuş dünýäni saklap duran güýçdür diýen netijä gelýärin.

Ykbal kakam – kyblam Mälikguly Berdimuhamedowy biziň durmuşymyzdan alyp gidende, gözüm ýaşly ile görünmesem-de, kalbymyň gözi bilen kän gözýaşlar dökendirin. Kän mahallap özümi alyp bilmän, aýralyk ýüküni çekip gezdim. Bu halymy duýanlar hem duýgudaşlyk edenler az bolmady. Ýöne ejemiň duýgudaşlygy başgaçady. Men özüne bildirmän, ejemiň gözlerini synlanymy duýman galýardym. Ol gözlerde asyryň agysy, eýýamlaryň hasraty, zamanlaryň gaýraty bardy. Men ejemiň diline getirmedik, ýöne köňlündäki sözlerine düşünjek bolup, ol merdemsi gözlere juda az salymlyk seredip ýetişýärdim. Sebäbi enäniň kalbyndaky gam-hasraty aýan edip duran

gözlere uzak wagtlap seredip durmak mümkinem däldi, oňa ýüregem çydajak däldi. Seredýänimi, synlaýanymy duýsa, gözüne ýaş aýlaýmasyn diýip hem çekinýärdim.

Ejemiň didelerindäki duýgulara eýlenen aýdylmadyk sözler kalbymda şeýle ýaňlanýardy: «Oglum, mert bol! Sen mert atanyň oglusyň! Sen ejizleseň, kakaň ruhy ynjalmaz! Şu çaka çenli biziň ykbal ýükümizi kakaň egninde göterip gezdi. Birem ýegşermedi. Ýekeje ýerde-de ýadadym diýmedi. Kakaň bizi egninde göterip, boýumyzy asmana ýetirdi. Seni Perwerdigär egninde göterip, daga çykardy. Daglar hiç haçan ýegşermeýär. Daglar aglamaýar. Ýöne daglara duýgudaşlyk edip asman aglaýar, daglaryň üstündäki ak garlar eräp, çeşme gözýaşlary bilen baýyrlar aglaýar. Çünki, oglum, daglaryň egninde dünýäniň ýüki, seniň egniňde Watan ykbaly, halkyň ýüki bardyr. Şonuň üçinem daglar lerzan ursa, daşlar pytrar, il garamatyny egnine alan Baştutan ejizlese, halk aglar, Watan aglar, döwür aglar, eýýam aglar. Şonuň üçin hem il ýüki

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



Hormatly Arkadagymyzyň Käbesi
Ogulabat Orazmyrat gyzy



Hormatly Arkadagymyzyň Kyblasy
Mälikguly Berdimuhamet ogly

egniňdekä, hergiz ejizleme! Kakaňa hormat etjek bolsaň, halkyňa şepagat et! Sen döwrüň Hak nazarly perzendisiň! Şonuň üçinem, Magtymguly atamyzyň: «Ýagşy oguldan rehnet arygy akar» diýşi ýaly, halkyň ykbalyna sahawat arygyny, hümmet deryýasyny akdyr! Iliňi agzybir, ýurduňy parahat sakla! Şonda senden Hak-da razy bolar, ene-de. Kakaň ruhuny şat etjek bolsaň, topraga togap edip, Watany hem halkyňy başyňa täç edip ýaşa! Bütin halaýyk saňa bakyp duran mahaly, ejizligi golaýyňa-da getiräýme! Mydama başyňy belent tutup, mert bolup ýaşa, oglum!»

Şonda men içimden şeýle diýipdim: «Kakamy-da, meni-de mertebe belentliklerine ýetiren sensiň, eje! Belki, Watanyň ykbalyny beýgeldýän güýç hem seniň erkiňdedir, eje! Çünki şahyrlarymyz «Dünýäň sallançagy enäň elinde» diýýän bolsa, men bu beýik düşünjä «Dünýäniň ykbaly enäň egninde» diýip, goşant goşasym gelýär. Şonda serime gelen setirleri gysgaltman, owadanlaman, şol durşuna ulanasym gelýär. Sebäbi bu jümleler daglaryň sili deý güwläp, kalbymdan akyp geldi. Diňle, eje! Bular seniň üçin:

Ene beýik – ata beýik!
Ene beýik – Watan beýik!
Ene beýik – perzent beýik!
Ene beýik – döwür beýik!
Ene beýik – daglar beýik!
Ene beýik – dünýä beýik!

Hawa, eje, bular seniň üçin ýaňlanýar. Sebäbi seniň beýikligiňde biziň ykballarymyz beýgeldi. Sebäbi halkyň hem Watanyň ýüküni pederler göteren bolsa, sen dünýäniň derdini hem ýüküni öz egniňde hem ýüregiňde göterensiň! Sen adamzadyň ykbalyny ýüregiňde göterensiň.

Şol gussaly günlerde menem ejemiň aglamazlygyny isleýärdim. Şonuň üçinem, daşyma çykaryp bilmedik sözlerimi içimden gaýtalaýardym. «Eneler hiç wagt aglamasyn, eneler aglasa, dünýä aglaýar, adamzat aglaýar. Sen hiç haçan aglamaly bolma, eje! Men Watan üçin, halkym üçin, peder ruhlary üçin, esasanam, eje jan, hut seniň üçin başymy orta goýandyryn, eje! Men sen hakdaky aladalarymy daşyma

çykarmasam-da, bu duýgulary mydama kalbymda göterip gezýärin».

Elbetde, bu oý-pikirlerimi daşyma çykaramok. Olary kagyza geçirmegem aňsat däl. Ýöne men ejemiň meniň halymdan habarlydygyna ynanýaryn. Sebäbi eneler perzentleriniň dile getirip bilmedik sözlerini duýup ýaşaýar. Şonuň üçinem:

Ene – keramat!

Ene – gudrat!

Ene – sahawat!

Ene – dowamat!

Ene – ýaşaýyş!

Enäniň kalbynda Allanyň ruhy bar.

Enäniň ýüreginde Perwerdigäriň mähri bar.

Enäniň ykbalynda dünýäniň bagty bar.

Ýazlar ene diýip gülleýär.

Sazlar ene diýip ýaňlanýar,

Dag-düzler ene diýip läle-reýhan bolýarlar.

Deňiz-derýalar, ummanlar ene mähriden möwç alyp tolkunýar.

Guşlar, bilbiller ene diýip saýraýar.
Ene hakda oýa batanymda aýdymyň:
«Balam üçin şirin janym bereýin,
Başyňa döneýin, balama degme!»

– diýen setirleri ýygy-ýygydan ýadyma düşýär. Belki, bu owazlar her bir enäniň ýürek agysy, kalbynyň senasydyr?! Sebäbi eneler özi üçin ýaşamaýarlar, perzentleri üçin ömrüni dowam edýärler. Çünki eneleriň ömrüniň manysy terbiýeläp ýetişdiren perzentleriniň ykbalynda has aýdyň hem ýagty şöhlelenýär.

«Ata göreldesi – ogla, ene göreldesi gyza ýörelge» diýen jümle serime gelýär. Sebäbi meniň kakamdan öwrenen, göz alan zatlarym gaty kän. Kakam meniň ruhy dünýäme mertligi, lebizliligi, ygrarlylygy, durmuşa çydamlylygy, birsözlüligi... ýene kän-kän derwaýys düşünjeleri ornaşdyrdy. Belki, bu düşünjeler söz bilen däl-de, kakamyň hereketlerinden hem-de nesil dowamatyndan geçendir. Men mydama kakama meňzemäge çalyşdym. Ýöne ýüregime bir ünji düşende ony

kakama däl-de, ejeme aýdanymy kem görmedim. Çünki kakam meniň çagalyk ýalňyşlyklarym üçin käýemegi mümkin diýen düşünjäm bardy. Ejeme köp zady aýdardym. Meniň kalbym dost-ýarlarym hem doganlarym, hatda kakam üçin syr bolsa-da, ejem üçin syr däldi, ejem üçin ähli duýgularym Aý dogan ýaly aýdyňlykdy. Sebäbi ejeme ähli duýgularymy özüm meýletin baryp aýdardym. Aýtmanymda-da, ejem kalbymdakyny gözümden okap durdy. Onsoňam ejem bilse, soňlugy bilen kakamam bilerdi. Görüp otursam, perzendi bilen bagly zady ejemem kakamdan gizlemeýän bolmaly. Ýöne ejem men hakdaky gürrüňleri, umuman, perzentleri hakdaky wakalary kakama örän ýiti kalp süzgüjinden geçirip aýdandygyna indi-indiler düşünip ýörün.

«Enesini gör-de, gyzyny al, gyrasyny gör-de, – bizini» diýen türkmen nakylynyň üstünde-de kän duranymy bilmän galýaryn. Maşgalamyzda el hünäri türkmençiligiň bozulmaz kadasyna öwrülipdi. Ejem öz el işlerine söýgüsini,

mähirdir yhlasyny siňdirerdi. Elbetde, ejem gyz doganlarymyň, uýalarymyň edep-terbiýesini-de birjigem ünsden düşürmeýärdi. Ejem uýalaryma öwüt berende, olara gatyrganmazdy, hiç haçan gygyrmazdy. Ýok, şu edeniň bolmandyram diýmezdi. Olara edebi öz hereketleri, oturyp-turşy, töwerege, adamlara gatnaşyklary bilen düşündirmäge çalşardy. Köplenç bolsa, halk döredijilik eserlerine, nakyllara, tymsallara ýüzlenerdi. Ejemiň gyzykly gürrüňlerini diňläp oturyşyma, olaryň köpüsi meniňem ýadymda galypdy. Şu ýerde ejemiň ene hakynda gürrüň beren rowaýatynyň birini ýatlamak isleýärin. Ol ýüreklerde enä bolan söýgini, hormaty has-da artdyrýar diýip hasap edýärin. Ynha, şol rowaýat:

«Gadym zamanlarda bir garry enäniň ýekeje ogly bolupdyr. Ol öz ömrüniň manysyny we dowamyny şol ýalňyz oglunda görüpdir. Bar zadyny şoňa bagyşlapdyr, ähli aladasy ýalňyz balasy bolupdyr. Wagt geçipdir. Çaga ösüp, ulalyp, uly ýigit bolup ýetişipdir. Ene balasynyň uly adam

bolup ýetişenine juda begenipdir. Ýaş ýigitde nesliniň dowamyny görüp, begenjinden başy göge ýetipdir. Hojalygynyň artyk-süýşük zatlaryny ýygnap, perzendini öýlendirmegiň arzuwynda ýaşapdyr. Ýöne, näme, durmuş durmuş bolýar. Sen ony däl, ol seni öz akymyna alyp gidýär. Olaryň durmuşynda-da şeýle bolupdyr. Enäniň ýalňyz perzendi duýdansyz keselläp, başyny ýassyga beripdir. Ene biçäre dünýäniň ot-çöplerini, däri-dermanlaryny, tebip-lukmanlaryny tapyp getiripdir. Ýöne näsag bularyň hiç birinden şypa tapmandyr.

Garry enäniň sandygynda bir bilezik bar eken. Bu gymmat bahaly bilezik olaryň maşgalasynda arkama-arka nesilden-nesle geçip gelipdir. Ol gadymy hem gymmatly eken. Enäniň öýünde diňe şol galypdyr. Günlerde bir gün ýat ýerden gelen tebipleriň biri bu näsag ýigidiň emi sary reňkli towugyň çorbasy diýip sargapdyr. Garry ene sandygyndaky şol bilezigi alyp, bazara gidipdir-de, bir sary reňkli towuga çalşyp gelipdir. Onuň çorbasyny balasyna içiripdir.

Gije-gündiz ýanynda oturyp, ýagşy dilegler edipdir. Ýöne biçäräniň ähli tagallalary tamamlanypdyr we ýigide gelen derde hiç-hili çäre tapylmandyr. Ol gije-gündiz näsag ýatan ýalňyz oglunyň başujunda oturyp, zar-zar aglapdyr.

Ol: «Eý, Alla jan, özüň medet ber, özüň bu derde çäre salgy ber, balama şypa berjek diňe sensiň!» diýip ýalbarypdyr. Ene şeýdip ençeme gije-gündizini aglap geçiripdir. Bir gün bolsa irgözinden turupdyr-da tesbisini eline alyp, balasynyň daşynda pelesaň urup, Hudaýa nalyş edipdir. «Eý, Alla, eý, Taňry, men bütin ömrümi şu çaga bagyşladym. Ony ulaltdym, sakladym, adam etdim. Indi meniň köpüm geçip, azym galdy. Görjegimi gördüm, ömrüm paýawlap barýar. Uzak ýaş berdiň, men müň keren razy. Meniň haýyşym bar, şony kabul et! Şu balamyň derdini maňa geçir, onuň ýaş başy bar, durmuşyň hözirini görsün, halkyna, Watanyna hyzmat etsin! Eý, Alla, şu balamyň keselini maňa geçir!» diýip ýalbarypdyr.

«Allanyň özüni görmeseň hem, gudratyny görýänsiň» diýleni hak bolupdyr. Allanyň gudraty

bilen agyr hassa ýuwaş-ýuwaşdan ganymatlaşyp, bäri bakypdyr. Ýöne şondan birnäçe gün geçenden soň, ene keselläp, başyny ýassyga beripdir. Onuň keseli gün-günden beterleşipdir.

Ýaş ýigit sagalyp gidiberipdir. Ol öňküsi ýaly, hojalygyny dolandyryp başlapdyr. Balasynyň keseli özüne geçen ene bolsa tiz wagtdan ýagty jahan bilen hoşlaşypdyr».

Bu rowaýat enäniň perzendine bolan mizemez söýgüsiniň kepilidir. Şonuň üçin ene-atany ynjytman saklamak perzent üçin mukaddes borçdur. Sebäbi çaga ene-atanyň bir bölegidir.

Eneler dünýäniň ebediliginiň ygtybarly kepilidir.

Eneler ýaşaýşyň gözbaşydyr we dowamatydyr.

Eneler göwünleri awlamagy başarýandyrlar, ony başarýan ynsan ähli zady gazanyp biler.

Eneler beýik şahsyýetleri dünýä getirip bilýän ylahy gudratdyr.

Eneler tebigat bilen ynsanyň arasyndaky täsin bir sazlaşykdyr.

Ene kalby dünýäniň beýik eseridir.

Enäniň keşbi ýazyjy-şahyrlaryň, akyldarlaryň, bagşylaryň, heýkeltaraşlaryň, garaz, her bir döredijilik işgäriniň ylham çeşmesidir.

Eline galam alan döredijilik işgärleriniň ene hakda eser döretmedigi ýok bolsa gerek. Ene hakyndaky eserler barada gürrüň açylanda, ilki bilen, Maksim Gorkiniň «Ene» romany, Magtymguly Myşşyýewiň «Ene» atly sahna eseri aňymda janlanýar. Gara Seýitliýewiň «Ene elleri», Gurbandurdy Gurbansähedowyň «Enedir ene», Aşyr Mämiliýewiň «Jan enem» ýaly aýdyma öwrülen goşgulary kalbymy lerzana getirýär.

Enäniň kalby – mukaddes ybadathana, metjit, medrese.

Enäniň kalby – ruhy aramgäh.

Enäniň kalby – duýgular ummany, aňyýet dünýäsi.

Enäniň kalby – ýetilmedik arzuwlaryň hyýaly wysal bolýan jaýy.

Enäniň kalby – öwlüýä.

Enäniň kalby namazlyk ýaly mukaddesdir hem-de Allanyň öýi deýin halaldyr, päkizedir.

Şonuň üçin hem, haçandyr bir mahal durmuşda azaşaryňyza garaşyp ýörmän, iň bir bagtyýar wagtyňyz enäniň kalbyna ybadat edip durmaly. Enäniň kalbyna başyňy egseň, ol seni ähli dertlerden, garaşylmadyk heläkçiliklerden, ýalan töhmetlerden, tebigy hadysalardan, göze görner--görünmez bela-beterlerden halas edip durýar. Çünki ene seniň howandaryň, ene kalby bolsa seniň halasgäriňdir.

Men ejemiň çagalaryny daşyna üýşürip, kän sapar aýdyp beren rowaýatlaryny ýatlaýaryn. Olar kän. Özem olary hut ejemiň dilinden eşidenimizden soň, bu rowaýatlaryň gadyry meniň üçin has-da artyk. Şol rowaýatlaryň süňňünde ejemiň ýürek mähri, öwüt-pendi, hiç kimiňkä meňzemeýän kalbynyň owazy bar. Ine, olaryň käbiri:

«Bir gezek jahany keşt edip ýören adamlaryň biri alymyň ýanyna baryp: «Maňa bir ömre ýeterlik maslahat ber!» diýipdir. Diňe kitaplary däl, durmuşy hem okap bilýän, oňa çuňňur düşünýän alym:

«Oglum, şu dört zada amal etseň, işleriň hemişe ugruna bolar. Birinjisi, diňe ýagşy zatlary sözle ýa-da dym; ikinjisi, hiç hili ähmiýeti ýok zatlara güýmenme; üçünjisi, gaharlanma, gaharlanma, gaharlanma; dördünjisi, özüňe isleýän gowy zatlaryňy beýlekilere hem rowa gör» diýipdir. Adam balasy, diline erk edip bilse, diňe ýagşy zatlary ýaýsa; gerekmejek zatlara wagtyny sarp etmese, ünsüni diňe ähmiýetli, çyndanam peýdaly amallara gönükdirse; gaharyna bäs gelip, özüne erk edip bilse; hemmelere päkize niýetli, arassa ýürekli garasa, ýagşy dileg-dogaly bolsa, ýardam etse, arkalaşsa, ol ynsan bagta, deprenmez döwlete mynasyp boljak ynsandyr» diýip, alym-akyldar maslahat beripdir.

...Bir adam uzak ýola sapar-syýahata çykypdyr. Dag eteklerinden gyrmyldap barýarka, birdenkä öňünde ullakan aždarha gözi düşüpdir. Ýoly tutup ýatan ekeni. Başga-da birnäçe adamlar ol ýerde geçip bilmän, sary-sadylla bolup duran ekenler. Şol wagt niredendir bir ýerden ýüzi

nurana birnäçe adam peýda bolupdyr-da, ýaňky aždarhany elindäki hasa bilen turzup, ol ýerden gider ýaly edipdir. Ýaňky adam duýdansyz peýda bolan bu nurana ýüzli adamlaryň ýanyna baryp: «Tüweleme, güýç görkezmezden aždarhany ýoldan sowlar ýaly etdiňiz. Siz kim? Ynsanmy ýa perişdemi?» diýip soranda, ýaňkylar: «Biz seniň bilip we hatda bilmän eden ýagşylyklaryň. Bilip ýa bilmän ediň, tapawudy ýok, ýagşylyklar duýdansyz dadyňyza ýetişýän perişdelerdir» diýipdirler».

Ejem bize hemişe ýagşylyk etmegi, ýagşy niýetde bolmagy ündärdi. Asylly häsiýetleriň her birini dürli tymsallar, rowaýatlar bilen düşündirerdi. Mähriban käbämiň iň köp sargaýan zatlarynyň biri-de birek-birege arkalaşmak, birek-birege ýardam-kömek etmekdi. «Siz birine kömek edýärkäňiz, Biribar hem size kömek etmegi dowam eder» diýerdi.

Ejem biziň köňül baýlygymyzy artdyrmak hem-de enelere bolan söýgi duýgusyny oýarmak

maksady bilen, halk döredijiliginden kän-kän zatlary aýdyp bererdi. Köplenjem «Şasenem-Garyp» dessanynda Garyp bilen eneli-gyzyň arasynda bolup geçýän pursatlara ýüzlenerdi. Aýdymçy Gurban Gummanowyň ýerine ýetirmegindäki «Ene, men Garybam, Garyp» diýen aýdymy bolsa, radioda aýdylanda, gözüne ýaş aýlap diňlärdi. Çünki ene ýüregi perzende gezek gelende juda ýuka hem elendiriji bolýar. Ejem «Şasenem-Garyp» dessanyndan Garybyň aglamakdan iki gözi kör bolan enesi bilen uýasynyň öýüne myhman bolup barşy, olaryň arasynda bolýan gürrüňler, Garybyň eline dutar alyp, enesine ýüzlenip aýdym aýdyşy baradaky parçany has köp gürrüň bererdi.

Ol: «Eger birdenkä men Garypdyryn diýsem, Garyp ekenligimi oňa aýtsam, ýüregi ýarylyp öler, nähili bolsa-da, söz bilen başlaýyn» – diýip, Garyp bir gazal aýtdy» – diýip, pessaýdan ýakymly sesi bilen gürrüň berende, öz ýüregine

ýakyn hasaplaýan «Ene, men Garybam, Garyp» aýdymyna hiňlenende, biz özümizi wakalaryň içinde ýaly duýardyk.

Ejem şeýdip biziň ruhy dünýämiziň baý bolmagyna-da elinden gelen goşandyny goşdy. Çünki ynsan duýgy bilen, mähir bilen adam. Haçan-da, ynsanlar biri-biriniň derdini duýup hem deň paýlaşyp ýaşanlarynda, durmuş gözelleşip, kalbyňda ýaşaýşa söýgi möwç urýar.

Ejem nusgawy şahyrymyz Mämmetweli Keminániň: «Meniň dilim, seniň eliň hünäri, nusga bolup galsyn ilden-illere» diýen setirlerini gaýtalamagy gowy görerdi. Belki, bu hem perzendi hünäre ugrukdyrmagyň täsirli görnüşidir. Sebäbi uýalarym ejemden görelde alyp, ussat, çeper elli hünärmenler bolup ýetişdiler. Kakam bilen ejem ähli aýal doganlarymyň hem-de meniň ýokary bilimli bolmagymyz üçin uly alada etdi. Çeper ellilik seniň hünäriň, ýokary bilim bolsa seniň käriň hem ykbalyň bolup durýar. Ejem bizi ylym dünýäsine

ugrukdyranda, esasanam, dürli nakyllary aýdyp, okuwa höwesimizi artdyrardy.

Ejemiň bilim almak babatda türkmen halk döredijiliginden hem-de atalar sözlerinden saýlap alan nakyllarynyň köpüsini «Paýhas çeşmesi» atly kitaby taýýarlanymda täzeçe öwüşginde ulanyşym ýadyma düşýär. Sebäbi ejemiň her sözi, her bir jümlesi meniň üçin döredijilik çeşmesi bolup durýar.

Enäniň kalby – ylym-bilim ojagy.

Enäniň kalby – mähir-muhabbetiň, edep--ekramyň, haýyr-sahawatyň, hoşniýetliligiň, egsilmez sahawatyň hümmet ýaýlasy.

Adamyň ilkinji Watany enäniň ýyly gujagydyr. Sebäbi ynsan bäbeklikden şol gujakda ýaşaýar, dil çykarýar, çaga nazarlary bilen ýaşaýşa gözi düşýär, agy-garany saýgarýar.

Adamyň iň gözel häsiýetleriniň kemala gelýän Watany mährem enäniň elleriniň aýasydyr. Çünki enäniň elleri başyny sypasa, şol adam gowy häsiýetli bolýar.

Men ejemiň gürrüňlerini diňläp ulaldym hem-de nädip ýetginjeklige, ýaşlyga, ýigitlige ýetenimem duýman galypdyryn. Ynha, indi bolsa ýetmişiň onlugyny külterläp barýaryn hem-de ejemiň ähli arzuwlarynyň meniň ykbalymda hasyl bolanlygyna müň mertebe şükür edýärin we ejemiň: «Aty söý, ataňy söý, Watany söý!» diýen jümleleriniň öňüne üç gezek «Ejeňi söý!» diýip goşup gaýtalaýaryn hem-de «Ejeňi söý! Ejeňi söý! Ejeňi söý! Ataňy söý, Watany söý! Atyňy söý!» diýen tertipde çagalarymyň, ýaşlarymyzyň gursagyna guýýaryn. Çagalarym, ähli türkmen ýaşlary hem bu tertipde ejemiň aýdan mukaddesliklerini nesilden-nesle geçirer diýip umyt edýärin!

Käwagt meniň ömrümiň iň bagtly pursatlary haýsy pursatlar bolduka diýip oýlanýaryn. Her bir enäniň esasy maksady – perzendini edep-terbiýeli ösdürip ýetişdirmek, ony ile goşmak. Şoňa görä-de, perzent üçinem ata-enesini razy etmekden, olaryň

ynamyny ödemekden uly bagt ýokdur. Adam ömrüniň iň gymmatly, bagtly günleri eneli-ataly pursatlarydyr, olar bilen bilelikde geçirilen günlerdir. Ömrümiň iň bagtly pursatlaryna, ilki bilen, ejemden, ýurduň dürli künjeginde ýaşaýan enelerden alkyş alan pursatlarymy hem goşup bilerdim diýip pikir edýärin.

Çünki ene bagtly, halk bagtly!

Ene bagtly, Watan bagtly!

Ene bagtly, döwür hem dünýä bagtly!

Men eziz eneleri, şol sanda mähriban ejemi razy edip bilen bolsam, maňa dünýäde şondan uly bagt ýok. Çünki Watan eneleriň bagtyndan gülleýär. Eneleriň alkyşlaryndan ykballar gülleýär.

Dünýäde Watan baky!

Dünýäde ene baky!

Bakylyklar hakyndaky söhbetler bolsa hiç haçan soňlanmaýar!

Türkmençilikde müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen, ata-babalarymyzyň ýörelgesine

öwrülen däp-dessurlarymyzyň berjaý edilişine hemişe-de aýratyn üns berilýär. Ýöne, göwnüme bolmasa, ýas dessurlaryna gezek gelende, has-da jogapkärli çemeleşilýän ýaly. Ähli zat göwne laýyk, ýerbe-ýer, ähli hereketler ylalaşykly, sazlaşykly bolmaly. Bu zatlar merhum bolan ynsanyň ömrüne berilýän bahanyň, oňa goýulýan sylag-hormatyň, sarpanyň hem özboluşly ýüze çykmasydyr diýip düşünýärin.

Ejemi hem ähli ýas däp-dessurlarymyzy berjaý edip, kakam pahyryň ýatan öwlüýäsine alyp bardyk. Kakamyň gapdalynda jaýladyk. Biri-birine ýanaşyp oturan goşa gubur... Olarda meniň mähribanlarym, özüme iň ýakyn ynsanlar bar. Indi olaryň diri didaryny ýekeje gezek görjek gümanyň ýok. Bu ajy hakykat ýüregiňi endiredip, bagryňy iýip barýar. Ýöne birek-birege düşünişip, agzybirlikde ýaşamagyň nusgasyny görkezen mähribanlarymyň ýanaşyk ýerleşip, täzeden biri-birine gowşan ýaly bolandygy hakyndaky duýgy ýaraly ýüregime biraz teselli berýär.

Milletiň käbesi ejem hem, kakam hem külli musulman dünýäsinde aýlaryň serweri hasaplanylýan mübärek Remezan aýynda bakyýete göç etdi. Munuň hem öz hikmeti bar diýlip hasap edilýär. Remezan aýynda bu dünýe bilen hoşlaşanlar Allatagalanyň sylan bendeleri diýlip düşünilýär. Mähribanlarymy Hak hem sylady, halk hem sylady. Halk bolsa sylan adamyna ýüreginiň töründen orun berýär. Diýmek, kakam hem ejem pahyr biziň her birimiziň, tutuş halkymyzyň ýüreginde baky ýaşar.

Şu ýylyň 14-nji aprelinde Arkadagly Serdarymyz – hormatly Prezidentimiz bilen paýtagtymyzdaky Hezreti Omar metjidinde mähriban käbämiň ýedisini berdik. 18-nji aprelde bolsa Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky Abyl Işan öwlüýäsine zyýarat etdik, kyblam Mälikguly aganyň, käbäm Ogulabat ejäniň aram tapan ýerine baryp, olaryň ruhuna aýat okadyk, ýatan ýerleriniň ýagty, jaýlarynyň jennet bolmagyny dileg etdik. Şol

ýerde kyblam Mälikguly agany, mähriban käbäm Ogulabat ejäni hatyralap, agzaçar sadakasyny berdik.

Ýas dessurlaryna gatnaşan, gamgyn günlerimizde hasratymyzy paýlaşyp, duýgudaşlyk bildiren, medet beriji sözlerini aýdan ildeşlerimiziň, daşary ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň – kärdeşlerimiň, belli syýasatçylaryň, beýleki meşhur şahsyýetleriň sany has köp boldy. Men olaryň ählisine-de tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýärin.


Goý, mähribanlarymyň jaýlary jennetde, ruhlary şat bolsun!

BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNY DIKELTMEK UGRUNDA

Hormatly okyjym!

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar hemmetaraplaýyn strategik häsiýeti, uzak möhletleýinligi, iki ýurduň we sebitiň halklarynyň bähbitlerine gönükdirilenligi bilen tapawutlanýar. Biziň özara gatnaşyklarymyzyň ilerlemeginde, öňe gitmeginde Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň bitiren işleri örän uludyr. Bu meşhur syýasatçy, görnükli döwlet işgäri, hoşniýetli ynsan bilen aramyzdaky şahsy gatnaşyklarymyz dostluga, doganlyga öwrüldi. Biziň ähli duşuşyklarymyzda eden söhbetlerimiz ýürekdeşlik, birek-birege ynanyşmak, düşünişmek ýagdaýynda geçendigi, aýratyn ýakymlylygy bilen ýadymda galdy.

Ýakynda meniň dostum Si Szinpin Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy wezipesine gaýtadan saýlandy. Bu hoş habar tutuş türkmen halkyny örän begendirdi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan



Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpini ýokary döwlet wezipesine gaýtadan saýlanmagy bilen gutlady.

Men hem Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpini ýokary döwlet wezipesine gaýtadan saýlanmagy bilen gutladym. Ýokary döwlet wezipesine gaýtadan saýlanmagy dostum Si Szinpiniň döwlet dolandyryşy babatda öňe sürýän konsepsiýalarynyň we pikirleriniň hytaý halky tarapyndan doly goldanylýandygynyň, şeýle hem durmuşa geçirilýän netijeli içeri we daşary syýasatynyň üstünlige beslenýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak we ynanyşmak ýörelgeleri esasynda mundan beýläk-de ösdüriljekdigine, iki ýurduň halklarynyň bähbidine has-da pugtalandyryljakdygyna ynanýaryn.

Doganym Si Szinpine tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk we jogapkärli döwlet işinde täze üstünlikleri, Hytaýyň dostlukly halkyna bolsa parahatçylyk, abadançylyk hem-de gülläp ösüş arzuw edýärin. Türkmen-hytaý dostlugynyň berkemeginiň hormatyna şu kitabymda Hytaý Halk Respublikasynyň «Ženmin Žibao» gazetiniň haýyşy boýunça ýazan makalamy hem ýerleşdirmegi makul bildim.

Türkmenistan – Hytaý: bilelikde ilerlemegiň hem-de gülläp ösüşiň ýoly bilen

«Ženmin Žibao» gazetiniň teklibine höwes bilen seslenip, bu hormatly we abraýly neşiriň sahypalarynda Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň barşy hem-de geljegi barada käbir pikirlerimi paýlaşmak isleýärin.

Biz şu ýyl möhüm ähmiýetli ýubileýi – Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyny belledik. Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklaryň köpýyllyk taryhy bardyr. Şol döwürleriň dowamynda iki halkyň arasynda birek-birege düşünmek, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň, dünýägaraýyşlaryň özara alyşmasy ýaly peýdaly ösüşler bolup geçdi. Ýurtlarymyzy birleşdirýän Beýik Ýüpek ýoly diňe bir özara bähbitli

söwda alyş-çalşygy üçin däl, eýsem, giň siwilizasion gatnaşyklar üçin hem köpri bolup hyzmat etdi. Şu nukdaýnazardan, gatnaşyklarymyzyň taryhyna şu günki ýagdaýdan baha bermek bilen, türkmenleriň we hytaýlylaryň ykbalynda ol uly orna eýe bolandyr diýip hasap edýärin.

Häzirki şertlerde şol pugta esasdaky bu özboluşly tejribäniň mirasdüşerleri we dowam etdirijileri bolan biz hyzmatdaşlygymyzy ösdürýäris, çuňlaşdyrýarys, dowamatlylygyny üpjün edýäris. Bu gün Türkmenistan bilen Hytaý birek-birege ynanyşmagyň we düşünişmegiň gazanylan derejesine buýsanyp bilerler. Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklara, söz ulaltmazdan, nusga alarlyk diýmek isleýärin. Dürli ugurlarda oňyn hyzmatdaşlygyň usullary ýola goýuldy, pugta hukuk binýady döredildi. Hökümet derejesinde netijeli gatnaşyklar amala aşyrylýar, telekeçilik düzümleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, medeniýet we ylmy işgärleriň arasynda, partiýa hem-de parlament ugurlary boýunça gatnaşyklar giňelýär. Iki döwletiňdir halkyň arasynda özara ýakynlaşma, geljek onýyllyklary öz içine alýan dostluga we hyzmatdaşlyga berk esas döredýän hakyky döredijilik ösüşi dowam edýär.

Türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň häzirki many-mazmuny ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary we geljegi, ählumumy ösüşiň meýilleri babatda doly düşünişmekden ybaratdyr. Ýer ýüzünde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, syýasy, milli, dini ekstremizme, terrorçylykly howplara garşy durmak meselelerine çemeleşmelerimiziň ýakyndygy ýa-da meňzeşdigi munuň iň möhüm şerti bolup duryar. Biz Hytaý bilen bilelikde halkara işlerde deňhukuklylyk, adalatlylyk, Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilmegi ugrunda çykyş edýäris. Dünýä jemgyýetçiliginiň ählumumy howplara netijeli jogap bermek üçin görýän çärelerini goldaýarys. 2013-nji ýylyň sentýabr aýynda strategik hyzmatdaşlygy ýola goýmak hakynda bilelikdäki Jarnama gol çekip, biz hyzmatdaşlygyň täze, has ýokary derejesine çykdyk. Bu resminama häzirki wagtda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklaryň binýadyny emele getirýär, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häsiýetini, ugruny we mazmunyny kesgitleýär. Şu ýerde men Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistana halkara giňişlikde, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynda öňe sürýän başlangyçlaryna berýän goldawyny aýratyn bellemek isleýärin.

Türkmenistan, öz gezeginde, hytaýly hyzmatdaşlarymyza, şol sanda Hytaý Halk Respublikasynyň çäkleriniň bitewüligine we jebisligine degişli möhüm meselelere öz çemeleşmelerini hemişe aç-açan, gönümel kesgitleýär. Biz «Bitewi Hytaý» syýasatyna pugta eýeryýäris hem-de arabozarlygyň dürli ýüze çykmalaryna garşy çykyş edýäris. Şeýle-de köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmazlygy, Birleşen Milletler Guramasyny we onuň Howpsuzlyk geňeşini özgertmek, Owganystanda parahatçylygy dikeltmek, energiýa we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek üçin täsirli çäreleri görmek ýaly möhüm meseleler boýunça garaýyşlarymyzyň umumydygyny beýan etmegi zerur hasaplaýaryn.

Merkezi Aziýadaky ýagdaýlary ara alyp maslahatlaşmak türkmen-hytaý dialogynyň gün tertibinde aýratyn orny eýeleýär. Bu meselede-de biziň ýurtlarymyzyň esasy garaýyşlary ýakyndyr: Türkmenistan hem, Hytaý Halk Respublikasy hem köptaraplaýyn bähbitleriň deňeçerligi, ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin syýasy-diplomatik usullara ygrarlylyk esasynda sebitde pugta howpsuzlyk ulgamyny döretmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Bu meselelerde Türkmenistan we Hytaý dünýä jemgyýetçiliginiň jogapkärli agzalary hökmünde çykyş edýärler. Özara gatnaşyklar üçin sebit usullarynyň döredilmegine uly goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, Hytaýyň sebitleýin işlerde hem syýasy, hem ykdysady taýdan netijeli ornuny, Merkezi Aziýada hyzmatdaşlyk meselelerine çemeleşmelerinde oýlanyşyklylygyny we deňagramlylygyny bellemek isleýärin.

Häzirki wagtda Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasyny utgaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Häzirki zaman şertlerinde özara bähbitleriň bolmagy Türkmenistana we Hytaýa bu strategiýalary durmuşa geçirmegiň çäginde hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik berýär. Bularyň ikisi hem Ýuwaş ummandan Atlantik ummanyna çenli ägirt uly giňişligi döwrebap ýörelgelerde birleşdirip, Ýewraziýanyň ykdysady ösüşine güýçli itergi bermäge gönükdirilendir. Olar birek-birege bagly bolan önümçilik we tehnologik ulgamlary, senagat guşaklyklaryny döredip, köp sanly durmuş meselelerini çözmegi, halklaryň ýaşaýyş derejesiniň, hal-ýagdaýynyň hilini ýokarlandyrmagy üpjün eder.

Men geoykdysadyýetiň yklymymyzdaky täze keşbiniň binýadynyň hyzmatdaşlygyň diwersifikasiýasy bolmalydygyna ynanýaryn. Munuň özi obýektiw ýagdaýdyr we onda islendik netijeli pikirler, strategiýalardyr başlangyçlar gyzyklanmalaryň hem-de uzak möhletleýin maksatlaryň utgaşmasy esasynda biri-biriniň üstüni doldurmalydyr. Şu nukdaýnazardan, «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» taslamasy öz filosofiýasy we geoykdysady manysy boýunça Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» atly ählumumy başlangyjy bilen baglydyr diýip hasaplaýaryn.

Ýangyç-energetika pudagy Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň möhüm ugry bolup duryar. Elbetde, bu ugurda döwletlerimiziň uly mümkinçilikleri bar. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan – Hytaý strategik gaz geçirijisiniň gurulmagy we ulanmaga berilmegi munuň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi deňhukuklylyga, özara artykmaçlyklara düşünmäge, gaz geçirijiniň işe başlamagy bilen açylan geljegi we mümkinçilikleri giňden görmäge esaslanan hakyky hyzmatdaşlygyň nyşany boldy. Şeýle-de munuň özi energetika taslamalaryna

gatnaşyjylaryň ählisiniň – öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, sarp edijileriň hem gyzyklanmalarynyň deňeçerligini üpjün etmek maksadynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagydyr.

Häzirki wagtda biz Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysadyýetiniň barha artýan zerurlyklaryny we Türkmenistanyň serişdeler binýadynyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, türkmen tebigy gazyny ibermegiň möçberini artdyrmak meseleleriniň üstünde işleýäris. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistandan Hytaýa 4-nji turba geçirijini çekmegiň mümkinçiliklerini jikme-jik ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyrys.

Iki tarap hem ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Şoňa görä-de, biz Hytaýa Aziýa – Ýuwaş umman sebitinde iň möhüm hyzmatdaşymyz hökmünde garaýarys. Hut ulag ulgamy biziň daşary ykdysady syýasatymyzyň strategik taýdan ileri tutulýan ugry bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistan hyzmatdaşlar bilen bilelikde Gündogar – Günbatar we Demirgazyk – Günorta ugurlary boýunça birleşdirilen görnüşli giň üstaşyr ulag hem-de logistik üpjünçilik ulgamyny döredýär. Geljekde ol Hazar, Gara deňiz we Baltika sebitlerine barýan üstaşyr geçelgeleri öz içine alar.

Bu bolsa Aziýa – Ýuwaş umman sebitinden Merkezi Aziýanyň üsti bilen Ýewropa we Ýakyn Gündogar bazarlaryna amatly guruýer ýoluny açýar. Şeýlelikde, Türkmenistan bilen Hytaý üçin hyzmatdaşlygyň ägirt uly mümkinçilikleriniň dörejekdigine ynanýaryn.

Munuň özi Türkmenistanda ulag we kommunikasiýa pudaklarynda, Hazar deňzinde kenarýaka üpjünçilik ulgamynyň durkuny täzelemekde iri milli taslamalary durmuşa geçirmek bilen baglylykda has möhümdir. Biz tagallalarymyzy hytaýly hyzmatdaşlarymyz bilen göz öňünde tutýan maksatlarymyza gönükdirmelidiris. Has anygy, Hytaýdan Türkmenistanyň üsti bilen Ýewropa, Ýakyn Gündogara ulaglaryň ähli görnüşi, şol sanda demir we awtomobil ýollar, howa gatnawlary we beýleki üpjünçilik ulgamlary arkaly gatnaw mümkinçiligini doly ulanmagy öňümizde maksat edip goýmalydyrys. Bu ulgamlar merkezi geçelgelerde logistik terminallary hem öz içine almalydyr. Şolaryň biri hem Hazardaky Türkmenbaşy Halkara deňiz porty bolup biler.

Şunuň bilen bagly ähli meseleler Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý komitetiniň çäklerinde netijeli ara alnyp maslahatlaşylýar. Onuň 2021-nji ýylyň noýabrynda geçirilen mejlisinde bäş sany

resminama, şol sanda «Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda 2021 – 2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna» gol çekildi. Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy hormatly Si Szinpiniň başlangyjy bilen kabul edilen bu Maksatnamany mundan beýläk-de öňe ilerlemek üçin pugta esas hasaplaýarys. Türkmenistanda Hytaýyň ösüşini ünsli synlaýarys, onuň üstünliklerine begenýäris. Bu üstünlikler, hakykatdan-da, ajaýypdyr.

Taryhy taýdan gysga wagtyň içinde Hytaý senagat önümçiliginiň durnukly ýokary ösüşini, giň gerimli durmuş maksatnamalaryny amala aşyryp, dünýä ykdysady we ylmy-tehnologik ösüşiniň öňdebaryjysyna öwrüldi. Hytaý ajaýyp netijäni gazanmagy – garyplygy ýeňip geçmegi başardy we häzirki wagtda ählumumy abadan döwleti döretmek ugrunda ynamly hereket edýär. Şeýle ägirt uly üstünlikleriň hytaý halkynyň goldawy hem-de düşünmegi esasynda Hytaý Kommunistik partiýasynyň syýasy erki, tutanýerliligi, işläp taýýarlan üýtgewsiz strategik ugry arkaly mümkin bolandygyna hiç hili şübhe ýokdur. Hytaý Kommunistik partiýasynyň ýolbaşçylarynyň parasatlylygy we öňdengörüjiligi ýurda milli galkynyş,

gülläp ösüş ýoluna düşmäge, durnuklylyk hem-de öz güýjüňe ynanmak ýagdaýynda yzygiderli gitmäge mümkinçilik berdi. Kommunistik partiýanyň içeri we daşary syýasaty Hytaýa dünýäde uly abraý, hormat getirdi. Ýurduň dünýä döwletleriniň köpüsiniň, şol sanda Türkmenistanyň hem goldawyna eýe bolmagy tötänden däldir.

Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň döwlet dolandyryşyndaky ornuna baha bermek aňsat däl. Elbetde, ol häzirki döwrüň iň görnükli, giň gözýetimli döwlet işgäri we syýasatçysy bolup durýar. Hytaý halkynyň taryhynda tutuş bir döwür Si Szinpiniň ady bilen baglanyşyklydyr. Bu döwür häzirki Hytaýyň syýasy, ykdysady hem-de tehnologik kuwwatyny görkezýär. Ol yzygiderlilige, berklige esaslanyp, halkara giňişlikde ýurduň milli bähbitlerini goraýar. Beýleki döwletler bilen özara gatnaşyklarda jogapkärçiligi, öňdengörüjiligi babatda tapawutlanýar. Pursatdan peýdalanyp, men Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygyna Türkmenistan bilen strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşýan bahasyna ýetip bolmajak goşandy, biziň ýurdumyz bilen gatnaşyklar baradaky hemişelik aladasy we ünsi üçin çäksiz minnetdarlyk bildirýärin.

Başlyk Si Szinpiniň «Adamzadyň bitewi ykbalynyň Bileleşigini gurmak» konsepsiýasynda Hytaýyň we Türkmenistanyň bitewi ykbal Bileleşiginiň bolmagy hem kanuny ýagdaýdyr. Bu örän giň we çuňňur kesgitlemedir. Munuň özi döwletlerimiziň öz strategik ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemekde umumylygyny görkezýär. Ol deňhukuklylyga, hormat goýmaga, gatyşmazlyga, bütin adamzadyň ykbaly üçin her bir ýurduň jogapkärçiligine esaslanýan düşnükli we üýtgewsiz ýörelgeleri ykrar etmek esasynda adalatly dünýä gurluşyny döretmekde çemeleşmeleridir maksatlary beýan edýär. Ugurlary bölmezden, emeli siwilizasion kemçiliklerden, milli ýa-da toparlaýyn bähbitleriň dar düşünjesinden azat dünýä gurluşyny ýola goýmak zerurdyr. «Adamzadyň bitewi ykbalynyň Bileleşigini gurmak» konsepsiýasy şu manyda dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge uly mümkinçilikleri açýar. Halkara giňişlikde durnukly ösüşiň Gün tertibi boýunça bilelikdäki netijeli iş üçin esasy şertleri döredýär, täze howplary, wehimleri üstünlikli ýeňip geçmäge ýardam edýär.

Bilşiňiz ýaly, Türkmenistan «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjy, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bolsa «Ählumumy ösüş başlangyjyny» hem-de «Ählumumy howpsuzlyk başlangyjyny» öňe sürdi. Bu başlangyçlar öz manysy boýunça umumy dünýägaraýşa we syýasy esaslara eýedir. Olarda ähli ýurtlara, ýolbaşçylara häzirki dünýäniň hakykatyna oýlanyşykly hem-de jogapkärli düşünmäge, harby-syýasy bäsdeşligiň mundan beýläk-de güýçlenmeginiň nämelere getirip biljekdigi barada pikirlenmäge, garaşylmadyk netijeler esasynda ählumumy howpsuzlygyň ähli gurluşynyň ýykylmagy bilen, adamzadyň howply çäge ýakynlaşandygyna düşünmäge çagyryş bar.

Türkmenistanyň we Hytaýyň başlangyçlary, ozaly bilen, syýasatdan uzakdaky, özlerine parahatçylyk, durnuklylyk, işlemek mümkinçiligi, asuda, parahat geljegiň kepili zerur bolan millionlarça ýönekeý adamlar baradaky alada ýugrulandyr. Meniň pikirimçe, biziň başlangyçlarymyzyň möhümdigi äşgärdir. Hytaý bilen bilelikde Türkmenistan hem häzirki wagtda bu düşünjeleriň halkara we sebit syýasatynda

kesgitleýji ýagdaýlara öwrülmegi ugrunda çykyş edýär. Agzalan howply çäkden daşlaşmak üçin şertleri döretmek, gapma-garşylyklary we çaprazlyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar arkaly çözmek boýunça jogapkärli çözgütleri kabul etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görýär. Elbetde, bu işler deňhukuklylyk, taraplaryň kanuny bähbitlerine hormat goýmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar.

Men Hytaý Kommunistik partiýasynyň 2022-nji ýylyň ahyrynda geçiriljek gurultaýynyň Hytaý Halk Respublikasyny ähli ugurlarda mundan beýläk-de depginli ösdürmek barada möhüm kararlaryň kabul ediljek wakasy boljakdygyna ynanýaryn. Onuň hytaý halkynyň ýolbaşçy güýji hökmünde Hytaý Kommunistik partiýasynyň ornuny mundan beýläk-de berkitjekdigine, Hytaýyň ykdysadyýetini we ýaşaýyş-durmuş ugurlaryny has-da ösdürmäge, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen partiýanyň alyp barýan strategik ugrunyň mirasdüşerligini we dowam etdirilmegini üpjün etjekdigine şübhelenmeýärin. Şeýle-de ol ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, ösüşi üpjün etmekde hem-de gorap saklamakda ykrar edilen liderleriň biri hökmünde ýurduň halkara

ornuny pugtalandyrar. Dünýäde parahatçylyk söýüji güýçleriň ählisiniň dosty we ygtybarly hyzmatdaşy bolar. Döwletara gatnaşyklarda deňhukuklylyk, adalatlylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerini pugtalandyrar diýip hasap edýärin.

Men Hytaý Kommunistik partiýasyna, onuň ýolbaşçylaryna gurultaýy geçirmekde üstünlikleri arzuw edýärin. Bu gurultaýyň döredijilikli netijeleriniň diňe bir Hytaýyň ösüşine däl, eýsem, bütin dünýädäki ýagdaýlara-da ägirt uly oňyn täsirini ýetirjekdigine ynanýaryn.

Türkmenistan Hytaý Halk Respublikasy bilen dost-doganlyga hem-de hyzmatdaşlyga pugta ygrarlydyr. Iki döwlet, iki halk mundan beýläk-de ilerlemegiň we gülläp ösüşiň ýolundan bilelikde ynamly öňe gider.

TERBIÝE – BAGTYÝARLYGYŇ ÇEŞMESI

Iň gymmatly miras terbiýedir

Mähriban okyjym, indi terbiýe hakyndaky gürrüňime dolanaýyn! Kämilligiň gözbaşynda terbiýe bardyr diýen pikirim bilen hemmeler ylalaşsa gerek. Her bir ynsanyň durmuşda kämil çykmagy, gyzykly hem çylşyrymly, käte bolsa kynçylykly uzak menzilleri geçmegi üçin onuň ilkinji ädimleri ätmegi gerek. Şol ädimler onuň tutuş ömrüne badalga bolýar.

Halk arasynda aýdylýan şeýle bir pähim bar: «Bir ýyl öňüňi görjek bolsaň, däne ýetişdir. On ýyl öňüňi görjek bolsaň, bag ýetişdir. Ýüz ýyl öňüňi görjek bolsaň, terbiýeli nesil ýetişdir».

Dogrudanam, kämilligiň gözbaşy – terbiýe. Terbiýe – bu hazyna. Onuň berekedi ýyllar geçdigiçe has artýar. Men döwlet sütünleriniň berk bolmagy üçin nesilleriň terbiýesi meselesine juda jogapkärli

çemeleşmelidigimiz hakyndaky pikirimi ýene bir gezek nygtaýaryn. Maşgala ojagynda berlen terbiýäniň perzendiň tutuş geljegine täsir edip bilýändigi hakykatdyr. Gül-guncaly bagtyýarlygyň ilkinji gämikleri öýde – maşgala ojagynda peýda bolýar. Dogry-dürs berlen terbiýe ynsanyň dünýä hem-de durmuşa bolan garaýyşlarynyň özenini düzýär.

Perzent, nesil terbiýesine dahylly her bir söz, maglumat, waka, söhbet, mesele meniň üçin iňňän gyzykly. Örän ähmiýetli. Bu meselä içgin aralaşdygymça, terbiýäniň bagtyýarlygyň düýp özenidigi hakyndaky ynanjym barha berkeýär.

Perzent terbiýesine ýiti üns bermelidigi hakynda ata-babalarymyz hem aýdypdyrlar. Çaga terbiýesi bilen bagly bir tymsal-rowaýat hemmeleriň ýadyndadyr: «Ýaş gelinleriň biri çagasyna nähili terbiýe bermelidigi hakda maslahat soramak üçin akyldaryň huzuryna gelipdir. Akyldar: «Çagaňyz näçe ýaşynda?» diýip sorapdyr. Gelin: «Dek düýn kyrk çilesinden çykardyk, ýaňy kyrk gün boldy» diýip, jogap beripdir. Akyldar başyny ýaýkap: «Keýigim, siz kyrk gün gijä galypsyňyz, irräk aladasyny etmeli ekeniňiz» diýipdir. Gelin hem muňa ör-gökden

gelipdir: «Ýaňy kyrk gün bolan çaga heniz nämä düşünýär? Gaýta men öňünden aladasyny edeýin diýip durşum» diýipdir. Akyldar oňa: «Her gezek çagaňyz aglanda, siz ony emdirensiňiz. Şondan hem çaganyň aňynda: «Aglasaň, isleýän zadyňy alyp bolýar ekeni» diýen bir düşünje berkäp galýar. Şeýdibem, her gezek ajyganda aglaýar we maksadyna ýetýär. Soň-soňlar hem ýeterlik terbiýe berilmese, çaga şol aňy bilen kemala gelýär we öz islegini, matlabyny aglamak bilen, şerraýlyk ýa-da nadaralyk etmek bilen gazanyp bolýar diýip düşünýär. Şeýdibem, köpe kössek, ile hossa bolup galyberýär» diýip, jogap beripdir. Diýmek, perzent terbiýesine näçe ir we çynlakaý çemeleşilse, şonça-da özümiziň we ýaş nesliň bähbidinedir.

Ýaňy dünýä inen perzent topraga ýaňy oturdylan nahal ýalydyr, oňa nähili idi-yssywat etseň, niçiksi täsir etseň, neneňsi mähir we söýgi siňdirseň, gerek ýerinde şahalaryny timarlap, gelşik berseň, yhlasyňy aýamasaň, datly miweli, goýry saýaly äpet daragt bolup ýetişer. Emma gündelik hysyrdylaryň tükeniksizligini bahana edip, käýarym «haý-küş» diýmekden gaýry ne öwüt berseň, ne görelde görkezseň, nahaly peýwagtyna goýberseň,

özüni tutýança, töweregini hapa-haşal otlardan saplamasaň, «mal-garanyň agyz urmagyndan» gorap saklamasaň, guwanyp oturmaly çagyňda göwün diýen netijäňi gazanyp bolmajakdygy köre aýandyr. Onsoňam, ýekeje çyrmaşygyň äpet daragtlaryň bilini büküp, köküni guradyp bilýändiginden mysal alsaň, terbiýe meselesinde sowuk-salalyk etseň, haýal-ýagallyga ýol berseň, onda soňunyň ýakymsyz netije bermegi mümkindir. Çagalykda öwredilen düşünjeler, edep kadalary, özüňi alyp barmagyň düzgünleri olaryň aňyna ýazylýar. Aňyňa ýazylan zat bolsa alnyňa ýazylan zada eltýär. Hut şu ynanç hem ata-babalarymyzyň edep-terbiýe mekdepleriniň esasy gönezligi bolup hyzmat edipdir.

Ata-babalarymyz nesil terbiýesine örän uly ähmiýet beripdirler. Çünki nesil – biziň dowamatymyz. Olar – biziň geljekki özümiz, biziň geljegimiz. Her zadyň gadyr-gymmatyna hem-de ähmiýetine görä olaryň sylag-mertebesi artýar. «Gadym döwürlerde bahaly göwher daşlaryň gymmatyny diňe parlaklygyna görä däl-de, ynsan saglygyna ähmiýetine görä kesgitlär ekenler» diýen maglumaty okanym ýadyma düşýär. Haýsy

göwher daşynyň ynsana peýdaly häsiýeti köp bolsa, şonuňam gymmaty ýokary, bahasy gala bolýar. Bu terbiýeli ynsan babatda hem şeýle, haýsy ynsanda eý görülýän, ýüze sylynýan häsiýetler köp bolsa, onuň gadyram, abraý-mertebesem şonça belentdir.

Terbiýe meselesi örän irnik iş, ýöne hupbatlydygyna görä hormaty-da bar. Biz müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşip, üsti ýetirilip gelen milli terbiýe mekdebimiziň bardygyna buýsanmalydyrys. Görüm-görelde we edep-terbiýe babatda türkmenleriň owaldan gelýän arassa däp-dessurlary uly bir mekdebe öwrülip giden ömür taglymatydyr. Her bir hereket, söz, edim-gylym çaga we şahsyýet terbiýesine bagyşlanan. Aslynda, türkmen halk döredijiliginiň her bir žanry durşy bilen terbiýeçilik ähmiýetli. Sanawaçlar, matallar, ýaňyltmaçlar, goşgular, ertekiler, rowaýatlar, henekler – bularyň ählisi haýsy hem bolsa bir tarapdan ynsan düşünjesini, pikirleniş we sözleýiş ukybyny, ýatkeşligini ösdürmek üçin niýetlenen. Matallaryň üsti bilen pikirleniş güýjüni ösdürmäge üns berilse, ýaňyltmaçlar sözleri sakynman we çeper aýtmaklaryna ýardam edipdir. Sanawaçlar we goşgular ýatkeşligini ösdüripdir. Henekleriň üsti bilen degişmegi öwredipdirler.



Şeýdip, edebi ugurlaryň üsti bilen çagalarda edep terbiýesi özleşdirilipdir.

Halkymyzyň ýaş oglanlar we gyzlar babatdaky terbiýesi gündelik durmuş wakalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Türkmen milli terbiýesi begzada terbiýesi derejesine çenli kämilleşipdir. Ol



«aristokrat terbiýesi» diýen düşünjä laýyk gelýär. Biziň milli terbiýämiziň özeninde durmuşyň ähli pursatlarynda akylly-başly hereket etmegi, öz başymyzy çaramagy, ugur-utga, ýol-ýoda, çykalga tapyp bilmegi öwredýän düşünjeler bar. Atabeglik mekdebiniň terbiýesi munuň aýdyň mysalydyr.

Türkmen gelin-gyzlarymyza üme dessury mahsusdyr. Üme türkmen halkynyň däp-dessuryndan gözbaş alyp, barha kämilleşip, aýratyn bir mekdebe öwrülip galan dessurdyr. Ol gelin-gyzlarymyzyň bir

ýere üýşüp, jem bolşup, birek-birege kömek edýän, birek-birege öz hünärlerini görkezýän, öz dünýäsini açýan ýeri bolupdyr. Üme türkmen gyzlary üçin hem edep-terbiýe mekdebi, hem hünär mekdebi, hem sungat mekdebi bolupdyr.

Edep-terbiýe tarapyny alsak, bu ýerde ýaş gyzlar özleriniň boýdaşlaryndan, deň-duşlaryndan ýa-da gelneje-ýeňňelerinden durmuşda özüňi alyp barmagyň ýollaryny, edep kadalaryny öwrenipdirler. Durmuşa çykýan gyzyň şaý-seplerini, don-lybaslaryny taýýarlamaga onuň joralary kömek edipdir. Gelnejeleri, ýeňňeleri maşgala ojagynyň mukaddesligi, gymmatlygy hakda öwüt beripdirler.

Hünär tarapyndan alsak, ýaş gyzlar keşde çekmek, gaýma gaýamak, köýnek, don tikmek, biçmek ýaly zatlary hut şu ýerde birek-birekden öwrenipdir ýa-da öwredipdirler. El-sungat işleriniň inçelikleri bilen tanşypdyrlar. Bu gönüden-göni hünär mekdebi hökmünde bolupdyr.

Sungat tarapyny aýtsak, bu ýerde gyzlar, ýaş gelinler läle kakypdyrlar, aýdyma hiňlenipdirler, monjugatdy ýaly dürli milli oýunlary ýerine ýetiripdirler. Şeýdibem, olaryň sungat dünýäsindäki kämillikleri ýüze çykypdyr. Bu zatlar müňýyllyklaryň

dowamynda aňda öwran-öwran gaýtalanyp, barha kämilleşipdir. Nesillere gürrüň berlipdir, öwredilipdir. Şonuň üçinem türkmeniň mekdepsiz wagty bolmandyr diýip pikir edýärin, bu zatlaryň ähli si döwürleriň synagyndan geçen mekdepdir.

Ýaş gyzlar we gelinler üçin üme aýratyn bir durmuş mekdebi bolup hyzmat eden bolsa, oglanlar, ýigitler üçin hem edil şonuň ýaly usulyň, ýoluň ýörgünli bolandygyny bellemek gerek. Oglanlar, ýigitler üçin atabeglik ýol-ýörelgesi, atabeglik mekdebi taryhda uly yz galdyrypdyr. Halkymyzyň atabeglik mekdebi gönüden-göni milli däp-dessurlarymyzdan çogup çykan, süňňünde, özeninde milli taglymatyň gaýmaklaryny saklaýan ulgamdyr. Ruhy we beden taýdan terbiýelenmek, taplanmak üçin bu mekdebiň sowadyny özleşdirmek ýeterlik bolupdyr. Atabeglik mekdebi – bu her bir türkmen ýigidiniň maksada okgunly, öz başyny çaramaga ukyply, durmuşda herbap bolup ýetişmegi üçin zerur bolan tälim-terbiýäniň uly bir toplumydyr.

Atabeglik türkmeniň müňýyllyklar taryhynda dowam edip gelýän, däp-dessurlaryndan gözbaş alan, dünýä nusgalyk terbiýe taglymatydyr. Bu begzadalyk

terbiýesi häzirki döwürde hem döwrebap düşünjeler bilen baýlaşdyrylyp, üstünlikli dowam etdirilýär. Biziň maşgalada berýän terbiýämiz hut şeýle milli gözbaşlardan ugur alýar.

Geljekde biz öz ýaşlarymyzy nähili keşpde, orunda, mertebede görmek isleýän bolsak, olara şu wagtdan şol terbiýäni bermegimiz gerek. Meniň bu pikirlerim ene-atalar we mugallymlar bilen birlikde pedagogika, edep-terbiýe babatda gyzyklanýan her bir okyjyny hem gyzyklandyrar diýip umyt edýärin. Okan maglumatlarymda, dürli kärdäki adamlar bilen eden mesawy durmuş gürrüňlerimizde çagalar bilen iş salyşmak, olaryň zehinlerini has-da açmak, döredijilikli pikirlenmelere ugrukdyrmak dogrusynda kän gyzykly zatlaryň üstünden bardym. «Her bir zat babatda hemişe has gowusyna tarap ymtylmak, has gowusyny arzuw etmek» her bir çaganyň terbiýesine siňdirmeli häsiýetleriň biridir. Sebäbi bu düşünje ösüşiň özenini kesgitleýän esasy durmuş çelgileriniň biridir.

Nesil kämilligi jemgyýetiň kämilligine, jemgyýetiň kämilligi bolsa döwlet berkararlygyna eltýär. Taňry türkmeni ähli babatda ýalkapdyr. Tebigatymyzda dag hem bar, düz hem. Deňizem

bar, derýa hem. Nebit we gaz, gazylyp alynýan dürli magdanlar, ähli zat bar, ýöne iň esasy zat bizde zehinli nesil, ukyp-başarnykly halkymyz bar. Her gezek körpeje nesiller bilen duşuşanymda döwletimiziň iň gymmatly hazyna gorunyň şolardygyna ynamym has berkeýär. Olaryň mähirden doly gözleri, nurana ýüzleri, ýönekeý hem bolsa ýüregiňe tiz ornaýan sözleri olarda ukyp-başarnyklaryň ummasyz gorunyň basyrylgy ýatandygyny aýdyň görkezýär. Ynsan dowamaty üçin iň gymmatly hazyna terbiýeli perzentdir. Döwlet üçin hem iň uly hazyna şol ahyry.

Her gezek ýüzleri gülüp duran körpe balalary, ýaş çagalary görenimde, olaryň didarynda Ýaradanyň nury-nygmatyny görýärin. Olaryň her biri berkarar döwleti bezejek özboluşly bir ajaýyplyk. Şeýle gymmatlyga gadyr gözi bilen garamak üçin olaryň edep-terbiýesine ymykly üns bermeli. Sebäbi sözümiň başynda hem belleýşim ýaly, her näçe eýjejik we gözel hem bolsa, heniz baldagy bekemänkä timarlanmadyk daragt, o:tdan, suwdan, ýelden, Günden penalanmadyk nahal töwerekdäki tebigy ýagdaýlaryň täsirine sezewar bolup, öz häsiýetini ýitirmäge, görküni egismäge başlaýar.

Çagalykda gyş aýlarynda üzüm şahalaryna, daragtlara timar berýän kakamyň ýanynda durup, güýjüm ýetdiginden oňa kömekleşenimde, şahalaryň ujuny çyrpmagyň, agaç aralaryny arassalamagyň, olara söýget etmegiň sebäbini gyzyklanyp soranym ýadymda. Şonda kakam: «Bagyňdan gowy hasyla garaşýan bolsaň, olara gerekli idi-yssywaty ýetirip durmaly. Wagtly-wagtynda suwuny bermeli, düýbüni depmeli, topragyny ýumşatmaly. Özüni saklap bilmegi üçin söýget goýmaly. Gyş paslynda, bir öserini goýup, gyraky gollaryny gyrkyp aýyrmaly. Sebäbi gerekmejek şahalaryndan saplanan daragtyň ähli güýji miwesine gönükýär» diýipdi.

Şol wagtky tebigat-durmuş sapagynyň nesil terbiýesi bilen hem meňzeşligi bar. Eger-de biz wagtynda çagalary ýeterlik terbiýe bilen gurşamasak, olara haýsy babatda zehin berlen bolsa, şol şahasyny ösdürmesek, dogry ýola ugrukdyrmasak, olaryň ýaramaz düşünjeleriň ýesirine öwrülmegi mümkin. Tebigatyň, durmuşyň aklyňa sygmaýan, ýadyňa düşmeýän we oýuňa gelmeýän harasatlary käwagt köwsarlasa-da, kem-kemden täsir edýär. Eger-de biz perzende ýeterlik edep-terbiýe bermesek, onuň dünýäsinde bir boşluk peýda bolar. Tebigatda bolsa

şeýle bir kanun bar: bir ýer boşasa, onuň ýerini başga bir zat doldurýar, gaýry bir zat eýeleýär. Terbiýe boşlugyny bikärlik, betpällik, badyhowalyk ýaly häsiýetler eýelese, ýaşynyň ulalýandygyna garamazdan, onuň gözýetimi dar, düşünjesi çäkli, dünýägaraýşy ýabygorly bolar. Munuň şeýle derejä ýetmegi onuň pikirlerine baglydyr. Ýekeje pikir ynsanyň ykbalyna täsir edip bilýär.

Ata-babalarymyzyň terbiýe beriş usuly özboluşly bir mekdep. Olar nesil terbiýesine juda uly ähmiýet berendigi üçin, olary täsirli beýan etmekde hem dürli usullary peýdalanypdyrlar. Esasanam, gündelik durmuşda bolýan wakalar, durmuş pursatlary bilen baglanyşdyryp beýan etmegi ileri tutupdyrlar. Çuňňur manyly her sözüni rowaýat, tymsal ýa durmuş wakalary bilen berkidipdirler. Onsoň, elbetde, öwüt-ündewleriň aňa täsir edijiligi, ýatda galyjylygy ýokary bolupdyr. Düşünjä öwrülipdir. Şonuň üçin neberämiziň nusgalyk terbiýe ýolunyň aýratynlyklaryny gysgaça beýan etmegi makul bildim. Bizi biz eden, bizi şu günlere we derejelere ýetiren esasy zat ata-enelerimiziň beren terbiýesi hem-de şolar esasynda kemala gelen düşünjelerimizdir.

Terbiýäniň özeni ylym-bilimdir

Müňýyllyklaryň durmuş hakykatyny özünde jemleýän, taryhy wakalary bir sözde teswirleýän bu paýhas nesillerimiziň belent häsiýetlere eýe bolmaklary hem-de olaryň bagtly geljegi üçin zerur bolan esasy aýratynlyklarymyza ünsümizi jemleýär. Beýikligiň, bagtyýarlygyň gözbaşynda terbiýe bar. Ýagşy häsiýetler ynsanyň özüni, ýagşy amallar bolsa onuň ömrüni bezeýär. Her kimde ajaýyp häsiýetler näçe köp boldugyça, onuň il arasyndaky alkyş-abraýy, hormat-sylagy hem artmak bilen bolýar.

Pederlerimiziň paýhasyna görä, ynsanlar häsiýetleri babatda üç topara bölünýär. Birinjisi diňe özüni bilýänler, ikinjisi öz bähbidini unutmazdan özgelere zyýan etmeýänler, ýagny özgelere hem bolmagyny isleýänler, üçünjisi il bähbidini öz bähbidinden ýokarda goýup bilýänler.

Bu – özboluşly kämillik basgançaklary. Bularyň soňkusy iň kämil häsiýetleri özünde jemleýän iňňän gerekli we mertebeli adamlardyr. Jemgyýetiň öňe ilerlemegi üçin derwaýys görülýän bu häsiýetleriň arasynda ukyp-zehinlilikden we işeňňirlikden daşary, guramaçylyk, iş dolandyryjylyk, ýolbaşçylyk ýaly häsiýetler hem bolmalydyr.

Perzent terbiýesine jogapkärli çemeleşmek her bir adamyň öňündäki ömre barabar wajyp borjy. Häzirki wagtda döwrüň ösüş, özgeriş tizligi mese-mälim artdy. Biz öz nesillerimizi diňe şu gün üçin däl, geljegiň zerurlyklaryny hem göz öňünde tutup taýýarlamaly. Bu ýollarda çeken zähmetimiziň, siňdiren yhlasymyzyň ertir bizi begendirýän datly miweler bolup dolanjakdygyna şübhe ýok. Çünki Ýaradan bendesiniň ýagşy ýolda sarp eden yhlasyny birjikde köýdürmeýär. Eger-de biz geljege näderejede taýýarlykly barsak, bu günki taýýarlygy şol derejedäki ajaýyp durmuşyň kepili hökmünde kesgitläp bolar.

Biziň halkymyzda edep terbiýesi iň kämil derejelere ýetirilen. Emma gün-günden özgerýän döwrüň talaplaryna laýyk bolmak üçin ýene bir zada uly ähmiýet bermelidigi döwrebap mesele. Şol meseläni çözmek üçin hem perzentleriň edep

terbiýesini ornaşdyrmak bilen birlikde, olaryň tälim terbiýesini kämilleşdirmek zerurdyr. Biz – ene-atalar, mugallymlar, terbiýeçiler perzentleriň edep we tälim-terbiýesini kämilleşdirmek arkaly olara durmuşyň täze gözýetimlerini, üstünlige eltýän gapylaryny açyp bermäge, geljege mynasyp taýýarlamaga, ugrukdyrmaga borçludyrys. Şu wagtdan perzentleriň aňyna sepilen tälim terbiýe tohumlary, kalplaryna oturdylan hormat-sylag nahallary aýny wagtynda hasyl berip başlar. Bizde näçe perzent bar bolsa, şonça-da üsti açylmaly hazyna bardyr.

Ynsana haýsy ugurdan zehin berlen bolsa, ol şol ugurlardan has uly üstünlik gazanmaga ukyplydyr. Eger-de maldarçylyk ugruna zehini bar bolsa, ol geljekki rysgyny, üstünligini hut şol ugurlarda zähmet çekeninde has kämil gazanyp biler. Eger-de sungat, ylym-bilim ýa-da lukmançylyk... garaz, zehini haýsy ugra meýil edýän bolsa, haýsy tarapa çekip duran bolsa, bu şonuň aýratyn üns bermeli ugry bolup durýar. Üstesine, durmuş gözelliklerini görmek, duýmak, syzmak we sözüň göni manysynda bagtly bolmak üçin hem, ilki bilen, özümize düşünmegimiz gerek.

Içki dünýämizde ýola goýlan sazlaşyk ýaşaýyş-durmuş meýdanyndaky we barlyk

älemindäki sazlaşygy hasyl edýär. Zehinine laýyk hereket edýän ynsan has täze we kämil zatlary oýlap tapmaga, döretmäge ukyply bolýar. Üns bermeli ýene bir zat – gursaga guýlan ylhamy daşary çykarmasaň, halka bagyş etmeseň, ol süňňe agram salýar we saglyga ýaramaz täsirini ýetirip başlaýar. Ukyp-başarnygymyza laýyk yhlasly hereket etsek welin, özümize dahylly her bir zat, hatda beýleki ownuk-uşak aladalar hem öz-özünden ugrugyp, şowly bolup gidýär.

Eýsem, biz bu hazynalaryň üstüni nähili açmaly? Nädip ol baýlyk goruny jemgyýetiň haýryna, bir asylly maksada gönükdirmeli. Geljege nähili taýýarlamaly? Dünýädäki iň başarnykly halka – türkmen nesline bagyş edilen zehinleri nähili oýarmaly we peýdalanmaly? Her bir zehin behişde biten daragtdan gözbaş alýan bulakdyr. Bulaklar birigip, derýa öwrülýär. Derýalar bolsa ýakasyndaky halklary, topraklary bereketli suwdan gandyrýar. Suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bar. Suwuň bar ýerinde ajaýyp durmuş bar.

Jemgyýetçilik ösüşinde bir zada aýdyň göz ýetirmek gerek. Mundan öňki edep-terbiýeçilik eserlerinde «Perzentleriň üçin ýaşa!» diýen mazmun-jümle kän tekrarlanýardy. Men bu

gymmatlyklary hem göz öňünde tutmak bilen, «Perzentleriň bilen bile ýaşa!» diýesim gelýär. Sebäbi iň täsirli terbiýe, iň ygtybarly sapak we iň gyzykly tema olar bilen bile gatnaşanyňda ýüze çykýar. Bu jümläniň – iki sözüň arasynda örän uly tapawut, uly parh bar: olar bilen ýaşamak we olar üçin ýaşamak! Olar üçin ýaşamak bolanda, ene-ata perzentleri üçin ylgaýar, janyny gaýgyranok, zähmet çekýär, olar üçin mal-baýlyk toplaýar. Geljegine diýip gor ýygnaýar, emma olary ýeterlik alada-üns, terbiýe bilen gurşamaýar. Çagalaryndan ýa-da eziz çagalarynyň ruhy dünýäsinden üzňe gezýär. Emma «olar bilen ýaşamak» diýmek, hakyky we kämil maşgala bagtyny hasyl edýär. Sebäbi perzentler öz ýanlaryndan özlerini gujurly, dogumly, ynamly, ruhubelent duýýarlar. Olaryň ýanynda olar üçin dünýäde iň ygtybarly adamlar – ata-eneleri bar. Ýanlarynda özlerini alada-mähir bilen gurşaýan adamyň bardygy üçin, şeýle hem asuda, agzybir maşgala durmuşynyň dowam edýändigi üçin olar özlerini aman-esenlik içinde duýýarlar.

Eýsem, terbiýäniň ähmiýeti nämeden ybarat?!

Meniň pikirimçe, terbiýäniň ähmiýetine düşünmek üçin birnäçe ýörelgelere uýmaly, olara

daýanmaly. Mähriban okyjym, esasylaryny dykgatyňa ýetireýin!

Perzent terbiýesi ata-baba ykrar edilen we uýlan iň sogaply amallaryň biridir.

Musulman dininde hem ata-enelere öz perzentlerine ýagşy terbiýe bermek buýrulandyr.

Perzent terbiýesi ilkinji nobatdaky parz-borçlaryň hatarynda durýar we her bir ata-enäniň bu borjy ödemegi gerek.

Biziň begenç-bagtyýarlygymyzyň esasy sebäpleriniň biri gönüden-göni perzentlere dahylly.

Ynsan dünýäden ötende onuň mynasyp dowamaty bolup galýan hem salyh perzentdir.

Şu günüň çagalary ertiriň uly adamlarydyr.

Perzentler asyl terbiýä laýyk dünýä inýärler, diňe ene-atalaryň olara berýän terbiýesi netijesinde olar ýa asyl-arassa durkuny dowam edýär, ýa-da üýtgemek bilen bolýar.

Perzentler ömürleriniň ilkinji günlerinden başlap gözel we sagdyn terbiýä mätäçdirler.

Perzentler dünýä durmuşynyň zynatydyr.

Perzentleriň ene-atalarynyň öňündäki esasy borçlarynyň biri olar bilen bilelikde bagtly we ajaýyp durmuşda ýaşamakdyr. Sagdyn terbiýe hem şu maksady hasyl etmek üçin sebäpdir. Bu ýörelgeleri ýene-de dowam etdirip bolar.

Döwür, durmuş, dünýä günsaýyn özgerýär. Täze günüň talaplaryna laýyk gelýän perzendi ýetişdirmek her birimiziň borjumyz. Biziň öz geljegimizi şeýle beýik üstünliklere ýugrup biljekdigimiz bolsa jedelsiz hakykat. Bagtyýarlygyň esasy açary terbiýede jemlenýär. Bu kitabymda jemgyýetde öz ornuny tapmagy başaran, abraýly adamlara berilýän tälim-terbiýäniň birnäçe görnüşini beýan etmekçi. Mähriban kyblamyň durmuş wakalary, tymsallar, öwüt-ündewler, atalar sözi we paýhaslar, pedagogiki maslahatlar, gönükdirmeler bilen bize beren terbiýesini nusgalyk terbiýe diýip atlandyrasym gelýär. Çünki bu terbiýeler geljege doly hem-de dogry düşünip bilmegiň ähli gapylaryny açyp berýär. Terbiýäniň ähli görnüşleri hem şu baş sakadan gözbaş alýar. Bu terbiýeler şulardyr:

1. Watançylyk terbiýesi;
2. Döredijilik we zehin terbiýesi;
3. Akyl we pikir terbiýesi;
4. Ylym terbiýesi;
5. Medeni – aň-düşünje terbiýesi;
6. Kär-hünär terbiýesi;
7. Sungat terbiýesi;
8. Syýasy terbiýe;

9. Maliýe-ykdysady terbiýe;
10. Jemgyýetçilik terbiýesi;
11. Dil terbiýesi;
12. Ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesi.

Haýsy käriň, hünäriň eýesidigine, haýsy ugurda zähmet çekýändigine garamazdan, bu terbiýeler her bir ynsan üçin örän ähmiýetlidir. Durmuş hakdaky düşünjeleriniň sagdyn bolmagy, ýaşaýyş hakdaky garaýyşlarynyň giňelmegi, zehinleriniň açylmagy we döwre, döwlete hem-de bagtyýar geljege mynasyp adamlar bolup ýetişmegi üçin bu terbiýeleri özleşdirmek, nesilleri kämil terbiýe bilen gurşamak wajyp bolup duryar.

Terbiýe ugurlary her bir adama ömrüniň ähli pursadynda hökman ähmiýetlidir. Dogry, haýsy hem bolsa bir ugur-ulgama has çuňňur çemeleşilmegi mümkin, ýöne beýleki ugurlary hem asla gyrada goýmaly däldir. Mysal üçin, döredijilik-zehin terbiýesine aýratyn ähmiýet berip, maliýe-ykdysady terbiýesine kembaha garasak, onda durmuşda öz döredijilik zehinini açýan, emma ukyp-başarnyklarynyň miwesini göwnemakul peýdalanyp bilmeýän perzendi kemala getirmegimiz mümkin. Ýa-da ene-ata jemgyýetçilik terbiýesine ähmiýet bermän, diňe

ylmy terbiýesine üns berse, biziň gaşymyzda ylym barada ýokary düşünjeli, sowatly, ýöne ynjyk we adamlar bilen iş salyşmagy oňarmaýan, özgeleriň hak-hukugyny, hatda perzendiň ene-atasynyň öňündäki borjuny duýmaýan biri peýda bolar. Ýa-da ata-ene diňe medeni terbiýesine üns berip, ony ynanç-iman terbiýesi bilen gurşamasa, onda biziň gaşymyzda ýokary medeniýetli, düşünjeli, ýöne ynanç-imany gowşak we däp-dessurlara, ygtykatlara, hak-hukuklara, sahawatly işlere baş galdyrmaýan biri peýda bolar. Şonuň üçin bu ugurlaryň ählisini hem öz perzentlerimizde terbiýelemegimiz, olaryň ruhuna siňdirmegimiz gerek.

Ata-babalarymyzda şeýle bir pähim bar: «Azygyňa görä, gurbat gelýär. Niýetiňe görä, gaýrat gelýär. Ynamyňa görä, kuwwat gelýär. Yhlasyňa görä, üstünlik gelýär». Ömrüň üstünlikden doly täze sahypalaryny açmak üçin iň esasy zat başlamak gerek. Başlamagyň hem ähmiýetli üç şerti bar: birinjisi, wagtynda başlamak. Ikinjisi, başarjakdygyňa ynanyp başlamak. Üçünjisi, iň möhümi, dessine başlamak.

Watan ähli ajaýyplyklara bolan söýgini jemleýän we olary bir beýik maksada gönükdirip bilýän

toprakdyr. Ynsanyň bagtyýarlygynyň düýp özeninde Watana bolan söýgüsi ýatýar. Gündogar akyldarlary jem bolup, bir netijä gelipdirler: bagtly bolmak üçin Watany söýmek ýeterlik. Çünki Watany söýmek, bu – Watanyň asudalygy, abadanlygy, arassalygy, gözelligi, gülläp ösüşi üçin zähmet çekmek, yhlas etmekdir. Watan özüne siňdirilen söýgüden ylham, boý alýar. Watan söýgüsi bilen ülkeler, ýurtlar abadan bolýar. Watana bolan söýgimiziň beýikligine görä, adamyň döredijilik zehini oýanýar, artýar. Watany söýmekde, mukaddes topraga wepaly bolmakda taryhy şahsyýetlerimiziň bitiren işleri, amallary bize görelde mekdebidir.

Watançylyk terbiýesi

Akyldarlarymyz şeýle diýipdir: «Üç zada hyzmat eden owal-ahyrda bagtyýardyr: Hudaýa hyzmat eden; ene-ata hyzmat eden; Watana hyzmat eden». Bularyň ählisi hem biziň halkymyzda mukaddeslik saýylýar. Watan hyzmatyna berilmegem abraýly, jogapkärli, sylanýan-sarpalanýan amallaryň biri. Ynsan özüniň kämil bagtyny diňe öz Watanynda hasyl edip bilýär.

Watançylyk duýgusynyň has kämil kemala gelmegi üçin Watanyň gymmatyna düşünmegimiz gerek. Watanymyzyň taryhyny, geografiýasyny, halkymyzyň medeni gymmatlyklaryny doly we çuňňur mazmuny bilen bilmelidiris we ýaşlarymyza hem öwretmelidiris. Ençeme asyrlar mundan ozal ýaşap geçen ata-babalarymyzyň: «Taryhyny bilmeýän halkyň geografiýasyny kesekiler çyzar. Taryhyny unudan halkyň ykbalyny özgeler çözer. Taryhyňy unutmazlyk dowamata dowam bolmakdyr» diýen sözlerini unutmaly däldiris. Ýaşlarymyza nesihatym: «Halkymyzy bezän häsiýetler halkymyzy

beýgelden häsiýetlerdir. Şol häsiýetleri özüňizde kämilleşdiriň!».

Bir gezek bilegi berdaşly, dogumy daglara bäs edýän, gözlerinden ot syçrap duran, gorky-ürkä per bermezek, her zähmete werziş bolan ýaş ýigitleriň biri Oguz hanyň huzuryna baryp: «Han aga, siziň gullugyňyza geldim. Ömrümi Watan wepasyna, halk hyzmatyna bagyş etmekçi» diýipdir. Oguz han ýaş ýigidi parasat nazary bilen synlap: «Ýeri, sen Watanyň hatyrasyna nämeleri başararsyň we nämelere taýýar?» diýip sorapdyr. «Buýran her bir zadyňyzy gaýra goýman berjaý etmäge, gerek bolsa, Watan üçin şirin jandan geçmäge taýýar» diýip, ýaş ýigit pert-pert jogap beripdir. «Ogul, sen ilki Watan üçin ýaşap bilýändigiňi görkez. Watan üçin serden geçmäge taýýardygyňa ynanarym ýaly...» diýip, Oguz han ol ýigidi ýanyna nökerlige kabul edipdir.

Bir zadyň hatyrasyna jan dözülýän bolsa, şonuň hatyrasyna ýaşap bilmegem uly mertebedir. Aslynda, niýetlerimiziň çynlygy we çuňlugy, berkligi we beýikligi şol ýerde bilinýär: biz öz beýik idealymyz – beýik maksatlarymyz üçin ýaşamaga näderejede taýýar? Biziň beýiklik hasap edýän mukaddesliklerimiz nämelerden ybarat?

Ömrüň manysy özüň üçin ýaşap bilmekden başlaýşyna, soňra bu mertebeler başga biri üçin, maşgalaň üçin, obaň, il-ulsuň, halkyň, Watanyň üçin ýaşap bilmek derejelerine çenli beýgelip gidýär. Maksatlaryň çürbaşynda Watan bähbidini goýmak bolsa miýesser edip biljek mertebeleriň iň beýigidir.

Aslymyzyň beýikdigi, şöhratlydygy biziň buýsanjymyzy, ynamymyzy artdyrýan zatlaryň biri. Özüňi ruhubelent, maksada okgunly duýmak we geljege ynamly garamak üçin milli buýsanjyň täsiri uludyr. Türkmenler owal-ahyr Alla ýalkan kowumdyr, köp dürli ukyp-başarnyklara eýedirler. Dünýäde iň köp döwleti guran ata-babalarymyzyň geçen şöhratly taryhy ýoly muňa delildir.

Her bir ynsanyň özüne mahsus häsiýeti, tebigaty bolşy ýaly, her bir halkyň hem gadymdan bäri dowam edip gelýän aýratyn häsiýetleri, özboluşlylygy bardyr. Halklar taryh ýüzünde öz häsiýetleri bilen has gowy tanalypdyr. Taryhda türkmenlere mahsus asylly häsiýetler hakda maglumatlar örän köp. Ine, bu hakykata mysallar:

Türkmenler – watansöýüji halk. Türkmeniň ýaradylyşam, tebigatdan alýan terbiýesi hem, durmuşdan toplaýan tejribesi hem şunuň ýaly.

Watansöýüjilik edil dem alýan howamyz ýaly ähmiýetli zat hasaplanypdyr.

Watançylyk her halka-da mahsusdyr welin, türkmende bu has ösen duýgularyň biri. Türkmenler watançylyk duýgusyny söýgüden ýokarda goýup bilen halkdyr. Türkmenlerde watançylyk hakda has uly duýgular jemlenipdir.

Çagalykda eşiden hekaýatlarymyň täsiri häli-häzirlerem aýdyň duýulýar. Rowaýatlara görä, dürli ykbal ýollary sebäpli bir türkmeniň nesibesi ýat illerden çykypdyr. Ol bu ýerlerde ilkibaşda gün-güzeranyny aýlapdyr. Özüni dürli ugurlarda taplapdyr. Halal işläpdir. Zähmetden gaçmandyr. Il içindäki abraýy, ylym-bilimi, duýgy-düşünjesi hem artyp gidipdir. Ahyry şol ýurduň hökümdarynyň bu ýigitde syny oturypdyr. Ony ynamdar maslahatçy we ygtybarly wekil hökmünde öz ýanyna alypdyr. Ony hiç wagt ýanyndan goýmandyr. Awa-şikara ýa-da ilat arasyna hal-ahwal soraşmaga çyksa hem ony ýany bilen äkidipdir. Ýöne gün geçdigisaýy bu ýigidiň meňzi saralyp, bimejal bolup barýandygy hökümdaryň nazaryny egläpdir. Ýigidiň özünden sorap görse-de, ol munuň sebäbi hakda açyk bir zat aýtmandyr. Başga çykalga galmansoň, hökümdar köşgüň ussat tebiplerini, hekim-lukmanlaryny

çagyryp, bu ýigidiň derdini öwrenmeklerini we alajyny tapmaklaryny tabşyrypdyr. Tebipler ýigidiň roýuna, sary meňzine seredip, onuň nämedir bir zady ýiti küýseýändigine göz ýetiripdirler. Has dogrusy, bu bir yşkyň derdini çekýär diýipdirler. Tebipler bu ýigidiň damar urgularyna barmak basyp, şol jelegaýda bar bolan gözel gyzlaryň, näzeninleriň atlaryny birme-bir tutup başlapdyrlar. Emma ýürek edil öňküsi ýaly bitap urup durupdyr. Ahyry tebipleriň biri: «Ýogsa-da, bu ýigidiň asly nireli?» diýip soranda, onuň türkmen illerinden gelendigini aýdypdyrlar. «Düşnükli, onda bu ýigit watanyny küýseýän bolmaly» diýşipdirler. «Watan» sözüni eşiden ýigidiň süňňüne gujur aralaşyp, damar urgusy batlanyp ugrapdyr. Şeýdip, onuň öz Watanyny, ilini küýseýändigini bilipdirler.

Rowaýatlaryň birinde şeýle waka teswirlenýär: jeň meýdanynda darkaş gurup ýören türkmen serkerdeleriniň biri agyr ýaralanypdyr. Öňler dessine aýak üstüne galyp, gutulyp gidýän serkerdäniň ýarasy bu gezek wagty bilen bitmändir. Dürli-dümen melhemdir emler edilipdir, emma haýry bolmandyr. Ahyry serkerdäniň özi: «Maňa Watanymyň gumuny we suwuny getiriň! Watan topragy ähli derde derman, iň agyr ýara hem

melhemdir» diýipdir. Aýdyşy ýaly hem bolupdyr, ol Watan topragyny ysgan dessine gujuryna daýanypdyr. Ondan bir bölek gumy öz iliniň suwuna garyp, ýarasyna ýapgy edipdir. Tiz wagtdan hem ýarasyndan gutulyp, saglyk bilen aýak üstüne galypdyr. Ine, Watan topragynyň melhemlik täsiri, gudraty-keramaty şunuň ýalydyr.

Türkmenler – medeniýetli, ylymly halk. Türkmen topragy özüniň ylym-bilim ojaklary, akademiýalary, metjit-medreseleri, kitaphanalary bilen hem tapawutlanypdyr. Gadymy Köneürgenç, Merw, Nusaý, Dehistan, Amul ýaly şäherleriň taryhy kyssasy muňa mysaldyr. Medeniýetiň gülläp ösmeginde kitaphanalaryň orny örän beýik. Bu hakykaty taryhyň dürli döwürlerinde beýik ösüşleri, ruhy-medeni galkynyşlary amala aşyran dünýä halklarynyň taryhyndan hem, dünýäniň bir mertebe medeniýetleşmegine saldamly goşant goşan öz halkymyzyň taryhyndan hem aýdyp bilýäris. Türkmen topragynda kitaphanaçylyk işiniň, kitap okamaga bolan söýginiň taryhy barada «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitaplarymda aýratyn belläp geçipdim. Bir hakykat milletimiziň buýsanjyny goşalandyrýar: dünýäniň medeniýetleşmegine, bir gez ýokary göterilmegine

itergi beren orta asyr Gündogar medeniýeti hut türkmenleriň agalyk eden, yklymlary dolandyran döwrüne gabat gelýär. Sebäbi türkmenler baran ýerini abat-abadan eden, medreseleri, ylym-bilim ojaklaryny gurduran, ylymly, düşünjeli, garadangaýtmaz halk hökmünde gadymy taryhy ýazuw çeşmelerinde orun alypdyr.

Diňe gadym eýýamlara däl, ähli döwürlere mahsus bir häsiýet bar: her bir halk nirä barsa, nirede ornasa öz medeniýetini, öz däbini, dessuryny hem alyp gidýär. Üstün çykan millet elmydama öz medeniýetini ornaşdyrýar. Ösen orta asyr medeniýetiniň düýp gözbaşynda hem türkmen medeniýetiniň ýatandygy ikuçsuzdyr. Şol döwürde ylym köpugurly ösüpdir. Edebiýat, taryh, pelekşynaslyk, geografiýa, algebra-geometriýa, lukmançylyk, harby sungat, saz sungaty, dürli mehaniki enjamlary oýlap tapmak ylmy, kanunçylyk, hukuk ylymlary elmydama giň gerimde we beýik ösüşde bolupdyr. Ylmyň islendik ugrundan kämillige ýeten we ylmy kitaplary miras galdyran türkmenleri tapyp bolýar:

Sazy sungat derejesine ýetiren, sazyň üsti bilen dürli keselleri bejerip bolýandygyny ylmy taýdan esaslandyran ilkinji alym Abu Nasr al-Faraby Türki;

«Algoritm» düşünjesini dünýä beren alym Musa Al-Horezmi;

Kibernetikanyň aýratyn ylym bolmagyna iteren, dürli täsirler arkaly hereketlenýän mehaniki gurallar hakdaky ilkinji uly göwrümli ylmy eseri ýazan, burçlary ölçemek üçin ýörite abzaly oýlap tapan, häzirki zaman robotlarynyň ilkinji nusgalarynyň iň kämil taslamasyny çyzan we ýasan alym Ysmaýyl Jezeri;

Alhimiýa hakda göwrümli we ähmiýetli eserleri bilen adygan, täze zatlary tapmagy bilen meşhur bolan Wezir Tugraýy;

Lukmançylyk ylmynyň düýp esaslaryny kämilleşdiren meşhur alym as-Sarahsy;

«Taryh» diýen düşünjäni aýratyn ylym hökmünde kabul eden we ylmy delilleri esasynda ykrar etdirip bilen alymlar Ymam Zehebi, Halyl ibn Aýbeg Safady, Süleýman Käfiýeçi;

Dünýädäki iň kämil Gün kalendaryny düzen we hasap ylmyndaky «x» iks – näbelli san diýen düşünjäni ilki oýlap tapan we ylmy dolanyşyga girizen Omar Haýýam;

«Nolluk» diýen düşünjäni dünýäniň hasap ylmyna girizen Abu Reýhan al-Biruni;

Taryhy ýazgylara girizilen, dünýädäki ilkinji resmi küşt ýaryşynyň ýeňijisi Abu Bekr as-Suly.

Şeýle mazmunly söhbedi näçe uzaltsaň, dowam edip bolýar. Taryhyň her sahypasy açyldygyça, biz özümize degişli has giň maglumatlara eýe bolýarys.

Türkmenler – merdana halk. Türkmenler – başarjaň we maksada okgunly halk. Türkmenler – agzybir halk. Kakam bularyň her biri hakda ygtybarly taryhy maglumatlara esaslanyp, gyzykdyryp gürrüň bererdi. Şonuň üçin her gezek kakamy üns berip diňlänimden soň, wagt tapdygym, özüme ündelen zatlary birin-birin belläp alardym. Şeýtmek bilen hem ol paýhaslary ýadymda saklardym, hem ýazmak endigimi kämilleşdirerdim. Düşünjämi baýlaşdyrardym. Mähriban kyblamyň sözlerinden ylhamlanyp belläp alan ýazgylarymy paýlaşasym gelýär. Nesillerde watançylyk duýgusyny kämilleşdirmek we bu zatlaryň gymmatyny düşündirmek üçin şu paýhaslara eýermek ählimize wajypdyr:

1. Türkmen halky ezelden ýalkanan, beýik, ylymly we medeniýetli, merdana, başarjaň we maksada okgunly, agzybir halkdyr. Beýik bolup ýaşamak biziň ykbalymyzdyr. Bu berkarar döwletimize ata-babalarymyzyň, keramatly pirlerimiziň, akyldar--danalarymyzyň ak patasy, arzuwy siňendir. Biziň öňümizde has ajaýyp geljek bar!

2. Çaga dünýä inende gulagyna aýdylan azandan soňra, eneleriň hüwdüsi bilen eşidýän ähli zadynda diňe mertlik, gaýratlylyk, dogumlylyk, batyrlyk, watansöýüjilik, il derdine ýaramak ýaly ýene birnäçe ýagşy häsiýetler hakdaky heňlerden, owazlardan, pähimli sözlerden gulagy gansyn. Çaganyň özüni alyp barşy, ruhy-psihologik ýagdaýy şol terbiýe bilen kemala gelýär. Şonuň üçin türkmenleriň uly-kiçi ählisinde bu häsiýet kämil derejede ornaşmalydyr.

3. Watana bolan söýgi – ähli gowy duýgularyň gönezligi. Ynsany erkin ýaşadýan we bagtly edýän, gursaklarda ýaşaýyş-durmuş umydyny alawlandyrýan, ösüşlere we barha belentliklere ymtylmagyna itergi berýän zat Watan söýgüsidir. Aslynda, her bir gözelligiň we durmuşyň asyl manysyna çuňňur düşünmek üçinem, ilki bilen, Watan söýgüsi gerek.

4. Watandan aýry ykbalymyz ýok. Halkyň ykbaly sahypasy tükenmeýän bir eser bolsa, her täze nesil onuň täze sahypalaryny öz döwrüniň beýik wakalary bilen doldurýar. Şeýdibem, halk we hakyda kitaby galňap gidiberýär.

5. Watan söýgüsiniň kemala gelmegi üçin bolsa her bir raýat Watanyň gymmatyna düşünmeli, onuň taryhy geçmişini bilmeli. Ata-babalarymyzyň

döreden her bir uly eserinde ýurt, Watan küýsegi çeper suratlandyrylýar. Goý, ol bir şahyryň döreden goşgusy ýa kyssasy bolsun, halkyň döreden eposy ýa dessany bolsun, elmydama il-ýurt, dogduk Diýar, Watan küýsegi ýokarda goýulýar. Olaryň ählisinde hakyky bagt öz Diýaryňda, öz iliňde tapylýar. Nähilidir bir gowy zady başga ýerlerden tapmak nesibesinde bolsa-da, ony öz ýany bilen Watanyna, iline alyp gelýär. Her bir eser aňyň önümi. Türkmeniň terbiýesi, düşünjesi, aňy şeýle kemala gelen. Watan hakda söz açylanda, her bir taryhy waka aýratyn terbiýe mekdebi bolup hyzmat edýär. Watan hakdaky ýatlamalar hiç wagt könelişmeýär.

6. Ata-baba arassa ýoly dessura öwren türkmen üçin ata-ene, Watan, döwlet, agzybirlik ýaly zatlar mukaddesdir. Ýaradandan gije-gündiz, öýde-ýolda edilýän dileg-dogalaryň özeninde hem, ilki bilen, şular: ene-atalara merhemet, ýurt asudalygy, il agzybirligi, berkarar döwlet ýatlanylýar. Hatda öten asyrlaryň meşhur akyldarlary we alymlary dileg-dogalaryňyzyň, arzuwlaryňyzyň we maksatlaryňyzyň hasyl bolmagy üçin, ilki bilen, şulary dilemelidigi, islemelidigi hakdaky pikiri öňe sürýär. Ýürekden çykýan alkyşlar ýerine düşüp, arzuwlar hasyl bolýar.

7. Bizde dünýäniň adamlar tarapyndan saýlanyp-seçilen ýedi täsinliginiň hiç biri ýok, emma biziň topragymyzda dünýä alymlarynyň, jahankeşdeleriniň, syýahatçylarynyň we syýasatçylarynyň ünsüni özüne çekip bilýän gudrat bar. Şol gudraty döwrüne we geljegine buýsanýan agzybir il döredip bilýär. Çünki agzybirliginiň, arkalaşygyň, birek-birege bolan ynamyň we söýginiň bar ýerinde bitmän galýan iş ýok. Köne rowaýatlarda ynsanyň jany bilen birlikde onuň göwresine sazyň hem salnandygy aýdylýar. Türkmeniň ganyna bir owuç Watan söýgüsi hem garylan ýaly bolup dur. Şonuň üçin hem türkmeniň watansöýüjiligi öten zamanlaryň taryhçylaryny, şahyrlaryny ýöne ýere haýran eden däldir.

8. Ösüş, özgeriş, galkynyş, döredijilikli çemeleşmeler – döwrümize, döwletimize mahsus aýratynlyk. Bu zamana taryha siňen ebedi ýazgylarda, ezeli wakalarda, arzuwly ertekilerde ýatlanylýan, arzuwlaryň hasyl bolýan we bagtly döwrany Hakdan berlen, gowy geljegi öňünden buşlanylan döwürdir.

9. Türkmen özüniň iň bagtly günlerini döwran hasaplaýar. Ýöne nirede gezse-de, haýsy yklymda ýük ýazdyrsa-da, serinde Watan hyýaly at salýan türkmen üçin bagt hem, döwran hem öz ilinde. Gönençlik hem, gowulyk hem öz döwletinde. Şonuň üçin pederlerimiz hakyky bagtyýarlygyň –

döwletli döwrandygyny öwran-öwran nygtapdyrlar. «Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol» diýen ýörelgä eýerip, bu durmuş hakykatyny nesilleriň aňyna guýupdyrlar. Her zaman bir döwürdir, emma bu hakykat üýtgewsizdir.

10. Taryhyň tejribesini özünde jemleýän we ony öz kämilligi bilen utgaşdyryp, nesilleri terbiýeleýän döwür beýik döwürdir.

11. Aslynyň beýikdigi, şöhratlydygy adamyň buýsanjyny, ynamyny oýarýan zatlaryň biri. Özüňi ruhubelent, maksada okgunly duýmak we geljege ynamly garamak üçin milli buýsanjyň täsiri uludyr.

12. Ata-babalarymyzyň Watan baradaky yhlasyna halal zähmeti, yhlasy, erjelligi, maksada okgunlylygy, wepalylygy bilen jogap bermek nesillere hökmany borç hem-de mertebe bolup duryar.

13. Watan söýgüsini ýüreginde saklaýan, ilini-gününi söýüp-sylaýan her bir raýat bu döwletiň neslidigine juda buýsanmalydyr.

14. Hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: Watanyňy söýmek imandandyr.

15. Gadymdan gelýän şeýle hikmet bar: «Eger bir adamynyň wepalylygyny, sözünde tapylýandygyny, ýagşy gylyk-häsiýetlidigini, asyllydygyny bilmek isleseň, onda onuň Watanyny küýseýşine, Watana bolan söýgüsine seret. Eger ol adam öz dogduk

ilini, dogan-gardaşyny göresi gelýän bolsa, özüniň taryhyna buýsanýan bolsa, onda bilgil, ol adam hakyky wepaly, kerem-ahlakly adamdyr».

16. Şöhratly aslymyza buýsanyp, ertire ynamly gadam urmak üçin halkymyzyň taryhyny öwrenmek döwrüň wajyp meselelериniň biri. Dürli eýýamlarda dünýä halklaryny medeniýet sallançagynda üwrän türkmen halkynyň baý we çuňňur taryhy bar. Bu ýagdaý magnitiň demri özüne çekişi ýaly, dünýä medeniýetini, taryhyny öwreniji alymlary halkymyzyň geçmiş mirasyny, gelip çykyşyny öwrenmäge kökerip dur.

17. Bu zamana diňe bir şahyryň, bir nesliň däl, Nuh kowumyndan bäri ady dillere dessan bolan türkmeniň ata-babalarynyň hasyl bolan arzuwydyr. Atalaryň arzuwy siňen Diýarymyzyň we döwletimiziň aýratynlyklary we artykmaçlyklary juda köp. Bizde berkarar döwlet bar. Bizde agzybirlik bar. Bizde bedew batly ösüş bar. Bizde döwletiň we raýatyň hak-hukugyny kepillendirýän dünýädäki iň ynsanperwer kanunlaryň hatarynda tanalýan Esasy Kanunymyz bar. Bizde ösüşiň täze belentliklerine barýan ýoly aýdyň maksatlar we üstünlikler bilen dowam etdirjek giň düşünjeli, maksada okgunly nesil bar. Bagtly ýaşamak üçin mümkin bolan ähli zat bar. Özi-de bularyň

ählisi kanun tarapyndan kepillendirilendir. «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr.

Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar.

Her bir raýat öz üstüne Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir».

18. Hezreti Omar Watan hakynda şeýle diýýär: «Allatagala ýurtlaryň ömrüni Watany söýmek bilen uzak etdi. Adamlar Watanlaryny näçe söýse we yhlas bilen gulluk etse, şonça-da ýurt berkarar bolup, döwran sürmegini dowam etdirýär. Şeýle-de enäniň saňa beren ak süýdi üçin hakynyň bolşy ýaly, topragyň hem watanlyk haky bardyr. Topragyňy Watan edinip, söýüp ýaşamak wajypdyr».

19. Iň beýik we sazlaşykly ýaňlanýan mukam sesiň halkyň sesi bilen deň çykmagydyr.

20. Watan mukaddesligi, watansöýüjilik hakda atalarymyzyň aýdan paýhasly sözi bar: türkmen dilinde gürleýän, türkmen milli lybasyny geýinýän her bir adamyň türkmen boldugy däldir, bu topragy söýýän adam türkmendir.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

21. Biz öz başarnygymyz, ukyp-zehinimiz, döredijilik dünýämiz, zähmete werziş bolan ellerimiz bilen Watanymyzyň hyzmatynda. Oýnap ýören çagajyklaryň gülküsem, gulpaklyja gyzjagazlaryň tansam, okuwçylaryň öwrenýän sapagy, talyplaryň özleşdirýän dersi – bularyň ählisi Watana berilmekdir. Şeýle zatlaryň üsti bilen Watan öz barlygyny düzýär, bakylygyny gazanýar.

22. Watana bolan söýgi – bu türkmen topragyna, däp-dessurlaryna, halkyň mukaddesliklerine, bu topragy söýýän her bir ynsana – ene-atalarymyza, dogan-jigilerimize, aga-uýalarymyza, düýnümize, şu günümize we geljegimize bolan söýgüdir, hormat-sylagdyr.

23. Atalarymyz howanyň ýagdaýyna, ýagyn--ýagmyryň sepeleýşine seredip, ýylyň gallasynyň bereketli boljakdygyny öňünden aýdýarlar. Döwrüň ýagdaýyna, zamananyň ruhuna, howasyna seredip, watansöýüjilik ýagmyryndan ganan ýaşlaryň şeýle bereketli, döwletli we umyt ödeýji nesil bolup ýetişjekdigine şübhe bolup bilmez. Çünki bahar nirä barsa, şol ýere öz gözelligini çaýýar. Watançylyk terbiýesi bilen kemala gelen nesiller Watan berkararlygynyň kepili we zynatydyr.

Terbiýäniň çeşmesi – kitap

Terbiýe hakda söz açylanda, kitap we onuň ähmiýeti hakda aýratyn durup geçmegi makul bildim. Sebäbi kitap ýörite söhbet edeniňe degýän gymmatlyk.

Kitap biziň durmuşymyzda dem alýan howamyzdan, gündelik azyk-owkatymyz bolan çörekdir-suwumyzdan soňra iň esasy zerurlyk bolup durýar. Sebäbi ýaşaýşa düşünmegiň we öňe ilerlemegiň, ösüşiň özeninde ylym-bilim ýatyr. Ylym-bilimi bolsa kitaplar arkaly has özleşdirip bilýäris. Kitap hiç wagt bahasy egsilmeýän, gymmaty gaçmaýan gymmatlykdyr.

Dünýä günsaýyn däl-de, demsaýyn özgerip dur. Oýlanyp tapylýan täze enjamlar, serişdeler, mümkinçilikler bir wagtlar apalanyp saklanan ençeme abzallary, gurallary durmuşymyzdan gysyp çykarýar. Emma tehnologiýanyň ösen döwründe öz ähmiýetini birjik-de kemeltmedik gadymy senet bar, uludan-kiçiniň aýratyn mukaddeslik, keramat bilen bakýan bu senedine kitap diýilýär. Kitaplar

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



geçmişde ýaşan ata-babalarymyzyň taryhy paýhaslaryny, tejribelerini, häzirki döwürde gazanylan üstünlikleri we olara eltýän ýollary özünde saklap, okyjylara dogry ýola gönükdiriji sapak berýärler. Kitaplar geçmiş bilen geljegiň hem-de halklaryň we ýürekleriň arasyndaky baglanyşygy üzmän saklap duran bahasyz miras hasaplanylýar.

Bu hakda söhbet açmagyň esasy sebäbi kitabyň elmydama-da jemgyýet üçin iňňän zerur zatlaryň biri bolup durýandygydyr. Ony ösdürmek, kämilleşdirmek, il-güne, okyjylara ýetirmek, okamagyň, öwrenmegiň täze we amatly usullaryny hödürlemek – mahlasy, jemgyýetiň öňe ilerlemeginde kitabyň ornuna uly üns bermek wajyp bolup durýar.

Türkmenler owaldan okumyş halk. Diňe kitaby köp okaýan halklar dünýä nusgalyk medeniýeti döredip bilýär. Munuň şeýledigine taryh şaýat. Gadymy Merw, Köneürgenç, Dehistan, Abiwerd, Nusaý, Amul, Merwerud, Sarahs ýaly ýerler özleriniň baý kitaphanalary bilen meşhur bolupdyr. Türkmen alymlary has köp kitap okamakda, olary ýatdan bilmekde juda ezber eken.

Biziň berkarar döwletimizde kitaba bolan söýgi has täze derejelere çykdy. Çykyşlarymyň birinde: «A» harpyndan başlanyp, asmana çenli uzalyp

gidýän her bir zatda ylym bardyr» diýip belläpdim. Dogrudanam, ösmegiň, öňe ilerlemegiň özeninde ylym-bilim ýatyr. Ylym-bilimi bolsa kitapsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl.

Şu ýerde kitabyň taryhy hem-de ähmiýeti hakdaky maglumatlary paýlaşmak isleýärin. Her bir zadyň ýüze çykyş, kemala geliş taryhy bolýar. Kitaplar häzirki kagyz ýa-da elektron görnüşine geçmänkä nähili görnüşde bolupdyr?

Adamzadyň kemala gelen ilkinji eýýamynda paýhasdyr bilimiň aňda, kellede göterilmegi tebigy ýagdaýdyr. Emma hemme zat hemişe ýadyňa düşüp durmaýar. Netijede, hiç zada ýazylmadyk maglumatlaryň ençemesi unudylyp galyberýär. Şol döwürlerde adamlar kitabyň ornuna derek diňe öz beýnisini, ýatkeşligini peýdalanmaly bolupdyrlar. Heniz ýazuwly kitabyň ýüze çykmadyk wagtynda, kitabyň, golýazmanyň, daşbasmanyň, neşir işleriniň hiç hili ýok mahalynda, hatda elipbiýiň hem ýüze çykmadyk wagtlary maglumatlary sözüň, ümüň, hereketiň üsti bilen mälim edipdirler. Şol ilkibaşky endikler hem adamzadyň ýasawyna, tebigatyna şeýle bir siňipdir welin, häzirki döwrüň alymlary adamlaryň özlerini alyp barşyny, gürlän wagty edýän hereketlerini synlap, olarda nähili häsiýetleriň

agdyklyk edýändigini, gürleýän wagty anyk hakykata ýa-da galplyga ýykgyn edýändigini kesgitleýärler. Soňra şol hereketleri aňladýan çyzgylar peýda bolup başlaýar. Olara ylmy dilde «ieroglifler» diýilýär. Has irki döwürlerdäki şumer, müsür, hytaý, hindi, türki (türkmen) ieroglifleri häzirki elipbiýleriň ata-babasy bolup durýar. Ieorogliflerde adaty bir şekil hem uly manyny aňladyp bilýär. Mysal üçin, gadymy hytaý ieroglifinde ýagşylyk sözüne derek açylyp barýan gülüň şekili goýlar eken. Bu ýagşylygyň örän gowy zatdygyny, täsiri we netijesi babatda açylyp barýan hoşboý ysly güli ýatladýandygyny aňladýar. Soňra bu çyzgyly, suratly şekiller barha kämilleşýär. Sudury inçelýär we ýeňilleşýär. Şeýdibem, ilkinji elipbiýler peýda bolup başlaýar. Aslynda, kitabyň döreýiş taryhyny elipbiý bilen baglanyşdyrmak örän dogry bolardy. Elipbiý, harp bolmasa, kitabyň bolmajakdygy düşnükli zat.

Kitabyň gelip çykyşy hakda onuň öz ady hem doly maglumat berip bilýär. Latyn dilindäki «liber» sözi «gabyk» diýen manyny berýär. Ol ýüzüne ýazgy ýazmak üçin uly agaçlardan soýlan gabygy aňladýar. Iňlis dilindäki «book» sözi agajyň bir adydyr: Demirgazyk Ýewropada hat ýazmak üçin şol agaçdan ýasalan ýasyja tagtalar ulanylypdyr. Arap dilinde «kitab» sözi,

«ketebe» ýazmak işliginden gelip çykýar, ol «ýazgyly zat, ýazgy» diýmegi aňladýar, edil şonuň ýaly gadymy türkmen dilinde hem kitaba «bitig» diýlipdir. Ol «bitmek» – ýazmak işliginden gelip çykyp, bu hem «ýazgy, ýazylan, hat» diýen manyny berýär. Biziň günlerimize gelip ýeten iň gadymy düýrlenen kagyz mundan 2400 ýyl ozal gadymy Müsüri dolandyran faraon Neferirkara degişlidir.

Halkymyzyň buýsançly geçmişinde hem kitaba goýulýan hormat-sarpanyň belent bolandygyna akyl ýetirip bolýar. Türkmeniň ady agzalan ýerde kitap bilen bir umumylygy, bitewi birligi tapyp bolýar. Orta asyrlarda jahana ýaň salan kitaphanalar hakda gürrüň gozgalsa, ilkinji nobatda, gadymy Merw hakydaňda janlanýar. Orta asyr Gündogarynyň meşhur şäherleri bolan Köneürgenç, Sarahs, Samarkand, Balh, Buhara, Hyrat, Maşat ýaly şäherleriň arasynda iň uly kitaphanalar gadymy Merwde jemlenipdir.

Gadymy Merwiň birnäçe kitaphanalarynyň ady taryhy çeşmelerde gabat gelýär. Olaryň arasynda has ähmiýetlisi hökmünde Aziziýýe medresesiniň kitaphanasy, 12000 sany kitap gory bolan Kemaliýýe medresesiniň kitaphanasy, Amidiýýe medresesiniň kitaphanasy, Mejdülmülk

kitaphanasy, Nyzamylmülk kitaphanasy, Hatunyýýe kitaphanasy (Seljuk soltanlaryndan biriniň zenanlarynyň gurduran kitaphanasy), Tekiýýet az-Zamiriýýe kitaphanasy, Samanylaryň nebere kitaphanasy ýaly kitaphanalary görkezmek bolar. Her kitaphananyň özünde ýörite medreseleriň bolmagy kitaphana bilen ylym-bilim ojaklarynyň aýrylmaz baglanyşyklydygyny görkezýär.

Merwiň kitaphanalary hakda Samanynyň, Ýakut Hamawynyň eserlerinde hem birnäçe maglumatlar getirilýär. Kitap okamaga höwesek käbir şahslaryň soňlugy bilen uly kitaphanalary açandygy hem beýan edilýär. Orta asyr taryhçylarynyň ählisi diýen ýaly öz eserlerinde Merwiň kitaphanalary hakda ýatlap geçipdir. Bu hakda As-Samany, Ýakut Hamawy, Muhammet Gaýmaz Türkmen, Ibn Hallikan, Ibn Esir, Ibn Kesir, Hajar ibn Askalany ýaly ýene birnäçe meşhur taryhçylaryň eserinde giňişleýin ýatlanylýar. Merwiň taryhdaky şöhraty hakda söz açylanda, onuň behişdi mesgendigi, ajaýyp önümleriň, datly miweleriň mekanydygy bilen birlikde uly-uly kitaphanalary özünde jemleýändigi hem aýratyn nygtalýar.

Kitabyň ähmiýeti, peýdasy gadymyýetden bäri mälim. Çagalykdan aňymyza siňen ertekidir

rowaýatlarda, nakyldyr matallarda kitabyň edil çörek ýaly mukaddes zatdygy öňe sürülýär. Eger-de şu wagt «Gatlak-gatlak gatlama..» diýip, bir matal aýdyp başlasam, sözümi soňlaryma garaşman, siz onuň dowamyny hem, jogabyny hem dessine aýdarsyňyz. Dogrudanam, onuň jogaby – kitap. Ata-babalarymyz kitabyň üstünden ätlemegi gaty ýokuş görüpdirler, hut şonuň üçinem «Gatlak-gatlak gatlama, gatlamadan ätleme» diýip, onuň mukaddesligini çörege barabar edipdirler. Kitap – içi maglumatlardan doly bilim sandygy, akyl jamy. Köne döwrüň alymlarynyň, akyldarlarynyň kitaby Jemşidiň jamyna meňzetmeklerinde hem çuňňur many bar. Kitap döredijiligiň, paýhasyň, zehiniň we zähmetiň datly miweleri bilen doldurylan tabaga hem meňzedilipdir. Kitabyň içinde pikir-düşünjeler, dünýägaraýyşlar, duýgular öz inçeligi, näzikligi, gaýta-gaýta okalýandygyna garamazdan, solmaýan terligi bilen gaplanyp goýlandyr. Orta asyrlarda ýaşan şahyrlaryň biri: «Dünýäde atyň üstünden gowy tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok» diýip belleýär.

Kitabyň söhbedi edilýän wagt bir kitaba düýesini çalşan Welmyrat aga, yzynda bazardan sowgat-salamly geler diýip, çagalaryň göz dikip oturandygyna garamazdan, ondan has gymmatly

zady alyp gelýän, ähli üzümlerini bir kitaba çalşan Anna aga ýaly pederlerimiziň nurana keşbi seriňe dolýar. Kitaplaryň üsti bilen biz hemme zady diýen ýaly: adamlary we älemi, dünýämiziň ýakyn we alys ýyldyzlaryny, asmanyň aňyrsyndaky we Zeminiň astyndaky zerrelere çenli akyl ýetirip, öwrenip bilýäris.

Iň esasy zat bolsa, kitap arkaly jemgyýetiň gymmatly hazynasy bolan şahsyýeti kämilleşdirip, beýgeldip bolýar. Kitabyň ýene bir aýdyň hikmeti – her okalan kitap bizi bir basgançak ýokary göteryýär.

Bagtly we üstünlikli bolmagyň esasy ýollarynyň biri kitaplara göz gezdirmek, ähmiýetli zatlary okamak we täze maglumatlar bilen akyly ösdürmek, kämilleşdirmekdir. Orta asyrlaryň meşhur edebiýatçy alymlarynyň biri Al-Jahyz gaýgy-aladadan saplanmak, ýürege teselli bermek, çykgynsyz ýagdaýdan çykalga tapmak üçin kitap okamagy maslahat beryär:

«Kitap – ol iň gowy söhbetdeşdir, seni erbetlige yrmaýan dostdur, seni tukatlandyrmaýan ýoldaşdyr, saňa sabyrsyzlyk bilen garaşýan goňşudyr, ol ýalan söz bilen saňa ýaranjaňlyk etmeýän, aldawçylyga ýüz urmaýan, mekirlik etmeýän, saňa garşy hile gurmaýan we seniň malyňy eliňden almak islemeýän şärikdeş işdeşdir» diýip ýazýar.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



Kitap okamagyň haýry-peýdasy örän köp. Okadygyňça, kitaba bolan höwesiň artar. Pikirleriň durlanar, zehiniň ýiteler, diliň açylar, sözleriň täsirli ýaňlanar, göwnüň göteriler, göwrümiň giňär. Kitap okamak saňa halk hormatyny, hökümdarlaryň dostlugyny bagyş eder. Sen adamlaryň dilinden bir ömürde öwrenip bilmejek zatlaryňy kitapdan bir aýda öwrenip bilýärsiň. Sen muny hiç hili zyýan görmezden, artykmaç muşakgat çekmezden, öwretmek bilen gün görýän öwredijileriň, hakyna tutulan mugallymlaryň gapysyny kakmazdan, arassa gylyk-häsiýet we asylly nesil-nebere babatda deňiňçe ýoklar bilen köňül söhbedini etmezden, halamaýanlaryň bilen oturyp-turuşmazdan gazanyp bilýärsiň.

Kitap gündizlerine tabyn bolşy ýaly, gijelerine hem hyzmatyňdadyr. Öýde gulak asyşy ýaly, ýolda-saparda hem gol astyňdadyr. Kitapda uky keseli ýokdur, uzak gijeläp irkilmekden halasdyr. Ol her wagt dadyňa ýetişýän Hydyr ata ýalydyr. Sen ondan üzülseňem, ol saňa berýän peýdasyny üzmez. Sen ondan çetleşseňem, ol saňa boýun bolmagyny dowam eder. Garşydaşyň döwi rüstem gelip, onuň

ýeňiş ýeli öwsende hem, ol aňry tarapa geçip, seniň garşyňa çykmaz.

Sen saý-sebäp bilen ýa-da ýürekden kitaba ýapyşsaň, ol seni özgeleriň maslahatyna mätäç etmez. Kitabyň ýardamçylygy ýeterlik bolar. Sen kitap bilen bolsaň, ýalňyzlyk duýmarsyň, ýaramaz söhbetdeşe mätäç bolmarsyň. Kitabyň saňa berýän peýdasyny-haýryny ýatlamasagam, iň bolmanda, seni gapynyň agzynda oturyp, öten-geçeni synlamakdan, nämährem kişilere artykmaç göz aýlamakdan, bimany gepleri eşitmekden, bihuda işlere meşgul bolmakdan, pes häsiýetli kimseleriň gybatyna goşulyp, olaryň gödeňsi sözlerine, bozuk manylaryna, ýaramaz häsiýetlerine, ýazgarylmaga laýyk nadanlyklaryna gulak gabartmakdan saklaýandygy hem uly nygmat ahyry. Bu saňa bir tarapdan salamatlyk, beýleki tarapdan bolsa baýlykdyr. Bir haýryň şahasyna aslyşyp, süňňüni sag saklaýan kökünden haýyr görmekdir. Onuň, iň bolmanda, bozuk hyýallardan, ýaltalyga, işýakmazlyga, bikärlige werziş bolmakdan, oýun-güýmenjelere endik etmekden saklaýandygy we ýoldaşyna haýyr-nygmat, abraý hem-de hoşallyk

getirýändigi üçin hem ol dost hasaplanmaga örän laýykdyr.

Ussat alymlar kitap okamagyň berýän birnäçe peýdalaryny belläp geçipdirler. Olar, gysgaça, şulardan ybarat :

Kitap okamak ýürege ornaýan gaýgy-gamy, tukatlygy aýyrýar; her bir işde nähaklyk etmekden saklaýar; çeper sözlüligiňi, dilewarlygyňy ösdürýär; akylyň ösýär, zehiniň joşýar, pikiriň durlanýar; bilime baý bolup, ýatkeşligiň we düşünjäň ýitileşýär; ynsanlaryň tejribelerini, hekimleriň hikmetlerini, alymlaryň ylymlaryny özleşdirýärsiň; sözüň manysyna çuňňur düşünmäge, öwrenilen zatlary pugta ýatda saklamaga, aýdylýan zadyň maksadyny aňmaga we pynhan hikmetleriň syryny bilmäge kömek edýär.

Janyň iýmiti iýmek we içmekde däl-de, täze zatlary öwrenmekde we manylara düşünmekdedir. Aslynda, dünýä düşünmegiň syry – okamak.

Hatda medeni gatnaşyklary ösdürmekde hem kitabyň iňňän uly ähmiýeti bar. Ozal hem aýdyşym ýaly, türkmenler owaldan okumyş halk. Taryhy çeşmeler, golýazmalar we terjime edilen

eserler bu hakykaty doly tassyklaýar. Taryha siňen şol beýiklik bu gün türkmen topragynda has täze röwüş, täze öwüşgin bilen pajarlaýar. Medeniýetiň asyl nusgasyny özünde jemleýän kitaphanalaryň işine uly üns berilýär. Kitaba uly sarpa goýýarys. Ýurdumyzda kitaphana ulgamyny kämilleşdirmek, onuň enjamlaýyn-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak barada uly işleri durmuşa geçirýäris. Kitap adamzadyň köňül nagşydyr, ol medeni gymmatlyk hökmünde ruhy baýlyga öwrülip, adamlaryň ýüreklerine ýol salyp bilýär.

Jemgyýetiň aň taýdan ösen derejede bolmagynda kitaphanalaryň ähmiýeti juda uly. Özüňe gerekli kitaby dükandan tapyp bilmeseňem, kitaphanadan tapyp bolýar. 2008-nji ýylda ýurdumyzda «Galkynyş» kitap merkezi döredilip, bu merkeziň üsti bilen Diýarymyzyň ähli kitaphanalaryny neşir önümleri bilen mugt üpjün etmek işi ýola goýuldy.

Kitaphanalar – paýhas öýi. Durmuşyň ähli ugurlaryna degişli edebi-çeper, taryhy we ylmy kitaplary bu ýerde aňsatlyk bilen tapyp bolýar. Dürli dünýä dilleri, alys we ýakyn ýurtlaryň wekilleri,

olaryň pikir-garaýyşlary, aýdan sözleri, döreden eserleri bilen tanşyp bolýar.

Bir gezek meşhur türkmen alymlarynyň biri Abdylla ibn Mübärege sopy alymlaryň biri Şakyk ibn Ibrahim: «Namazy bile okaýanyňyz gowy zat welin, dessine turup gitmegiňiz bolanok-da, oturyp, özara gürrüň etmegem bolar-a» diýipdir. «Men hem hut şeýle edýän-dä, sahabalar, öňki alymlar bilen oturyp, mesawy we ylmy gürrüň edýärin, pikir alyşýaryn» diýip, Abdylla ibn Mübärek dillenipdir. «Sahabalardyr öten alymlar bu ýerde neneňsi peýda bolýar?» diýip, Şakyk geňirgenip sorapdyr. «Olaryň kitaplaryny okaýaryn, olar hakda ýazylan taryhy gaýta-gaýta gözden geçirýärin. Şolar deýin amal etmäge çalyşýaryn. Şeýdip, olaryň dünýäsine gatylýaryn» diýip, alym jogap beripdir.

Her adamyň ruhy we ylmy dünýäsi bilen tanyşmak, onuň bilen söhbetdeş bolmaga deň görlüpdir. Şonuň üçin kitaphanalar geçmişiň we şu günüň paýhasyny özünde saklaýan köşklerdir. Bazara çykan harydyň hemmesiniň bahasynyň deň bolmaýşy ýaly, kitaplar hem öz ähmiýetine,

peýdasyna laýyklykda, baha taýdan tapawut edýär. Emma bahasyna parh etmezden, ähli kitaby mugt okamaga, mugt öwrenmäge hemme mümkinçilik bar. Bu döwletimiziň döreden uly mümkinçilikleriniň biri bolan kitaphanalardyr.

Köneden gelýän bir ynanç bar: «Eliň galtaşan zada, ruhuň hem galtaşýandyr» diýilýär. Köpçülige ýetirilýän owadan we çeper bezelen neşirler şol sözüň hakdygyny, hakykatdygyny subut edýär. Elimize alan her bir kitabymyz – hakyky sungat eseri. Çünki paýhas bilen gözellik bir ýerde jem bolanda, paýhas bilen gözellik utgaşanda, islendik zat sungat derejesine ýokary göterilýär. Sungat bolsa adamyň ýüregine gözelligi, pähim-paýhasy ornaşdyrýar.

Oňat eser, ussatlyk bilen çekilen surat, dizaýner taslamalary... bularyň ählisi kitapda özüne mahsus orun tapýar. Kitapda ýazyjynyň, mugallymyň, suratkeşiň we çap edijiniň yhlasly zähmeti utgaşyp, kämil kitap emele gelýär. Kitaplaryň owadan suratlar bilen çap edilmeginde ýaş türkmen suratkeşleriniň hem ummasyz zehin önümleri ýatyr. Ýaş türkmen suratkeşleriniň ýerine ýetiren naýbaşy suratlaryny

kitaplarda görmek bolýar. Şu ýerde bir zady aýratyn bellemegimiz gerek. Şekillendiriş sungaty – ince ýol. Ol uly ussatlygy talap edýär. Kitap bezeg işleri, ýagny kitap grafikasy bolsa bularyň içinden hem iň çylşyrymlysydyr. Her kitabyň mazmunyna, ölçegine laýyk gelýän suratlary çekmek ummasyz uly gaýraty talap edýär.

Durmuş juda çalt özgerýär. Täze-täze zatlar oýlanyp tapylyp dur. Ylym-bilimiň esasy çeşmesi bolan kitap hem barha täze görnüşlere geçýär. Bu gün olaryň elektron görnüşleri dünýäni gurşap aldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken «Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň elektron kitaphanalarynyň bitewi ulgamyny döretmek hakynda» Kararyna laýyklykda, ýaşlara ýokary hilli bilim-terbiýe bermek, kitaphanalaryň işini özgertmek, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň kitaphanalarynda saklanýan kitaplaryň elektron goruny döretmek hem-de onuň netijeli peýdalanmagyny üpjün etmek işleri amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň kitaphanalarynda elektron kitaphanalaryň bitewi ulgamy döredildi. Elektron kitaphananyň artykmaç tarapy, kitaphana hazynasyna gelip gowuşýan metbugat neşirleriniň her bir görnüşini dogry we takyk hasaba almaga, her bir neşir baradaky ähli maglumatlary okyjynyň elektron katalogynyň «elektron gözleg sahypasyndan» tiz we bökdençsiz tapmagyna ýardam berýär. Gözlegi amala aşyranda, okyjy zerur bolan maglumatyny neşiriň görnüşi, tükelleme belgisi, pudagy, neşiriň awtory, neşiriň ady, neşiriň tematikasy we mazmuny boýunça-da tapyp bilýär. Okyjylar haýsy welaýatda ýa-da şäherde ýaşaýanlygyna garamazdan, ähli kitaphanalaryň kitap hazynasy baradaky maglumatlardan bökdençsiz peýdalanyp bilerler. Bu bolsa ýaşlarymyzyň ylmyň dürli ugurlary boýunça bilimlerini artdyrmagyna, mugallymlarymyzyň bolsa öz bilimlerini has-da kämilleşdirmegine ýardam berer.

Öňki döwürlerde ata-babalarymyz uzak ýola sapara, syýahata çykanlarynda, ýanlary bilen bir gysym Watan topragyny, bir döwüm tamdyr çöregini,

bir çümmük nahar duzuny we bir kitap alyp gider ekenler. Çünki bularyň ählisi ömürboýy ýanyňa ýoldaş bolýan, asla harlanylmaýan mukaddeslikler hasaplanypdyr. Argyşa giden ata-babalarymyz giden ýerlerine türkmeniň kitabyny äkitseler, baran ýerlerinden üýtgeşik, täsin, gyzykly we ähmiýetli kitaplary satyn alyp gaýdar ekenler. Türkmeniň özge halklar bilen kitaply gatnaşygy onuň edil saçakly gatnaşygy ýaly bolupdyr.

Kitabyň okalýan ýerinde, ynamyň bar ýerinde sagdyn düşünjeli nesil kemala gelýär, maksatlary amala aşyrmaga uly mümkinçilik döreýär, giň gapy açylýar, ýurt binasy berkeýär. Kitap okamak islegi halkyň dowamatyna dowam gatmak bilen barabardyr.

Biz kitaphon jemgyýeti kemala getirmelidiris. Munuň üçin dünýä tejribesinden nusga alyp, öz tejribelerimizi peýdalanyp, käbir zatlary has kämilleşdirip, milli öwüşginler bilen baýlaşdyryp bileris. Biz her ýylyň sentýabr aýynda ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygyny yglan edýäris. Munuň örän netijeli bolandygyna hemmämiz şaýat. Edil şonuň ýaly, ýurdumyzda her ýylda kitap okamagyň biraýlygyny yglan etsek, has göwnemakul bolardy. Bu

biraýlykda ýurdumyzyň ähli ýerinde: mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde, kitaphanalarda, medeni ojaklarda, edara-kärhanalarda kitap bilen bagly çäreler geçirilse, iň möhümi bolsa – öýlerde kitap bilen baglanyşykly söhbetler, gürrüňler edilse ýerine düşerdi. Ata-eneler çagalary bilen bilelikde kitap dükanlaryna aýlanyp, olaryň okasy gelýän kitaplaryny satyn alyp, sowgat etseler, çagalara ýakymly bolar. Öýde bir kitaby bilelikde okap, onuň many-mazmuny hakda maşgala bolup pikir alyşmagam ähmiýetli bolardy. Bu maşgaladaky agzybirligi hem berkidýär. Çünki kitapda keramat bar. Ýene bir zady ýörite aýdasym gelýär, muny öňki alymlaram belläp geçipdirler. Öz zähmet we durmuş tejribämde hem göz ýetirýärin. Ýaşulular hem muny tassyklaýar: kitap okalýan öýüň rysgal-berekedi köp bolýar. Şol biraýlygyň dowamynda çeper okaýyşlar gurnalsa, diňe kitap hakyndaky pikir alyşmalar, birek-birege kitap sowgat bermek ýaly asylly we haýyrly işler ýola goýulsa, bu sogaply amal jemgyýetimiz üçin ähmiýetli ýörelgä öwrüler.

Döredijilik we zehin terbiýesi

Çagalarda döredijilik terbiýesini kemala getirmek üçin biz nämeler etmeli? Munuň üçin, ilki bilen, olara döredijilik terbiýesiniň manysyny, mazmunyny, meýdanyny doly kesgitläp bermeli.

«Akyl sandyklaryndaky» depderleriň birinde şeýle sözler ýazylypdyr: «Perzendiňi tana! Onuň ukyp gençleriniň, zehin hazynalarynyň üstüni aç we peýdalan. Olaryň datly miwesinden ýygna we dadyr. Zehinli perzent nygmatdyr».

Perzentlere döredijilik terbiýesini bermegiň ähmiýeti örän uly. Zehinli, döredijilige meýilli adamlaryň her biri Ýaradanyň bagyş eden ajaýyp peşgeşidir. Perzendiň aňynda, ýasawynda, häsiýetinde zehin tohumlary has çuňluklarda ýygşyrylyp goýulýar. Her kimsäniň medeni gurşawyna we jemgyýetçilik ýagdaýyna görä, ol tohumlar ösüp, miwe berýär ýa-da ýeterlik mukdarda alada-üns berilmese, süllerýär we guraýar.

Günde-günaşa dilimizde gaýtalanyp ýörensoň, käbir sözleriň çuňňur manysyna öwrenişip gidýäris we olar hakda düýpli pikirlenjek bolmaýarys. Eýsem, döredijilik näme? Döredijilik sözüniň dilimizdäki manysy – bir zady täzeden döretmek, oýlap tapmak, ýagny öň bolmadyk bir zady düzmek, ýasamak, taslamak, taraşlamakdyr. Döredijiji – öň ýok zady, öň bolmadyk zady täzeden döredýän, peýda edýän adam diýmekdir. Her bir işe döredijilikli çemeleşmek bolsa ony öňkülerinden has ilerletmek, kämilleşdirmek üçin täze-täze çözgütleri, usullary tapmak, durmuşa ornaşdyrmak, ýola girizmek diýmekdir.

Men döredijilik terbiýesi babatda kakamyň beren terbiýesi üçin hoşaldyryn. Döredijilik terbiýesi hakdaky ilkinji düşünjeleri men öz öýümizde aldym. Kakam her bir işe döredijilikli çemeleşmegi ündeýärdi we muňa nähili amal etmelidigini hem öwredýärdi. Hatda öň öwrenilişen, endik edilen zatlara hem başgaça, täzeçe usul bilen nazar salmagy, beýleki taraplaryndan garap görmegi ýa-da köne bir pikiri ösdürip, täze we has kämil pikiri hasyl etmegiň ýollaryny görkezýärdi. Şonuň netijesinde, heniz rowaç bolmadyk täze bir pikir emele gelýärdi. Bu pikiriň haklygyna aklyň çatyp durka, ony

herekete getirmek üçin ýekeje zat galýar: bilýäniňe amal etmeli. Kakam her bir täze zady ündände, öwredende, şol zatlaryň aňymda we ýadymda mäkäm orun almagy üçin täze pikirlerime laýyk amal etmegi pugta sargaýardy.

Bu tymsal bolsa kakamyň gürrüň beren gyzykly hekaýatlarynyň biridir: Bir adam seleň sähranyň içi bilen ýöräp barýan ekeni. Birdenkä onuň gol bilen göterip bolmasa-da, ýerinden gozgap boljak daşa gözi kaklyşypdyr. Golaý-goltumda dag-u-daş bolmansoň, sähradaky daş onuň ünsüni çekipdir. Ýanyna barypdyr. Görse, daşyň ýüzünde «Meni beýläme öwür!» diýen ýazgy sünnälenip, oýma nagyş deýin salnan ekeni. Ol adamyň geňirgenmesi we bilesigelijiligi has-da artypdyr. Daşy beýlesine öwrüpdir welin, onuň ýüzünde hem bir ýazga nazary kaklyşypdyr. Daşyň beýleki tarapynda: «Bilýäniňi amal edýänçäň, bilmeýäniňi talap etme!» diýlip ýazylgy eken. Bu paýhas her bir zady ýadymyzda berçinlemek üçin şoňa amal etmelidigini ýatladýar.

Bilermenleriň uzak ýyllaryň dowamynda alyp baran ylmy seljermelerine görä, biz gören zatlarymyzyň 80%-ini, okan zatlarymyzyň 60%-ini, diňläň zatlarymyzyň 40%-ini köp wagt geçmänkä

ýadymyzdan çykarýarys. Emma, gören, eşiden, okan zatlarymyz dogrusynda biri bilen pikir alyşsak, pikirimizi paýlaşsak welin, biz şolary doly özleşdirip bilýäris. Ine, bu hem kämillik ýolundaky syrlaryň biridir – diňe bilmek bilen çäklenmän, bileniňe amal etmek wajypdyr.

Çagalary turuwbaşdan döredijilik terbiýesi bilen gurşamak gerek. Dürli oýunlar arkaly olaryň oýlap tapyjylyk, döredijilik ukybyny ösdürip bolýar. Mysal üçin, käbir oýunlar çagany beden taýdan taplaýan bolsa, beýleki birnäçe oýunlar pikirleniş we döredijilikli oýlanmak ukybyny ösdürýär. Aň-düşünjäni ýiteldýär. Hatda olara berilýän oýunjaklar hem gönüden-göni şol maksatlara hyzmat etmeli. Çagalarymyza oýunjak alyp bermekden maksat olary özümize azar bermezligi ýa-da bize päsgel bermän, özbaşyna güýmenmezligi üçin däl-de, olaryň pikirleniş güýjüni ösdürmäge ýardam etmelidir. Ýaşyna görä az-kem çylşyrymlyrak oýunjak bar bolsa, bu onuň pikirlenmegine, döredijilikli oýlanmagyna we olara mynasyp gaýrat sarp etmegine ýol açýar. Haçan-da, çaga öz dünýäsine çümende, onuň daşyndan guwanç bilen bakmak ene-atada ýakymly täsir galdyrýar. Beýleki bir ýandan bolsa, olaryň özbaşdak pikirlenmek ukybyny kämilleşdirýär.

Ata-babalarymyzdan gelýän paýhasly bir söz bar: «Balyk tutup berseň, sen ony bir günlük doýrarsyň. Balyk tutmagy öwretseň, sen oňa ömürlik doýar ýaly ukyp berersiň» diýilýär. Daşyndan göräýmäge ýönekeý oýun ýa-da sada oýunjak ýaly bolsa-da, onuň çaga dünýäsine edýän täsiri ummasyz uludyr. Çagalarymyza alyp berýän oýunjaklarymyz olaryň pikir ediş ukybyny taplamaga hyzmat etmelidir. Pikirleniş ukybyny ösdürýän oýunjaklaryň hataryna dürli binalary ýa-da gurallary ýasap bolýan oýunjaklar has-da laýyk gelýär. Perzendiň oýnaýan oýnawaçlaryny özi ýasamagyny ýa-da özünden dürli zatlary düzmegini höweslendirmeli. Özlerinden nämedir bir zady oýlap tapmaga höweslendirmek olarda täzeçe pikirlenmek, täze pikirleri döretmek ukybyny artdyrýar. Çaga üçin özüniň bir zat ýasap bilmegi, iň bolmanda, özi ýasamaga ymtylmagy olaryň özi üçin uly buýsanç we ynamdyr. Şeýle halatlarda ene-ata onuň bu hereketlerine asla garşy çykmaly däldir. Gaýta göwün göteriji, ruhlandyryjy, ylham beriji, hoşamaý sözler bilen olaryň işe has höwesli ýapyşmagyny gazanmaly: «Tüweleme, gör, sen nähili täsin zat ýasapsyň! Seniň bu ýasan zadyň dükanda satylýanlardan

hem has owadan» diýen ýaly ýakymly sözler bilen olaryň berekellasyny ýetirmeli.

Hoşamaý söz, alkyş edil ýagmyr suwy ýalydyr, her bir janly-jandara ýagşy täsir edýändir. Çaga üçin bolsa onuň gymmaty, bahasy örän ýokary. Şol sebäpden ene-atalar öz çagalarynyň zähmetine, her bir hereketine, hatda amal eden iň ýönekeýje işine hem alkyş sözlerini gysganmaly däldir. Olarda täzeçe pikirlenmek, köptaraplaýyn pikirlenmek endigini kemala getirmeli. Kellelerine gelýän her bir pikiri beýan etmegini öwretmeli. Mümkin boldugyça, şol pikirlerini iş ýüzünde amal etmäge hem şert döretmeli. Bu pursatlar çagada öz pikirlerini hasyl edip bolýandygyna ynamy berkidýär. Ynam bolsa juda köp zady çözýär.

Oýnaýan oýunjaklarynyň we oýunlarynyň hem dürli-dürli bolmagy pikirleniş güýjüni ösdürip biler. Aňyňy ösdürýän we bedeniňi taplaýan oýunlary sazlaşykly alyp gitmek has oňaýly. Türkmen milli oýunlarynyň ählisi diýen ýaly perzentleriň, çagalaryň süňňüni hem-de aňyny ösdürmäge niýetlenilen. Milli oýunlarymyzyň her biriniň uly terbiýeçilik ähmiýeti bar. Her bir oýunda aň-düşünjäni we döredijilikli pikirleniş ukybyny ösdürýän terbiýe bar. Biziň öz milli gymmatlyklarymyzy doly peýdalanyp

bilsegem, perzentleri sagdyn terbiýe bilen gurşap biljekdigimiz şübhesiz.

Çaga terbiýesinde üns berilmeli möhüm ýagdaýlaryň ýene biri – gaýta-gaýta käýäp, olary ýazgaryp durmaly däl-de, gaýta akyla makul işlere, hereketlere höweslendirmeli, täze işlere ruhlandyrmaly. Çaga bilesigeliji bolýar, käteler ýaňy alyp beren oýunjagyňyzy çokjalap, dörjeläp oturyşyna, oňa sähel bir zeper ýetiräýse, ýa-da bir ýerini zaýalasa, döwse, keşbini özgertse, «Size zat çydanok, muny näme üçin beýtdiňiz. Size indi zat alyp bermerin...» diýmeli däl-de, käýemäge derek, olaryň hem duýgusyna düşünmegimiz gerek. Sebäbi olar hem öz akyl-düşünjelerine laýyk hereket edýär we bize gelşiksiz ýa-da ýakymsyz görünýändigine garamazdan, olar öz göwünlerine laýyk zady ýasamaga ymtylýarlar. Şol ýerde hem çagalaryň her bir zada özboluşly çemeleşmesini görüp bolýar.

Ata-babalarymyzyň talyplara ylym-bilim berişlerini ýatlasym gelýär. Öňki döwürlerde talyba ylym bermegiň esasy üç ugry ýörgünli bolupdyr. Birinjisi, eşidip öwretmek usuly. Mugallym öz öwredýän zatlaryny diňe gürrüň beripdir. Okuwçylaryndan hem gürrüňleri eşidip, ýat tutmak arkaly özleşdirmegi talap edipdir. Bu adamyň

ýatkeşliginiň ösmegine getiripdir, her okuwçynyň öz üstünde işlemegine zerurlyk döredipdir. Muhammet pygamber hem hut şeýle usulda ylym alan hasap edilýär. Hiç zat okap we ýazyp bilmeýän pygamberimiz Jebraýyl perişdäniň özüne ýetiren sözlerini diňläp, eşidip ýat tutmak arkaly bu derejä ýetipdir.

Ikinjisi, ýazdyryp öwretmek usuly. Bu hat-sowadyň piri hasaplanýan Idris pygamberiň usulydyr. Mugallym her bir geçýän sapagyny, öwredýän zadyny hökman ýazdyrypdyr. Bu ylym almagyň iň ygtybarly ýoly hasaplanypdyr.

Üçünjisi, okadyp öwretmek usuly. Bu hem özlerine kitap we sahypa inen pygamberleriň ýoly hasaplanýar. Mugallym her dersi, sapagy hökman okadypdyr. Okatmak arkaly özleşdirilen sapagyň talyplaryň ýadynda, aňynda berkäp galmagyny gazanypdyr.

Özbaşdak pikir öwrüp, dogry netijä gelip bilmek diňe bir talyba däl, her bir adama mahsus bolmaly. Pikirleniş güýji babatda adamlar, esasan, üç topara bölünýär: birinjisi, pikirlenip bilýän, dogry netijäni tapýan we öz pikirini anyk, dogry, aýdyň ýaňzydyp bilýän adamlar. Bular sagdyn garaýyşly, öz ýollaryny özleri kesgitläp bilýän adamlardyr.

Ikinjisi, pikirlenip bilýän, dogry netijäni tapýan, ýöne öz pikirlerini ýaňzytmakdan çekinýän adamlar. Bular her bir zadyň dogry netijesini bilseler-de, düşünseler-de, çekinjeňlikleri zerarly durmuşda mümkinçiliginden az zat gazanýan adamlar.

Üçünjisi, pikirlenip bilmeýän, diňe özgeleriň pikirine uýýan, olaryň pikirine bendi bolýan adamlar. Bu adamlar agy garadan, ýagşyny ýamandan saýgaryp bilmeýändikleri üçin, yňdarma derejesinde görülýän adamlardyr. Özbaşdak pikirlenip, oýlanyp, netije çykaryp bilmezlik uly apat hasaplanýar. Çagalarda çeper pikirlenmek ukybyny ösdürmek hökmany ýagdaý. Okuwa bolan höwesinden we erjelliginden soňra, iň zerur düşünjeleriň biri şudur.

Ata-babalarymyzda öz bileniňi özgelere-de öwretmek, ýörite ussatlary ýetişdirmek parz saýylypdyr. Halypa hormaty peder sarpasy deýin belent tutulypdyr. Şägirt, okuwçy öz perzendiň deýin eý görlüpdir. Şeýdibem, halypa-şägirtliginiň durmuş mekdebi döredilipdir.

Şol ugur, usul, akaba biziň şu günlerimizde hem dowam edýär. Ösmek, barha kämilleşmek üçin halypa howa deýin zerur. «Yhlas bilen bir kämilge gol beren, Ýeter bir menzile, ýetmeýen

galmaz» diýýän Magtymguly şahyr müň mertebe mamla. Halypa – öz başarýan hünärini inçelikleri, syrlary, täsinlikleri bilen öz okuwçysyna, şägirdine geçirýän adam. Halypa – başarnyklary indiki nesle geçirýän, ýetirýän köpri. Hut şonuň üçin hem özüne muwapyk okuwçy ýetişdirmeýän adam halk arasynda ýazgarylypdyr. «Şägirdi ýok adam öz geçen köprüsinden il ýöremezligi üçin ony ýumrup gidýän adam ýalydyr. Miwesini iýen daragtyny il iýmez ýaly çapyp gidýän adam ýalydyr» diýlipdir. Şägirt ýetişdirmek mertebäni bir basgançak beýgeldýändir.

Haýsy hem bolsa bir ugurda aýratyn taýýarlyga eýe bolup, özüni beýlekilerden saýladyp, saýgardyp bilen adama zehinli diýip bileris. Aslynda, her bir çaga zehinli, emma zehin gämikläp, toprak ýüzüne çykýança, onuň nämedigini we nähilidigini hiç kim görenok, bilenok. Gögerip, ösüp başladygy ol her kimiň gözüne ilýär. Şeýle zehinli adamlar, ýagny aýratyn ukyp-başarnyklara eýe bolan çagalar, perzentler, okuwçylar we talyplar, mahlasy, her kes, eger-de öz ukyp-başarnyklaryny haýyrly ugra gönükdirseler, tutuş jemgyýete bähbitli birnäçe açyşlary edip bilerler. Lukmançylyga zehinli çaga özüne laýyk gelýän ugurlarda kämilleşip-kämilleşip, dürli däri-dermanlaryň üstüni açyp biler. Zandy

ýazuwly döredijilige ýugrulan çaga täze-täze täsin eserleri ýazyp, milletiň ruhy dünýäsini has-da baýlaşdyryp biler. Eger-de asyl ýasawyna tehnika bilen gyzyklanmak guýlan bolsa, ol çaga dürli tehniki tilsimatlary taslap, gurnap, ýasap biler. Maldarçylyk ukyby irgözinden bildirýän çagalar bar, olar her malyň reňkini, häsiýetini, hatda şol malyň aňyrsyna çenli aýdyp bilýär. Daýhançylyga werziş bolan zehinli çagalar bolsa sähel bir ýer ýa-da maý tapsa, nämedir bir zady ekmek, gül-pürçüge büremek ýaly oýundyr hereketlere, işlere gyzykýarlar. Gyzyklanma zehiniň özüni ýüze çykarmagynyň ilkinji alamatlarydyr.

Döredijilikli zehiniň hiç birini peslär ýaly däl, ýöne söz, akyl, filosofiýa bilen bagly döredijilik adamlaryň belli bir toparyna däl-de, ähli adamlara ýiti täsir edýändir. Daýhançylykdaky ýa-da maldarçylykdaky gyzyklanma jemgyýetiň belli bir gatlagyndaky adamlary, alymlary heýjana salsa, sözli, ýazuwly döredijilik hemmelere täsir edýär. Bular seýrek duşýan zehindir. Olar sungatda we edebiýatda döredijilik eserleri bilen peýda bolýarlar hem-de hemmeleriň ünsüni çekmegi, nazarynda, kalbynda mesgen tutmagy başarýarlar. Kär-hünär babatda zehinli adamlar hem edil şolar ýaly, lukmanlar,

mugallymlar, aklawçylar, hukuk işgärleri hem aýratyn ukyp-zehine eýe bolmaly adamlardyr.

Käte: «Jemgyýet zehinli adamlardan hemişe peýdalanyp bilipdirmi?» diýen sowaly öz-özüme berýärin. Adamzat taryhyny gözden geçireniňde, jemgyýetiň zehin gymmatlygy dogrusynda ummasyz uly ylmy işleri etmändigi geň galdyrýar. Munuň hem esasy sebäpleriniň biri – eger-de jemgyýetiň özi zehine kämil akyl ýetirerden ejiz bolsa, onuň hakyky gymmatyny duýup bilmezligi mümkin. Jemgyýetde sowatly adamlar näçe köpeldigiçe, şonça-da zehinli adamlar has köp ýüze çykar. Käbir çagalaryň toslaýan, taslaýan zatlary, aýdýan pikirleri şol döwür üçin hyýaly, howaýy, gülkünç bir zat bolup görünmegi mümkin. Ýöne arassa ýürekde arassa pikir gämikleýän bolsa, tämiz çaga kalbynyň ynam bilen aýdýan her bir pikiri ynam edilmäge doly mynasypdyr.

Biz zehinli çagalary hemişe ýagşy işlere höweslendirip durmaly. Munuň üçin nämeleri etmeli? Ata-babalarymyz zehinli adamlary neneňsi höweslendiripdir? Olary asylly maksada nähili ugrukdyrypdyr?

Bir gezek söhbetdeşligiň arasynda her ata öz çagalarynyň ýagşy gylyk-häsiýetleri dogrusynda

söz açyp oturan ekeni. Diňe bir ata öz perzentlerinde beýle mähirliligiň, ukyp-zehiniň ýokdugyny ýadyna salypdyr. «Biribar özgelere üşüklisini berip, bize körzehin birini bagyşlan bolarly. Kysmatdyr, kaýyl bolmakdan başga çäre ýok, beterinden saklasyn» diýip, içini hümledipdir. «Gardaş, sen näme dymyp otyrsyň, çagalaryňdaky buýsanýan häsiýetleriňi aýdyp otur ahyry» diýip, söhbetdeşleri dillenipdir. «Mende siziňkiler ýaly perzent ýok. Çagalarymyň her biri öz etmeli işini bilýär. Aýtdyrmazdan ýerine ýetirýär, ýöne siziň nygtaýan durmuşa höweslilik häsiýetlerini men olarda görüp bilemok. Belki bardyr-da, duýýan däldirin, ýa men beýle eşrete laýyk däldirin...» diýip, başyny aşak egipdir.

«Her çaga bir miweli nahaldyr. Yhlasyny egismeseň, mynasyp miwe berer. Heý-de, çagalaryň başyny sypap, olara ýagşy söz, dileg-doga, alkyş aýdyp gördüňmi?» diýipdirler. «Ýok. Başlaryny sypamok, boljak çaga şonsuzam belli bolar ahyry» diýip, ol adam dillenipdir. «Gardaş, henizem giç däl, bar-da, başyny sypa we ýagşy sözleriňi gysylma. Her bir hereketine mynasyp baha ber, çünki berlen mynasyp bahanyň özi çagany, hatda her bir adamy hem has ekezlendirýär, uly işlere ruhlandyrýar. Çaganyň başyny sypap, dileg

etmek bolsa onuň tiz kabul bolmagynyň, hasyl bolmagynyň bir syrydyr» diýip, akyl beripdirler. Ol adam bu sözlere juda geňirgenipdir. Öýüne gelip, çagalarynyň başyny sypasy gelipdir, ýöne öň muňa endik etmänsoň, hiç ebeteýini tapmandyr. Şeýdip, bir gijäni ukusyz geçiripdir. Ahyry ynamyny bir ýere jemläpdir-de, heniz daňyň düýbi agarmanka, ukuda ýatan çagalarynyň başyny sypap, olara ýagşy dileg-dogalar edipdir. Uzak gijäni çirim etmän geçirensoň, ýüregine düwen islegini hem ahyry berjaý edensoň, ol daňsäher çaglary uka gidipdir. Düýşüne erenler--pirler giripdir. «Eý, Taňry bendesi, sen juda ýagşy iş etdiň. Säher çagynda balalaryň başyny sypap, dileg etdiň. Enşalla, ähli islegleriň hasyl bolar!» diýip, gözden gaýyp bolupdyrlar. Şol günden başlap, ata-ene bilen perzentleriň arasyndaky mähribanlyk has-da berkäpdir. Ata bolsa öz perzentleriniň başyny sypap, olary maksatly amallara ugrukdyrmagyny dowam edipdir. Ahyrynda hem şol çagalar il-günüň keşigini gerdeninde göterýän är ýigitler bolup ýetişipdirler.

Jemgyýetiň we daş-töweregiň garaýşy hem zehiniň açylmagy üçin örän möhümdir. Ýaşlygynda

juda zehinli saýylyp, ulaldygysaýy adaty adama öwrülip gidýänleriň känligi ýöne ýere däl ahyry. Oňa daş-töweregiň ýeterlik alada bilen gurşamazlygy, ýeterlik üns bermezligi hem bir sebäpdir.

Soltan,serkerde,alym,akyldarata-babalarymyzyň durmuşyndan nusga almaly zatlarymyzyň ýene biri hem şudur – olar kimde nähili ukyp-zehin bar bolsa, olary ugrukdyryp, türgenleşdirip, kämilleşdirip durar ekeni. Soňra bolsa olara beýik wezipeleri ynanypdyrlar. Adamlaryň ukyp-zehinlerini dogry ýola gönükdirmek bilen uly utuşlar, ýeňişler, netijeler gazanylýar.

Bu ýagdaý biziň ata-babalarymyzda mekdep derejesine göterilipdir. Ogly Alp Arslanyň harby sungatdaky başarnyklaryny göreninden soňra, kakasy ony taktika saýlamak, meýilleşdirmek, söweş tilsimlerini saýlamak işlerine ugrukdyrýar. Netijede, soltan Alp Arslan birnäçe sebitleri eýeleýär we taryha şan bolan uly ýeňişlerini gazanýar.

Bilermenleriň aýtmagyna görä, ýaňy dünýä ineninden bäş ýaşyna çenli çagalaryň 90 göterimi aýratyn ukyp-zehini bilen tapawutlanýar. Haçanda ýedi ýaşlaryna baranda, bu görkeziji 10 göterime düşýär. Sekiz ýaşyna baranlarynda

welin, görkeziji 2 göterime düşýär. Bu ýagdaý mekdepde öwredilýän zatlaryň çagalaryň tebigy ukyp-zehinleriniň belli bir derejede peseldýändigini, öňüni bökdeýändigini aňladanokmy? Ýa mugallymlaryň ähli okuwçyny deň bir galyba salmak talaby olaryň joşgunly güýjüniň peselmegine täsir edýärmi? Mekdep, ilkinji nobatda, şol ukyplary goramaga, ösdürmäge, kämilleşdirmäge ýardam etmeli. Mekdeplerde bilim bermegiň has kämil ýollarynyň ornaşdyrylmagyny aýdanymda men şu gymmatlyklary hem göz öňünde tutupdym. Biziň hemmämiz her bir çaganyň hökman bir ukyp-zehinleriniň bardygyna ynanýarys. Şol ukyp-zehinleriň hem tebigy taýdan we daşky täsirler ýa-da ene-ata tarapyndan miras geçip bilýändigine hem uýýarys.

Her bir maşgala öz çagalarynyň zehinli, döredijilikli, tapawutly bolmagyny isleýär. Ýöne ugrunda yhlas etmeseň, islegiň bir özi ýeterlik däl. Şeýle paýhasly jümlä üns ediň: «Eger-de atyza ýorunja ekip, ony suwarmagy unutsaň ýa-da ahmal etseň, ýorunja tohumlaryny garynjalar göterip gider we ol ýerden hasyl alyp bilmersiň». Eger-de biz çagalarymyzda ukyp-zehiniň bardygyny bilibem, duýubam, ony açmak, ýoluny arçamak, ösdürmek,

kämilleşdirmek üçin yhlas etmesek, ýokardaky tymsalyň netijesine barar.

«Zehiniňi doly açmak üçin maddy we ruhy eşretler başybitin üpjün bolmaly, hemme zadyň düzüw bolmaly» diýen pikire uýulsa, bu ýalňyş bolar. Durmuş hem, jemgyýetçilik durmuşyny öwrenýän hünärmenler hem şeýle bir hakykaty tassyklaýar: adaty jemgyýetde önüp-ösen, üýtgeşik mümkinçiligi bolmadyk ýerlerde ýaşan adamlardan hem aýratyn zehinli adamlar, oýlap tapyjylar, meşhur serkerdeler çykypdyr.

Biziň ýurdumyzda öz zehiniňe görä amal etmek, beýik maksatlary hasyl etmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Türkmenistan beýik arzuwlaryň, maksatlaryň hasyl bolýan ülkesidir.

Döredijilikli pikirler haçan we nirede peýda bolýar? Elbetde, pikirler her ýerde we hemme wagt peýda bolup bilýär. Emma käbir ýerlerde olaryň döremek ähtimallygy has-da ýokarlanýar. Men açyk tebigatda gezim edeniňde, seleň sähralara syýahata çykanyňda, daglara gadam goýanyňda, säher bilen tylla Günüň dogşuny synlanyňda, ene-ataňa salama baranyňda, kimdir birine ýagşylyk edeniňde... gowy pikirleriň döremek ähtimallygynyň ýokarlanýan pursatlary diýip hasap edýärin.

Eger-de çaga ýa-da her kimiň özüne we edýän işi babatda erkin pikirlenmek, özbaşdak hereket etmek mümkinçiligi berilse, bu hem döredijilikli pikirleri oýaryp bilýär. Serhetsiz pikirlenmäge iterýär.

Eger-de çagalaryň gyzyklanýan ugruna degişli gerekli zatlar bilen üpjün etseň, döredijilikli oýlap tapyşlar üçin höweslendirseň, ruhlandyrsaň, täze-täze we ajaýyp pikirler peýda bolar. Täze garaýyşlary, pikirleri oýlap tapmagy üçin oňa oňaýly daşky gurşaw döretmeli. Belli bir amaly berjaý edeninden ýa-da bir işiň hötdesinden geleninden soňra, ýerine ýetiren gowy işi üçin olara hoş söz aýtmak, sowgat bermek döredijilik we zehin terbiýesinde iň ähmiýetli zatlaryň biridir.

Zehin heniz üsti açylmadyk, el degmedik, göz görmedik bir genji-hazynadyr. Her bir işe döredijilikli çemeleşilse, onuň hakyky öwüşgini we gymmaty görner.

Zehinli adam bir ýeten derejesinde saklanjak bolmaly däldir. Kämillige çäk ýok. Orta asyrlarda ýaşap geçen arap şahyry Sahyb ibn al-Abbad: «Siz şu gün bir eser ýazarsyňyz. Bir gün geçenden soňra, ol eseriňizi gaýtadan okarsyňyz we käbir ýerlerini üýtgetmek, düzetmek islärsiňiz. Käbir

sözleri goşarsyňyz, käbirlerini aýrarsyňyz. Bir hepdeden soňra ýene bir ýola şol eseriňizi ele alsaňyz, ýene-de käbir ýerlerini artdyryp, kemeltmegi makul görersiňiz. Bir aýdan soňam, bir ýyldan soňam, on ýyldan soňam, ýigrimi ýyldan soňam... şol eseri eliňize alanyňyza nähilidir bir üýtgeşiklik girizesiňiz geler durar. Bu ýagdaý şol eseriň ilkibaşda ýazylanda çigdigini däl-de, kämillige çäk ýokdugyny aňladýar. Çünki ynsan ýaşadygysaýy ýene birnäçe zatlara akyl ýetirýär, tejribesi artýar we dünýägaraýşy hem barha kämilleşýär» diýýär.

Bir ýerde durmak ösüşe mahsus ýagdaý däl. Ösmek isleýän bolsak, jemgyýeti ösdürmek isleýän bolsak, biz bir duran ýerimiz bilen kanagat etmeli däldiris. Biz öz zehinlerimizi ulanyp, has köp zatlary hasyl edip bileris.

Durmuşda her hili adamlar bolup bilýär. Biri zehiniň çyn aşygy, oňa elinden gelen kömegi etmäge taýýar. Ýene biri özünde bolmasa, başga birindäki zehine biparh bolup, kembaha bakýar. Ýöne zehin aýdyň ýüze çykarylsa, hemmä haýry degjek nygmatdyr. Şonuň üçin käteler zehinli çaga, zehinli okuwçy ýa-da talyp töweregindäki adamlaryň, esasan-da, mugallymlaryň özüne geleňsiz

garaýandygy ýa-da degerli baha bermeýändigi üçin uly maksatlaryndan elini sowatmaly däldir. Mugallym her bir okuwçynyň, talybyň bilim atasy hasaplanýar we olar öz okuwçylaryny öz perzentleri deýin eziz görmegi başarmaly, zehinli okuwçysyna adaty baha berip çäklenmeli däl-de, oňa edýän amalynyň derejesine görä hoş sözleri aýtmaly.

Durmuş tejribäme esaslanyp, türkmen ýaşlaryna döredijilikli pikirlenmegi maslahat berýärin. Onuň üçin etmeli işler şulardyr:

Döredijilik üçin baý maglumat goruna eýe bolmak hökmandyr. Köp zatdan habarly adam ajaýyp zady döredip biler. Pikirleriň has ajaýybyny saýlamak üçin nämeler etmeli? Köp sanly pikirleriňi bir ýere jemle we soňra ýaramaz ýa-da ähmiýeti pes bolan pikirleriň üstüni çyz. Diňe çäç pikirler saýlanar. Pikirleriňi ýat beklemegiň iň esasy usullarynyň biri hem ony sözlem içinde ýa-da söhbetdeşlik içinde ulanmakdyr. Bir zadyň üstünde üznüksiz pikir öwürmek hem täze pikirleri döredip bilýär. Köp sanly täze pikirler bolsa döredijilik häsiýetli täze pikirleri hasyl edýär.

***

Bir meseläniň bir jaý çözgüdini tapdyňmy, kanagatlanyp oturma. Şol bir meseläni dürli

taraplaryndan seljerip gör we hersine görä hereket edeniňde nähili netijelere eltjegini öwren. Jogaplaryň içinden iň ähmiýetlisini saýlap tut. Sagdyn pikirlen we hemişe ýene bir çözgüdini gözle.

***

Täze pikire amal etmek üçin işe girişeniňde, birbada ugrugyp bilmeseň, göz öňünde tutan netijäňi gazanmasaň hem ruhdan düşme. Az-kem dynç al, seriňi durla, özüňi dürse we hoş pikirleriňe amal etmegi dowam et.

***

Käbir wakalar beýleki bir pikiri ýa-da wakany ýadyňa salýar. Şonuň üçin ýadyňdan çykmanka, olary hökman ýazyp, belläp al. Pikirleriňi gaýta-gaýta gözden geçirip dur, şonda has täze pikirleriň üstüni açarsyň.

***

Duýgurlygyňa gulak as, ol saňa her bir meseläniň çözgüdini öňünden salgy berip, ýaňzydyp bilýändir. Ata-babalarymyzyň «Böwrüňe diň salmak» düşünjesi hut şoldur.

***

Beýik we asylly bir maksada, pikire eýerýän bolsaň, seniň pikiriňi ýalňyş hasaplamaklary zerarly haýyrly tutumyňdan bir ädim hem yza tesmegin. Gaýta, maksadyň beýikdigini we oňa amal edip, hötdesinden gelip bilýändigiňi, iş başarýandygyňy görkez, subut et, dowam et.

***

«Soramak aýyp däl, bilmezlik aýyp». Bu nakyl saňa öwrenmegiň gymmatyny aýdyň düşündirýär. Dürli soraglar, sowallar ýa-da sada çaklamalar hem akylly pikiriň, dogry çözgüdiň üstünden eltip biler. Şonuň üçin soraşdyrmagy, bir zat öwrenmek niýeti bilen soramagy özüňe peslik bilme.

***

Meseläniň dogry çözgüdini tapmak üçin oňa diňe bir burçundan, bir tarapyndan nazar salma. Ählitaraplaýyn seljerip, saýgaryp gör.

***

Hyýal etmek – göz öňüne getirmek güýjüni ösdürmäge çalyş. Meseläni çözmäge girişmeziňden öň, onuň mümkin bolan çözgüdini hyýalyňa sal, göz öňüne getir. Laýyk gelip biljek ähli çözgütlerini

pikirlenip gör. Işlere daşyndan içine we içinden daşyna tarap hem göz aýlamagy başar. Şonda ol işiňi kemsiz-köstsüz bitirmäge maý taparsyň.

***

Gyzyklanýan ugruňa dahylly ýeterlik maglumatlar bilen üpjün bolmazdan, döredijilikli pikirlenip bolmaz. Bir tema babatda ylym-bilimiň, maglumatyň artdygyça şol babatda döredijilikli çemeleşmegiň artyp gidýär.

***

Maksadyňa ynamly bol, ýanbermez bol. Adatça, kyn meseläniň düýp esaslaryna nazar salmak we esasy çaklamalary öňe sürmek päsgelçilikleri pursada öwrüp bilýär.

***

Bir meseläniň çözgüdini tapmaga ejiz gelseň, edil şonuň ýaly ýagdaýa düşen adamlaryň çözgüdini, pikirini peýdalan.

***

Bir meseläni bitirmegiň birnäçe mümkinçiligi bar bolsa, hemişe mümkinçiligiň has gowusyna eýer. Soňra zerur bolsa, şol hörpde dowam et, ýogsa-da ýene öz maksatly ýoluňa düş.

***

Synanyş! Döredijilik, aglaba halatda, ilkinji synanyşykda gelibermeýär. Ilkinji synanyşykdaky şowsuzlyk – bu ýagdaý şol işiň gutarnykly şowsuzdygyny görkezmeýär. Ýalňyşandygyň üçin alýan jeza-temmiň, synanyşmaýanlygyň üçin alýan jezaňdan az bolsun.

***

Ünsüňi jemlemegi başar. Köp halatlarda bir pikiriň gyzgalaňly tarapyna (ýa-da beýleki tarapyna) ünsüňi jemläniňde, pikirler döredijilige öwrülýär.

***

Höwes bilen başla. Ahyrky gazanjak netijäňi, hasyl etjek maksadyňy göz öňünde tutup, oňa ýetmek hyjuwy bilen işe giriş.

***

Ähtimallyklar ýadyňdan çykmasyn! Garaşanyňdan has köp zatlaryň bolup biljekdigini çakla, ähtimallygy peýdalan we özüňi tertip-düzgüne sal. Hemme zat şol pursatda bolýan ýaly göz öňüne getir we özüňi şol ýagdaýa taýýarla, tapla.

Eziz türkmen nesli! Sen zehinli nesilsiň!

Her bir aýdýan sözüň dogry, dürs we jaýdar bolsun!

Öz ene diliňde – edebi dilde gürlemek mertebedir.

Sendäki zehin her bir zady çalt öwrenmäge, özleşdirmäge düýp esasdyr, mümkinçilikdir.

Her bir ädimiň maksatly ädilsin! Işleriňi meýilleşdir, göz öňüne getir, aňyňda aýla, tertip-nyzama eýer, şonda işleriň rowaç bolar.

Köp okamak ömrüň manysyny artdyrýan endikdir. Baý maglumatlara eýe bolan adamyň dünýägaraýşy giňdir. Düşünjesi giň adamyň bolsa göwni giň bolar. Göwni giň adamyň ýoly giň bolar, rysgy giň bolar.

Maksadyňa erjel we tutanýerli bol. Bir işi başlap, taşlama.

Özüňe aýdylýan tankydy belliklere dogry düşün we näsaz häsiýetleriňi, hereketleriňi düzet. Tankyt seniň kämilligiň üçin bir ýatlatmadyr.

Gahar-gazabyňa we kişi köňlüne ýara saljak duýgularyňa erk etmegi başar. Duýgulara dahylly ýerde özüňi saklamagy, jylawlamagy öwren.

Lebzi halal, ykrarly bol. Arkalanyp, ynanyp boljak adam bolup ýaşa. Jemgyýetçilik jogapkärçiligine ýokary derejede çemeleş!

Agzybirlik uly güýçdür. Birek-birege arkalaşykly bol! «Gyrmyldan gyr aşar, arkalaşan dag aşar».

Sungat terbiýesi

Dutar – üýtgeşik bir senet, jadyly senet. Aslynda, türkmen öýüni bezeýän, türkmen öýüni gelşigine getirýän zatlaryň biri dutar. Haýsy öýüň dulunda dutar bar bolsa, şol maşgala salykatly, medeniýetli, düşünjeli görülýär. Haýsy öýüň töründe dutar bar bolsa, şol hojalyk döwletli, bereketli, rysgally hasap edilýär. Sebäbi bu gönüden-göni sungat bilen baglanyşykly. Ähli gowulyklar bolsa sungata sarpanyň bar ýerinde jem bolýar. Dutar dünýä düşünmegiň dilidir diýip bolar. Taryhyň dowamynda ata-babalarymyzyň ýow gününde-de, toý gününde-de ýanyndan goýmadyk gazma dutary juda täsin senet. «Türkmen medeniýeti», «Ile döwlet geler bolsa...», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» ýaly birnäçe eserlerimde bu jadyly senede berilýän uly baha hakda söz açypdym. «Türkmen



medeniýeti» atly kitabymda: «Zähmetsöýer, kärine jogapkärçilikli, zehinli mugallym, gaýduwsyz esger, durmuş gözelligine aýawly garamagy ündän atam Berdimuhamet Annaýew XX asyryň ýigriminji ýyllarynda obadaşy Kel bagşynyň dutaryň gelip çykyşy hakyndaky ýürek joşduryjy rowaýatyny eşidipdir» diýip ýazypdym. Rowaýatda, dutary ýasamakda diňe adam aňynyň, adam akylynyň, paýhasynyň däl-de, eýsem, göze görünmeýän tebigy güýçleriň, gaýyby täsirleriň hem goşandynyň bolandygyny görmek bolýar. Has täsin ýeri, türkmen halkynda 72 sany saz guralynyň bolandygyna garamazdan, şeýle mazmunly rowaýatlar beýleki saz gurallarynyň hiç birinde gabat gelmeýär. Şonuň üçinem dutar ýürek sesiňi dünýä ýetirmegiň, dünýä hem-de tebigat bilen düşünişmegiň, hatda dünýäniň syrly tarapyna düşünip bilmegiňem bir guralydyr. Dutar hem sungat, hem gudrat, hem diplomatiýadyr.

Ýurdumyzyň Pendi ýaýlalary saz-söhbediň, mukamyň taryhy mesgenleriniň biri hasaplanylýar. Ol ýerde: «Her öýde bir dutar bolmasa ýa-da her

hojalykda iň bolmanda bir adam dutar çalmagy başarmasa, bu ýerlerde aýyp görülýär» diýýärler. Ine, bu ýagdaý halkymyzyň milli senedimize – dutara bolan sarpasy. Şeýdip, halkymyz çagalaryň sungat arkaly, aýdym-saz arkaly terbiýelenmegini ýola goýupdyrlar. Sungat terbiýesini maşgala-perzent terbiýesiniň aýrylmaz bir şahasyna öwrüpdirler. Günbatar medeniýetinde edep, edebiýat, ylym, sungat bilen terbiýelenmek aristokratik terbiýe (begzada terbiýesi) hasaplanylýar. Biziň halkymyzda bolsa beýle terbiýe müňýyllyklardan bäri dowam edip gelýän adaty milli maşgala terbiýesi. Hemmelere deň dessur, barabar ýörelgedir.

Sazyň, esasanam, dutarda çalynýan sazyň şypa berijilik häsiýetiniň bardygy ir döwürlerden bäri mälim. IX–X asyrlaryň meşhur türkmen alymlary Abu Nasr al-Farabynyň, Ahmet at-Taýýib as-Sarahsynyň saz ylmyna bagyşlap ýazan birnäçe eserleri bar. Sazyň aýratyn bir ylymdygy, sungatdygy, sazda şypa berijilik täsiriň bardygy, gaýgy-gamlardan, ýadawlykdan hem-de tukatlykdan saplanmaga kömek edýändigi,

zähmete we döredijilige ruhlandyrýandygy şol kitaplarda ýatlanylýar.

Dutar ýasaýan ussalaryň tut agajyny saýlaýyşlary, suwda ýatyryşlary, dutar ýasamaga ýaramly ýa-da däldigini kesgitleýişleri, inçelikleri, täsin bir sungatdygy hakdaky gürrüňleri örän täsirli. Edil Mikelanželonyň daş harsaňyna seredip, ondan nähili heýkeliň çykjakdygyny öňünden bilşi ýaly, türkmen dutar ussalary hem tut agajyna seredip, ondan nähili dutary ýasap boljakdygyny öňünden kesgitleýärler.

Işleriniň ugrukmagy, saglyk, rowaçlyk, agzybirlik üçin saz çalyp bermegi haýyş edýän ildeşlerimiz bar. Onuň netijesiniň, hakykatdanam, oňuna bolýandygyny aýdýarlar. Bu-da türkmen halkynyň aňyrdan gelýän bir ýörelgesi. Mysal üçin, Gorkut ata, Aşyk Aýdyň pir özüniň alkyşyny, ýagşy dileg-dogalaryny aýdym-sazyň üsti bilen beýan edýärler. Görogluda hem şeýle aýratynlyklary görüp bolýar. Diýmek, biziň öýlerimizde hem-de toýlarymyzda dutaryň owazynyň belentden ýaňlanyp durmagy – bu biziň döwletliligimiziň, rysgal-bereketliligimiziň,

agzybirligimiziň, bagtyýarlygymyzyň bir alamatydyr hem-de çeşmesidir.

Bu gün dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty ugrunyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi onuň adamzat ähmiýetli gymmatlykdygynyň dünýä derejesinde resmi taýdan ykrar edilmegidir. Dutarçylyk sungatynyň ömrüne ömür goşulmagy biziň üstünligimizdir.

Çagalar sungat terbiýesi bilen hökman gurşalmalydyr. Aýdym-sazda argynlykdan saplaýan, ýadawlykdan açýan güýç-gudrat bar. Saz çalýan wagtyň ýa-da aýdym aýdýan wagtyň özüňi başga dünýälerde gezip ýören ýaly duýýarsyň. Bu bolsa özüňi dürsemäge, gaýtadan gaýrat, güýç toplamaga, joşgun almaga we täze ruh bilen islendik işiň başyna barmaga höweslendirýär. Sungat terbiýesi aň-düşünjäni hem ösdürýär. Bu biziň halkymyzda milli terbiýäniň aýrylmaz bir şahasydyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



Ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesi

Her halkyň özboluşly däp-dessury, öz tebigatyna mahsus ýaşaýyş-durmuş şertleri, edähetleri bar. Öý-hojalyk işleri ýa-da maşgaladaky perzent terbiýesi hem şol ýagdaý esasynda gurnalan. Perzent, çaga terbiýesine aýratyn üns bilen bakýan pederlerimiz nesilleriň sagdyn we aň-düşünjeli bolup ýetişmekleri, şeýle hem tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaklary üçin zerur bolan ähli zatlary öwredipdirler. Daş-töweregimizi, tebigatymyzy arassa saklamak, ekologiýa terbiýesi bilen gurşalmak, ösümlik dünýäsine söýgi bilen garamak ýaly pähim-düşünjeler dürli nakyllarda, hekaýalarda, eserlerde öz beýanyny tapypdyr. Şolaryň arasynda suw bilen baglanyşykly hem köpsanly aýtgylar, rowaýatlar bar. Akar suwa hapa zatlary taşlamaly däldigi ata-baba ündelýän nesihat. Çünki suw ýaşaýşyň jan damary. Ol arassa boldugyça

ynsanlara, janly-jandarlara, guş-gumrulara, baglara, miwelere ähmiýetlidir. Şonuň üçin suwy ulanmagyň, ony isrip etmezligiň hem edebi bar. «Suwy hormatlaýan döwlet tapar» diýen düşünje gadym döwürlerden bäri ýörgünli ekeni.

Ekologiýa terbiýesine bag-agaç nahallaryny oturtmaklygam degişli. Agaç ekmegiň sogaby, haýry ir döwürlerden bäri meşhur we ol çagalykdan aňymyza guýulýan terbiýeleriň biri. «Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär, Dünýä kitabynda onuň ady bar» diýen setirler hem muny tassyklaýar. Bir düýp daragtyň biziň durmuşymyza ýetirýän peýdasy hakda gadym döwürlerde nämeler ündelen bolsa, indi şol paýhaslar anyk ylmy deliller bilen öwredilýär. Okuw kitaplarynda öwran-öwran gaýtalanýar.

Daragtlaryň biziň süňňümize we sagdynlygymyza ýetirýän täsiri örän uly. Ol hem maddy, hem ruhy taýdan ähmiýetlidir. Käbir daragtlar bize juda täsirli we jadyly güýji bagyş edýär diýsek, öte geçmeris. Bir daragta gözümiz düşse, ýüregimize ýakyn we ýakymly kimdir birine duşan ýaly begenýäris. Olaryň ruhy dünýämize salýan giňligi, çaýýan öwüşgüni hem tükeniksiz. Ýylyň ähli möwsüminde hem onuň

peýdasyny aýdyň duýýarys. Bahar möwsüminde ýaşyl dona bürenen daragtlar durmuşa bolan söýgini artdyrýar. Howurly tomusda gür baglaryň ýaşyl ýapraklarynyň, astyndaky dynjyň özi uly zada degýär. Güýzde sary begresi, gyşda ak dony egnine atan daragtlary göreniňde tebigatyň çyn gözelligini süňňüň, ruhuň bilen duýýarsyň.

Sagdyn we ýeňil dem almak üçin zerur bolan kislorody bölüp çykaryp, howadaky kömürturşy gazy ýaly maddalary sorup almagy hem uly bir nygmat ahyry. Ine, şonuň üçin hem biz agaç nahallaryny oturdýarys. Olaryň goýry saýaly we datly miweli daragtlar bolup ýetişmegi üçin yhas edýäris. Tebigatymyza we ruhy dünýämize gözellik hem-de öwüşgin çaýmagy üçin, hemişe ýagşy ýatlamalara hemra bolmak üçin daragtlary, nahallary oturdýarys. Bag ekmek halkymyzyň milli dessurydyr. Ata-babalarymyz täze öý gurunjak ýerinde hemişe bag nahallaryny oturdypdyrlar. Bag – berekediň bir çeşmesi hasaplanylýar. Näçe köp bag nahallary ösdürilip ýetişdirilse, şonça-da şol ojagyň, şol ýeriň rysgal-berekedi has köpeler diýilýär. Ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, tebigy gurşawy abadan we arassa saklamak, ýaşlarda ekologik terbiýäni ösdürmek babatda giň gerimli işleri alyp barýarys.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Ata Watanymyzyň topragy örän bereketli we rysgally. Topraga yhlas bilen oklanan her bir tohum, däne dessine gämikläp, pür-pudak ýaýradyp, gül-pürçük bolup, ösýär, örňeýär. Hatda mundan ozal başga klimatlara mahsus saýylan pürli, saýaly we miweli agaçlaryň, dürli ekinleriň hem bu toprakda kök urup, boý alyp bilýändigini, bol hasyl berýändigini durmuş subut etdi. Günüň bolluk bilen dökülýän ýyly çogy bu toprakda bitýän her bir zada tagam, ýokum hem-de gözellik berýär. Hut şonuň üçin hem türkmen topragynda gögerýän, bitýän her bir ösümlik, bag-daragt dermanlyk, melhemlik häsiýete eýedir.

Milli terbiýämiziň beýleki ugurlary hakynda hem juda köp zatlary mysal getirip bolýar. Akyl we pikir terbiýesi, ylym terbiýesi, medeni – aň-düşünje terbiýesi, kär-hünär terbiýesi, syýasy terbiýe, maliýe-ykdysady terbiýe, jemgyýetçilik terbiýesi, dil terbiýesi – bularyň her biri her bir türkmen nesliniň aňyna hökman siňdirilmeli ugurlardyr. Şol sebäpli terbiýe baradaky gürrüňleriň ýene-de dowamy bolar. Ýöne men bu gürrüňlere soň gaýdyp gelmegi niýet edip, häzirlikçe söhbedimizi jemlemegi makul bildim.

MERTEBELI ÝAŞAÝŞYŇ MANYSY

Barlyga söýginiň manysy

Öňem bir danadan sorapdyrlar: «Sen her gün säher turup, Güne salam berýärsiň, suwuň ýanyna barsaň hem ýene-de salam berýärsiň, topragyň bir gysymyny alyp, «Gurbanyň bolaýyn!» diýip, maňlaýyňa sylýarsyň. Ot ýanyp duran bolsa, «Ot – oraz» diýip, oduň ýanynda hem dileg edip, bolşuň edil olaryň ählisi bilen dil tapyşyp, gepleşýän ýaly. Munuň hikmeti nämede?!». Dana çalaja ýylgyrypdyr-da: «Alymlaryň bir topary ýaşaýşyň gözbaşynyň otdan, suwdan, toprakdan, howadan hasyl bolandygyny gürrüň berýärler. Men bolsa bularyň synamyň, meniň bedenimiň bir bölegidigini duýýaryn. Men suwuň ýanyna baranymda, bedenimdäki aýlanýan gan joşgun alyp, oňa garylyp-gatylmak isleýär. Asmana seredip, Güne salam berýänligim, Günüň ýylysyndan ýaşaýyş döreýär, toprak janlanýar. Topragyň jany suwdadyr. Meniň nepesime

dolýan, dünýädäki ähli zatlaryň ýaşamagy üçin zerur howa bolan yhlasymy siz bilýänem dälsiňiz. Men paý-pyýada bir ýere rowana bolanymda, her ýeriň ot-çöpüniň ysy kükeýän howany kükregime dolduryp, her ädimime şükür edýärin, her demime şükür edip gezýärin. Şonuň üçin men neneň olara togap etmäýin?!» diýipdir.

Ýaşaýşyň manysyny şular ýaly rowaýatlardan, olaryň mazmunyndan hem çözläp oturmaly. Ýöne bu birtaraplaýyn düşündiriş bolar. Men ömrüň manylylygy durmuşyň ähli ulgamy babatdaky garaýyşlar arkaly hasyl bolýar diýip pikir edýärin. Tebigat, ýaradylyş bilen baglanyşykly düşünjeler bolsa onuň ilkinji esaslarydyr. Sebäbi tebigat – fiziki barlyk, onda ähli düşünjeleriň düýp esasy bar. Şonuň üçinem adam tebigata ýüzlenip, özüniň ýaşaýşynyň hiline baha berip biler.

Adamyň zandynyň ýaradylandygy onuň topraga baglanyşygyny aňladýar ýa-da ýaradylyşyň otdan, suwdan, howadan, toprakdan başlanýandygynyň hakykaty diňe bir filosofiýa ylmynda däl, adamlaryň ýürekleriniň hem bir ýerlerinde ýazylgy durandyr diýip pikir edýärin. Filosoflaryň esaslandyrmalaryny heniz okap ýetişmedikler hem ony kalbynyň çuňlugynda ykrar edýändirler.

Ýaradylyşyň ilkibaşky esaslary hakynda söz açylanda, olary teswirleýän alymlaryň biri ahyrky netijede: «Adam öz aslyndan daşlaşyp gidip bilmez ahyryn» diýýär. Bu hak aýdylan. Öýünden uzaga gidende, düwünçekde bir gysym topragy ýany bilen alyp gidip, öz ýüregini köşeşdirýän adamlaryň dünýäsine düşünmek kynmy, eýsem?! Mähriban ata-babalarymyzyň bir gysym topragy ýat illerde hem jana aram beriji, melhem diýip, ýanlaryna göteryändikleri bize diňe bir öwüt bilen däl, gan, jan-ten, duýgy bilen geçipdir. Käteler uzak illerde saparda bolanyňda, ilki bilen mele topragyň reňkine meňzeş ýeri gözleýärsiň. «Haýsy ýer biziň topragymyza meňzeşkä?» diýýärsiň. Geografiýadan okanlaryňy ýatlap, käbir meňzeşlikleri göresiň gelýär. Ýöne göwün diýeniň bolup durmaýar. Ýanyň bilen alyp giden bir gysym topragyňa meňzeş ýeri hiç ýerden tapyp bolmajakdygyna şonda has-da göz ýetirýärsiň. Göräýmäge meňzeş ýaly, ýöne başga hillidir.

Ata-babalarymyzyň topraga yhlasy olaryň ekerançylygyň irki medeniýetini döredenler bolanlygyndan hem has uludyr. Türkmençilikde topraga arassa suwdan, gerekli dökünden başga zadyň düşnügi rowa görülmeýär. Suw arassa

bolmasa, ýer zaýalanýar. Suw-lagym ulgamy ýok ýerlerinde arassa bilen arassa däl zady aýyl-saýyl etmek juda kyn bolup görünýär. Ýöne bu beýle däl. Ata-babalarymyz hojalygy ýöretmegiň juda kämil ulgamyny döredipdirler. Galyndylaryň hiline seredip, olary haýsy maksat bilen ulanmalydygyny dogry hem-de maksadalaýyk edip kesgitläp bilipdirler. Şonuň üçinem türkmen obalarynda irki ýyllarda-da hojalykda ulanmasyz hasap edilýän galyndylaryň dagaşyp, eýesiz ýatan ýerine duş gelinmeýärdi. Onuňam sebäbi, türkmençilik kadalarynda, durmuş ýörelgelerinde öz ornuny tapan düzgünleriň hemişelik dowam edýänligindedir.

Ata-babalarymyzyň özleşdiren durmuş tejribeleri, paýhasy olaryň dowamatyna dowam bolup gidýär. Soňky 10–12 asyryň dowamynda halkymyzyň durmuşyna ornaşyp giden yslam dininiň kadalary arassaçylyk, gündelik durmuşyň düzgün-tertipde guralmagy babatdaky hökmany ýörelgeler bilen utgaşdyrylyp, has hem mäkäm boldy.

Gadymy rowaýatlarda topraga, suwa efsun urup, jan berýän, köp zatdan başy çykýan okumyş adamlar hakynda hem gürrüň berilýär. Suwa, topraga jan bermek olardaky görünýän fiziki barlygyň haýsydyr

bir hereketlendiriji esasyny tapmak we oňa täsir etmek hem aýratyn taýýarlygy talap edýän ugur bolupdyr. Häzir bu gürrüňler erteki, toslama ýaly, ýöne şolar hem tötänleýin döremeýär. Toprak suwa ezilýär we akyp gidýär ýa-da toprak suw bilen birigende, ondaky organiki esaslar janlanýarlar. Ody ýel, howa tutaşdyrýar, toprak, suw öçürýär. Umuman, ýaradylyşyň esasyny düzýän maddy barlyklar özara baglanyşykdadyr. Himiýa ylmynda maddalaryň arasynda täsirleşme bolmagy üçin, köplenç halatda oňa howa gurşawy, ot ýa-da suw gerek. Mysal üçin, demir howanyň täsirine, onuň çyglylygyna, ýagny düzümindäki yzgaryň mukdaryna laýyklykda dürlüçe bolup biler. Demir yzgara zeňleýär, gurak howada bolsa ýalpyldaýar. Şular ýaly mysallar durmuşdaky ähli zatlaryň özara baglanyşygynyň hem tebigy ýagdaýlara görä üýtgeýändigini görkezýär. Netijede, adamzadyň toplan baý tejribesi durmuş bilimlerine öwrülip, nirede nämäniň bardygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şol bilimleri hem çuňňur öwrenip, olaryň ylmy taraplaryny açýarlar. Onuň üçin pikir ýöretmeleriň we seljermeleriň esasynda alnan bilimler hem gerek. «Ýandak sere – tohum ýere, mirap – suwa, kök – yzgara» diýen nakyla ser salyň, ondan tebigatdaky özara baglanyşygyň keşbini okarsyňyz.

Suw, ot, howa hemişe hereketde, olaryň durky üýtgäp durýar. Toprak suwdaky gyrmançalary, oduň tüssesini we külüni, howadaky bölejikleri, ählisini jemläp özüne siňdirýär. «Ene toprak» diýlende, şu hadysa hyýalyňda janlanýar. Özüniň perzendi, Zeminiň dowamaty üçin ähli zady unutmaga taýýar bolan ene şol topraga meňzedilýär. Adamyň asylly, medeniýetli häsiýeti tekrarlananda, oňa hem «ýer ýaly» diýilýändir. Munuň özi onda topragyň tebigatdaky häsiýeti bilen meňzeşlikleriň bardygyny aňladýar. Şeýle häsiýetli adama doly bil baglap bolýar. Sebäbi ol özünden nämä garaşylýandygyny duýýar.

Topragyň dänäni şineletmegi üçin howanyň, gyzgynlygyň, suwuň täsiri gerek. Ynsan gatnaşyklarynda bu adamyň ynama mynasyp bolmak üçin edýän yhlasyny ýatladýar. Toprak ähli zatlary goýnunda gizleýär, ähli janly-jandaryň topraga bagry badaşan. Ösümlikleriň köki topragyň jümmüşine uzaýar, ynsanyň dabany her ädimde topraga galtaşýar. Bu täsirleşmeleriň netijesinde nämäniň emele gelýändigi göze görünmeýär. Ilçilikde: «Aýagyňy ýerden üzme» hem diýilýändir. Ýöne adamyň topraga baglanmagy, aslynyň «toprak» diýilmeginiň manysy has açyk düşündirilmelidir.

Topragyň jümmüşinde bolup geçýän janlanma, özgerme hadysalarynyň netijesi ol barada çeper many çykarmaga itergi berýär. Altyn, magdan gözleýjiler toprakda nähili organiki däl maddalaryň ýatandygyny ýüze çykaryp bilýärler. Guýy ussasy edil şol eserdeňlik bilen nirede süýji suwuň bardygyny bilýär. Geologlar ýerde gizlenilgi ýatan «manyny okaýarlar». Bir daragtyň ýerden güberilip çykyp, soň hem ýene ýere garylyp gidişi, filosoflaryň dili bilen aýdylanda, çylşyrymly bir hadysa ýalydyr. Ýöne hakykatdanam, ähli janly zatlar, jansyz zatlaram, şol sanda daglaram ýere örküni berip otyrlar. Daglar wagtyň geçmegi bilen özgerýär, dünýädäki ähli zatlaram özgerýär, diýmek, olar hem «janly». Adatça, biologiýanyň kanuny boýunça özgerýänlerine organiki, beýlekilerine organiki däl diýilýär. Aslyýetinde, tebigatdaky himiki maddalaryň ählisi hem organiki maddalardyr, sebäbi olar tebigatyň özünde döreýär we özgerýär ahyry diýen pikir seriňe gelýär.

Ýerdäki ähli janly bedenleriň, şol sanda adamyň hem töwerek bilen täsirleşmesi bolmazdan ýaşaýşyny göz öňüne getirmek kyndyr. Maddalaryň alyş-çalşygy bilen ýaşaýyş herekete gelýär, dyngysyz aýlanyp durýar.

Adamyň bedeninde, Mendeleýewiň tablisasyndaky elementleriň 86 sanysynyň bardygyny alymlar belleýärler. Adamyň bedeniniň 60 göterimi suwdan, 34 göterimi organiki birleşmelerden, 6 göterimi organiki däl birleşmelerden düzülýär. Organiki birleşmelerden, esasan, uglerod, wodorod, kislorod, şeýle hem azot, fosfor we kükürt, organiki däl birleşmelerden bolsa, Mendeleýewiň tablisasyndaky Ca, P, O, Na, Mg, S, B, Cl, K, V, Mn, Fe, Co, Ni, Cu, Zn, Mo, Cr, Si, I, F, Se elementleri bar. Şulardan himiki madda alyş-çalşygyna işjeň gatnaşýan elementler iň möhümleri hasap edilýär. Himiki elementleriň bedende bolup geçýän tebigy hadysalara gatnaşygynyň netijesinde, olaryň ýaşaýşa ýetirýän täsirini öwrenip bolýar. Alma bagynyň düýbüni demir böleklerinden «iýmitlendirseň», ol gurplanýar. Sebäbi almanyň düzüminde köp demir bar. Ata-babalarymyz ýaňy dişi bekän çagalaryna kitirdewük çeýnedipdirler ýa-da ýumurtganyň daşky gabygyny üwäp, un ýaly edip, ony hem süýde ýa-da gatyga goşup iýdiripdirler. Sebäbi çaganyň berdaşly bolmagyna, süňküniň berkemegi üçin şol önümleriň düzümindäki zatlaryň peýdalydygyny bilipdirler.

Himiki elementler ýerde, suwda, howada bolýar, gyzgynlyk arkaly hem özara täsirleşýär. Toprak –



ýaşaýşyň dowam etmegi üçin giňişlik, derwaýyslyk. Topragy aýap, topraga eserdeňlik bilen oýlanyşykly çemeleşýän ata-babalarymyz şonuň bilen baglanyşykly edim-gylymlary berk kada öwrüpdirler. «Toprak ýedi hazynanyň başydyr» diýip ýöne ýerden aýdylmaýar. «Toprak teniňdir, asman – ruhuň», «Topragy söýmedik, Watany söýmez», «Türkmen öz topragyna bereket saçagy hökmünde sygynýandyr» diýip, ata-babalarymyz tekrarlapdyrlar. Topragyň jan berýän jadyly güýji bar. Käbir ýagdaýlarda bolsa,

topragyň ýüzünde galýan «tegmiliň» üstüne hem toprak sepip, ony örtüp bolýar.

Adamzadyň rysgaly toprakdan önýär. Toprakda dürli ösümlikler, önümler kemala gelýär. Olar gül bolup açylýarlar, miwe getirýärler ýa-da tiken bolup sanjylýar. Ýöne şolaryň her biriniň bir peýdaly ýeri bar. Eýsem, adamyň tebigata gatnaşygyndan kemala gelýän zat näme?! Toprak, howa, gyzgynlyk, suw, bular ýaşaýşyň dowam etmeginiň hökmany şertleri. Adam tebigatyň sazlaşykly guralan ýaşaýyş akymynyň dowam etmegine täsirini ýetirýär.

Bir mysal getireýin, ýeriň sandan çykmagy we gaýry sebäpler topragyň öz asylky wezipesi bilen baglanyşykly kanunalaýyklygyň bozulmagyna getirýär. Tebigatdaky ähli zatlaryň deňagramlylygyny, sazlaşykly ýaşaýyş kada-kanunlaryny dogry we doly ýerine ýetirip, ýaşaýşa dowam berýän adamzatdyr. Ynsan daşyndaky dünýäniň goraglylygyny üpjün etmek wezipesini ýerine ýetirýär. «Dünýä – amanat» diýilýär, şol amanat dünýäde her bir zada eýeçilik edip, aýawly bolmak halallygyň gözbaşydyr.

Halkymyzyň awçylyk bilen baglanyşykly däp-dessurlary hem tebigatdaky deňagramlylygy saklamagyň jemgyýetçilik kadasyny aňladýar. Awçylyk kadalaryna pugta eýerilmegi mürüşgärligiň,

tazy bilen aw etmegiň dürli bilimleriniň we başarnyklarynyň kemala gelmegine täsirini ýetiripdir. Awçylyk kadalary dogry berjaý edilende, haýwanat dünýäsiniň deňagramlylygy saklanylýar. Awçynyň betnebisligi – onuň kesbine hyýanat etdigi, şeýle ýagdaýlar, köplenç, ýaramaz netije bilen tamamlanýar. Ýaş çagalaryna ideg edýän ýa-da çaga garaşýan jandara rehim etmedik awçylaryň soň ykbalyň ýowuz jezasyna sezewar bolandygy hakyndaky täsin gürrüňleri köp eşidipdim. Şeýle awçylaryň käbiri soň perzentsizlik dagyny çekip, ahmyr edipdirler. Danalar rehimsizligiň ýowuzlyga getirýändigini aýdýarlar.

Awçy ata-babalarymyz öz tazysyny, elguşuny, alabaýyny, ahalteke bedewini dünýäniň gymmatlygy derejesine ýetiripdirler. Bu olaryň tebigatyň sazlaşykly ýaşaýyş kadasyna doly ygrarly bolup ýaşanlygynyň netijesidir.

Awyň belli bir bölegini goňşy-golama, dost-ýara, mätäçlere paýlamak hem türkmençilikde kada öwrülipdir. Bu parz hasap edilýär. Aw eti ekologiýa taýdan arassa bolandygy üçin, häzirki wagtda onuň gymmaty has hem artdy. Balykçylyk ulgamynda hem awçylyga degişli türkmençilik kadalary edil awçylykdaky ýaly düzgünlere



ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



esaslanýar. Awy oňan balykçynyň goňşy-golamyna dadyrýan goňşokarasynyň mukdary köpelýär. Awdan ýakynlaryň binesip galmagy tükmençilige gelişmeýär. «Aw eti – dadymlyk» diýilmegi hem şonuň üçindir.

Berjaý edilmeli ähli kada-kanunlaryň adamlaryň zandyna, asylky terbiýesine ýazylmagy bolsa, adam bolmagyň baş mazmunyny düzýär. Adam Zeminiň ýaşaýşynyň ertiri üçin jogapkär bolan ýeke-täk janly-jandar. Haýsydyr bir sebäbe görä, Zemindäki tebigy deňagramlylyk bozulsa, ony diňe tebigy hadysalar zerarly diýip düşündirmek kyn. Ähli zatda – howanyň düzümi hapalansa, tokaýlyk ýerler azalsa, jandarlaryň ýa-da ösümlikleriň bir görnüşine ýitip gitmek howpy abansa, barybir jogapkärçiligiň ulusy biziň – adamlaryň gerdenine düşýär. Ýaşaýşyň tebigy sazlaşygyna gatnaşyk babatda nirede bärden gaýtmalar bar bolsa, barysy, adamlaryň gatnaşygy, nädogry hereketi, günäsi zerarly bolýandyr. Çynlakaý oýlandyrýan ýeri şol. Bu wezipe dünýä möçberindäki, has uly giňişlik babatdaky jogapkärçiligi talap edýär. Şonuň üçinem, munda bir döwletiň tagallasy ýeterlik däl, bu iş döwletleriň tagalla etmegi arkaly amala aşyrylýar.

Tebigatyň bir durkuny saklamagy şol ýerdäki ekologiýa medeniýetiniň derejesini görkezýär. Ekologiýa medeniýeti ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerinde owaldan bar, şonuň üçinem nesillerimizde tebigata aýawly garaýşyň kemala gelmeginde milli terbiýeçilik ulgamyna esaslanylmagy bu meseläniň aýdyňlaşmagynda köp itergi berer.

Ynsap ynsany bezeýän iň bir gowy häsiýetleriň biri, ýöne tebigat bilen gönüden-göni iş salyşýan adamlaryň ynsaply bolmagy has-da zerur. Şoňa pugta göz ýetirseň, awçynyň kanagatlylygynyň möhümdigi düşnükli bolar. Awçy hemişe aw edip bilmeýär, aw etmegiň öz möwsümi bar. Möwsümi gelmese, awçy başga bir iş bilen meşgullanmaly bolýar. Ol öz tazysyny, elguşyny ideder, bedewini seýislär ýa-da gapysyndaky mal-gara esewan bolar, garaz, peýdaly başga bir iş bilen meşgullanar. Bu bolsa, şükürli bolmagy, kanagatlylygy talap edýändir.

Ýene-de bir üns berilmeli ýagdaý: ösümlikleriň görnüşleri näçe köp bolsa, tebigat hakyndaky düşünjeler hem artýar. Oba adamlarynyň tebigat hakyndaky düşünjeleri baý bolýar. Obada ýaşap, mal-gara idetmegiň, öz ýetişdiren bagyňdan eliň bilen miwe ýolup iýmegiň hem öz lezzeti bar.

Häzirki döwürde saglygy goramaga, keselleriň öňüni almaga, garaz, tutuş ynsan bedeniniň berkemegine gönükdirilen gözlegleriň netijesinde täze bilimler ýüze çykýar, ýaýradylýar, adam bedeniniň işe ukyplylygyny, gujur-gaýratyny artdyrmaga ýardam edýän ýagdaýlar seljerilýär. Şonda biýaradan ýolnup alnan ter gök önümiň ýa-da bagdan ýaňy ýygylan miwäniň, tebigy ýylysyndan ýaňa bugaryp duran täze sagylan süýdüň nähili uly bejerijilik güýjüniň bardygy hakynda hem bellenilýär. Çarwa obalaryna gidip, çölde ýaňy botlan düýäniň süýdüni içmegiň bedeniň iýmit siňdiriş ulgamlaryna, kesele garşy göreşijilik ukybyny artdyrmaga peýdasynyň degýändigini köpler bilýändir.

Ýurdumyzyň ekerançylyk, maldarçylyk mümkinçilikleri oba syýahatçylygyny ösdürmek üçin gönükdirilse, maksadalaýyk bolar diýip pikir edýärin. Bu, elbetde, geljegiň wezipesi.

Häzirki döwürde diňe bir oba ýaşaýjylarynyň däl, eýsem, şäher ýaşaýjylarynyň hem çarwaçylyk, daýhançylyk däp-dessurlary bilen tanyşmaga höwes edýänleri bardyr. Biz ýaşamak üçin amatlylygy babatda oba bilen şäheriň arasyndaky tapawudy aýyrmak üçin köp işleri edýäris. Häzirki

döwürde obada ýaşamagyň jana hözirliliginiň şäher durmuşyndan artyk bolmasa, kem däldigini ildeşlerimiz belleýärler. Şäher ýerinde hem uly howluly, iki-üç, dört gatly jaýlara maşgalalar göçüp barýarlar. Onuň höziri başga. Paýtagtymyzyň ileri – günbatar künjündäki köne obaçylygyň ýerine täze şarňyldap duran kottej jaýlar guruldy. Şol ýerde ýaşaýan tanyş-bilişlerimiň begenjini hiç zat bilen deňär ýaly däl. Olar özlerini edil uly köşkde ýaşaýan ýaly duýýarlar.

Oba durmuşy, seleň sährada önüp-ösen halkymyza has ýakyn, has mähriban. Halkymyzyň arasynda mele çägä «düşek», asmana «saýawan» diýlip, diňe bir çeper sözüň hatyrasyna aýdylmaýar. Bu ata-babalarymyzyň ýüreginden çykan sözler, olaryň durmuşynyň bir bölegi. Sebäbi Garagumuň çägesi iň arassa zatlaryň biridir. Onuň düzüminde hem himiki maddalaryň köp sanlysy bar. Şolardan kremnini aýratyn bellemekçi bolýaryn. Sebäbi kremniý elementi adamyň süňküni berkidýär, gan damarlaryny ýumşadýar, derini, şonuň ýaly hem saçyň, dyrnagyň, deri we ýag mäzleriniň bir durkunyň saklanmagyna ýardam edýän gymmatly mikroelement. Bedende kremniý ýeterlik mukdarda bolmasa, kalsiý doly özleşdirilmeýär.

Onsoň munuň netijesi görnüp başlaýar, adamyň süňk damarlarynyň, juwanlygyň we görkanalygyň alamatyny aňladýan keşbi öňküligini ýitirýär.

Öz beden ulgamyna dogry düşünip bilýän bilimli, duýgur adamlara «kämil çykypdyr» diýilýär. Kämillik bolsa çäksizligiň, ýagny öňkülere, başgalara garanda, has tapawutlylygyň aňladylmasydyr. Ynsan kämillige ymtylyp, dünýäniň syrlaryna, öz-özüne akyl ýetirýär, has aýdyň göz ýetirýär. Pikir edip görseň, adam bedeniniň özi tebigy deňagramlylygyň bitewi bir ulgamy. Beden özüniň tebigy gurluşyna görä, her bir zadyň mukdarynda kadanyň bolmagyny talap edýär.

Daş-töwerek tutuşlygyna meňzeşliklerden we ulgamlaýyn esaslardan düzülýär. Olaryň fiziki, himiki, biologik tarapy bilen birlikde, döredýän täsinlikleri hem bar. Pähim etmeli ýeri, organiki we organiki däl maddalar ýaşaýşyň dürli ulgamlarynda az ýa-da köp mukdarda duş gelýär. Durmuşyň ilkinji bilimleri tebigatyň gurluşyny öwrenmekden başlanýar. Ylym bilen meşgullanýan adam durmuşyň çylşyrymlylygyndan we tebigatyň hadysalaryndan öňki ylmy mirasyň üstüni ýetirjek täze bir aň ýetiriş ulgamyny işe girizýär. Munuň bolsa, köplenç, täzelik däl-de, bilim

arkaly aň ýetirilen düşünjäniň hakykylygynyň subut edilmeginden ybaratdygyny inkär etmän bolmaz. Adamzat janly-jandaryň öz kowumlaryna gan-damar arkaly has ýakyndygyna bilim mirasynyň esasynda göz ýetirýär.

Dünýäde gen inženeriýasynyň ösmegi bilen adamzadyň biologik aýratynlygyny maksadalaýyk guramaga täsirini ýetirmek mümkinçiligi döredi. Nesilleriň beden we ruhy taýdan sagdynlygyny gazanmakda tejribede özleşdirilen bilim mirasyna esaslanýan milli kadalar we ýörelgeler hem bar. Ylym hakykaty subut edip görkezýär, bilim bolsa aň ýetirmek arkaly göz ýetirilen netijäni beýan edýär. Ylmy pikir ýöretmeleriň ilkinji esaslary astronomik, geografik, fiziki bilimlerden gözbaş alýar.

Has çynlakaý pikir etseň, adam ömrüniň manysyny onuň tebigata gatnaşygyndan üzňelikde göz öňüne getirmek kyndyr. Ynsanyň häsiýetiniň kemala gelmegi hem tebigy gurşaw bilen aýrylmaz bitewülikde bolup geçýär. Tebigatdaky keşplere adamyň nähilidir bir tarapynyň meňzeşdigi, onuň durmuş keşbiniň tebigy gurşawa laýyklykda ýüze çykýandygy adaty ýagdaý. Halkymyzda bürgüdiň, şir-peleňiň, gurduň keşbiniň mertligiň alamaty hökmünde ruhy medeniýetimize ornaşyp

gidendigini hem şunuň bilen düşündirmek bolar. Adam häsiýeti haýsydyr bir jandara ýa-da tebigatyň bir görnüşine ýa-da pursadyna meňzedilýär. Halkymyzyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde şeýle mysallar näçe diýseň bardyr. Tebigy görnüşler, hadysalar, dag, düz, bulut, ýagyş, şemal, gije, daňdan, säher ýaly zatlar häsiýeti ýüze çykarmagyň serişdesine öwrülýär. Mertlik we namartlyk, sahylyk we hannaslyk, azaphonlyk we bikärlik ýaly köp sanly gapma-garşylykly adam häsiýetleri janlandyrylýar.

Toprak, suw, ot, howa bilen baglanyşyklylykda, adam häsiýetleriniň teswirlenilmesine türkmen edebiýatynda köp duş gelýänsiňiz. Howa – boşluk, göze görünmeýän barlyk. «Demiňi dürsemek», «nepesiňi durlamak» düşünjeleriniň manysynda howanyň beden üçin möhüm häsiýeti beýan edilipdir. Toprak – agraslyk, ot – dogumlylyk. Görnüşi ýaly, ýaradylyşyň esasyny düzýän ot, suw, howa, toprak düşünjeleri halkymyzyň ruhy medeniýetinde orun alypdyr. «Ot ýaly dogumlylyk», ýagny işbaşarjaňlyk, «suw ýaly akgynlylyk», adamyň başyna baran işini tiz ýerine ýetirmegi, käteler bolsa, «ýel ýaly ýüwrüklik» babatdaky arzuw-dileg bilen baglanyşykly milli

edim-gylymlaryň netijesinde, ýaňy işe başlan ýaş maşgalalar öz el işlerini suwa akdyrypdyrlar, oda oklapdyrlar ýa-da ýele uçuryp goýberipdirler. Tebigatdan häsiýeti nusga edip almagyň milli terbiýeçilik binýady şular ýaly däp-dessurlardan gözbaş alyp gaýdýar. Durmuşda özüniň ilkinji gaýan keşdesini tamdyra oklap, ot ýaly bolmagy, ýa-da suwly ýaba akdyryp, suw ýaly bolmagy ýaşuly zenanlaryň öwretmegi boýunça arzuw edýän ýaş gyzjagazlar azaplarynyň biderek gidendigine gynanman, gaýtam özleriniň arzuw edýän maksatlaryna ýetjekdigine berk ynanýarlar. Şol ynam hem olary el işlerine ussat bolmaga çenli kämilleşdirýär diýip pikir edýärin. Sebäbi ilkinji edilen iş göwün diýşiň ýaly bolmaýar. Bir zada ökdelemek üçin birnäçe gezek gaýtalamaly diýen öwüt hem şu dessurda jemlenipdir. Zenan maşgalalaryň arasynda bir işi aňrybaşy, kemsiz-köstsüz etmän, ol hem köpçülige görkezilse, «Bu iş öwrenje eden ýaly» diýilýär. Ol ulanmaga degişli hasap edilmeýär. Şunuň özi kämillige çenli talapkärliginň ýokarydygynyň netijesi. Häzir globallaşma, ýagny halklary aýrylmaz baglanyşdyrýan wezipeleriň ýüze çykmagy ýönelige däl diýip pikir edýärin.

Adamzat biri-birine garaşsyz, öz güni özünden ötüp ýaşamagyň tejribesini başyndan geçirdi, ýöne onuň tebigat bilen baglanyşygynyň umumy bir işiň başyny tutmagy talap edýändigi görnüp dur.

Soňky ýyllarda energiýanyň harçlanmagy ummasyz derejede ýokarlanýar. Atmosfera gurşawyna onuň düzümine tozan, tozan gatyşyk ownuk gaty jisimler, radioaktiw şöhlelenmeler we izotoplar, elektromagnit şöhlelenmeleriniň dürli görnüşleri bilen birlikde, radiotolkunlar, ýyly howanyň galyndylary zyýan ýetirip bilýär. Şunuň bilen baglylykda, energiýanyň çeşmeleriniň täze görnüşlerini ulanyşa girizmek ylmy-amaly häsiýetde dowam edýär.

Ýerde suwuň köp harçlanmagyna, howanyň hapalanmagyna getirýän, tebigy gurşawa ýaramaz täsir edýän ykdysady-hojalyk işleriniň göwrümini azaltmak birbada kyn bolar. Bu diýseň çylşyrymly meseledir. Ýöne şunuň bilen baglylykda oýlanyşykly bolmak, döwrebap ekologiýa medeniýetini kemala getirmek welin, jemgyýetiň medeni-syýasy ösüşiniň gurallaryny işe girizmek arkaly amala aşyrylyp bilner. Şunda adamzadyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak babatyndaky özleşdiren medeni-ruhy

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



kadalaryna uly orun degişlidir. Ýaşaýyş medeniýeti öňki özleşdirilen durmuş tejribesiniň binýadynda kämilleşýär. Tebigat bilen baglanyşyklylykda alnanda hem edep, kada – ebedi, onuň özeninde tebigata, ony düzýän ähli baýlyklara, şol sanda ene topraga, nepesiňi durlaýan sergin howa, güneş nuruna, lummurdaýan aby-köwsere tükeniksiz uly şükürlilik hem-de söýgi bardyr.

Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda, 2018-nji ýylyň aprel aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen, Bütindünýä welosiped güni ykrar edildi. Şol Kararnamada welosiped ulagyň ygtybarly, amatly, şeýle-de ekologik taýdan arassa görnüşi hökmünde bellenilýär. Ahal welaýatynyň çäklerinde gurlan tebigy gazdan benzin öndürýän senagat toplumynda hem daşky gurşawa zyňyndy gazlaryň mukdaryny peseltmek esasy maksat edilip goýuldy.

Jemgyýetiň ekologik medeniýeti tebigatyň hadysalaryna bolan garaýyşlardan ugur alýar. Adam häsiýetleriniň kemala gelmeginde özenlik esasy düzýär, adamyň gündelik durmuşynyň mazmunyny baýlaşdyrýar. Şonuň üçinem, tebigat bilen «sözleşmegi» öwredip, ata-babalarymyz nesilleriniň üşükli, ýiti aňly, pähimli, ýagdaýlary

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY





MERTEBELI ÝAŞAÝŞYŇ MANYSY









ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



seljerip bilýän adam bolmagy hakynda alada edipdirler. «Ömrümiň manysynyň dowamaty» hakyndaky söhbet juda çylşyrymly we köptaraplaýyn bolup görünýän durmuşyň aýdyň mazmunyny açmaga hyzmat etmelidir. Muny aýratyn belleýändigim ýönelige däl, adamyň daşky gurşaw bilen gatnaşyklar babatdaky bilimleriniň ylmy-amaly gymmaty wagt geçdigisaýyn açylýar.

Häzirki döwürde tebigaty ýa-da daşky gurşawy goramak diýmek uly bir ylmy-amaly toplumy aňladýar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezinde topragy, suwy, howany gorap saklamak hem-de şolary dürli zyýanly maddalardan arassalamak boýunça barlaghana hereket edýär. Bu ylmy-barlaglar Türkmenistanyň Oba hojalygy we daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýörite ygtyýarnamasynyň esasynda alnyp barylýar. Şeýlelikde, döwletimiziň edaradyr kärhanalarynda, zawod-fabriklerinde, dürli guramalarynda, şeýle-de hususy önüm öndürijiler tarapyndan öndürilýän önümleriň ekologik pasportlarynyň, kadalaşdyryjy resminamalarynyň işlenilip düzülmegini göz öňünde tutýar. Şunuň özi daşky gurşawa ýetýän täsiriň möçberiniň peselmegine ýardam edýär. Tebigaty goramak

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



diýmek bolsa, umumy manyda alnanda hem, öwezini dolup bolmaýan ýitgileriň öňüni almak ugrundaky tagallalardyr.

Aralyň guramagy bilen sebitiň deňizçilik durmuş ulgamynyň binýady birden dargady. Balykçylyk, deňizçilik bilen bagly dürli kesp--kärler bilen meşgullanan ilatyň täze durmuş ulgamyna geçmegi mejbury häsiýetde bolup geçdi. Edil täsin ertekilerdäki ýaly, ägirt uly suw howdan boşap galdy. Bu ýitirim bolmagyň nähili ýagdaýda bolup geçendigini ylym düşündirmäge synanyşýar. Elbetde, bir adamyň deňziň suwunyň çekilmegine täsir edip biljegi pikirlendirýändir. Ýöne adamlaryň umumy maksadynyň amala aşmagy bilen öňde ygtybarly geljegi üpjün etmegiň mümkinçiligi açylýar. Topragyň şorlaşmagynyň öňüni almak bir adamyň elinden gelmejek iş, ýöne ony adamlar birleşip, dogry çözgüt tapyp, amala aşyryp bilýärler. Ýeri hapa suwdan goramagy gündelik endigine öwren adamyň suwuň hapalanmagyna hem ýol bermezlik üçin tagalla etjekdigi mälimdir.

Dünýäde tebigat bilen baglanyşykly möhüm meseleleriň düýp çözgüdi durmuş bilimlerinde

jemlenýär. Meselem, şeýle bir ýagdaýa üns bereliň! Bir adam maşgalasy bilen çola ýoldan gelýär. Ulagyň sürüjisi özi, çagalary yzky oturgyçda ýerleşipdirler. Olaryň biri süýjiniň daşyny ulagyň penjiresinden daşary zyňýar. Indi şu wakany özüňizçe seljermäge synanyşyň! Galyndynyň ýörite bir ýere ýygnalany gowumy ýa-da onuň meýdanda hem ýitirim bolup gitmegi? Çaganyň kakasy oglunyň hereketini terbiýe bilen baglanyşdyrýar. «Biz muňa dogry terbiýe bermändiris. Islendik ýagdaýda hem galyndyny bir ýere ýygnamagy öwretmeli» diýýär. Oglanyň ejesi: «Bir kiçijik kagyz bölejigi meýdanda tiz ýom-ýok bolup gidýär. Şonuň üçin meýdan hapa bolup durmaz. Çagamyz dogry etdi» diýen pikirde. Şeýle mysallar her bir adamyň durmuşynda duş gelýändir.

Ir döwürlerde çarwa obalarynda bolanymda, şolar ýaly waka duş gelipdim. Galyndydan meýdana hiç hili zyýan ýetmez diýen pikirdäkileri inkär edýänleriň has köpdügine begenip gaýdypdym. Elbetde, galyndynyň nähilidigi bu mesele ýüze çykanda, ilkinji nobatda, seljerilmelidir. Galyndydan önüm alynmagyna durmuşda tygşytlylyk hökmünde

garalýar. Güýzde saralyp ýere gaçan ýapraklar baglaryň özi üçinem, dürli ekinler üçinem iýmit bolýar. Şol ýapraklaryň ýygnalyp, mallara ot-iým hökmünde berilmegi hem galyndyny netijeli peýdalanmagyň usulydyr. «Galyndysyz önümçilik» diýlen düşünje durmuş bilimlerinde synagdan geçen, möhüm kada hökmünde oňlanylan, soň ylmy tehnologiýanyň aralaşmagy bilen bolsa, bilimiň netijeliliginiň subut edilmesidir. «Ot astynda bela galmaz» diýip, oduň güýjüne ynanan ata-babalarymyz, beýleki tarapdan, oduň ýakyp-ýok etmek häsiýetine hem biparh garamandyrlar. Oduň şol häsiýeti zyýankeşlere garşy göreşmekde peýdalanylypdyr.

Gadymy kartalarda dünýäniň iň iri çölleriniň biri bolan Garagumuň ummanyň bir bölegi bolandygy görkezilipdir. Onuň subutnamasy çägelik, arassa, dürli minerallara baý bolan çägelik. Älemde ýaradylan ähli zatlaryň wezipesi bar, olar özgerýärler, dargaýarlar we täze durmuşyň başlanmagyna sebäp bolýarlar. Suw owalynda altyn bolupdyr diýen pikiriň rowaýata öwrülip, asyrma-asyr

ýaşap gelýändigi hem şonuň mysalydyr. «Suw ýaly çaga» diýmek bilen, suwuň juda näzikligine we arassalygyna ünsi çekipdirler.

Suw hem toprak birleşip, howanyň we ýylylygyň täsiri bilen özgerişiň ägirt uly energiýasynyň güýji görkezilýär. Gün – ot mysaly. Günüň «oduna» çoýunýan toprakda durmuş başlanýar. Kiçijik gämikleriň ýarylyp çykmagy, dänäniň şinelemegi hereket babatda alnanda, tansy ýatladýar. Tans hereketleri hem tebigatyň janlanmasyny aňladýar. Toprakdan ýaňy gulak çykaran gämigi göz öňüňize getiriň! Onuň gündelik ösüş hereketini tizlendiriji enjam arkaly ýazgy edilende görüp bolýar.

Lukmançylykda ýaşaýyş hakyndaky ylmyň nähili wajypdygyny bilýänsiňiz. Tebigy ösüşiň kanunalaýyklygyny ylmy-barlaglar esasynda seljermek dine bir biologiýa ýa-da lukmançylyk ylmy üçin täsin däldir diýip pikir edýärin. Ýaşaýşyň syrlary ähli adamlary hem özüne çekýär. Ösüş – tans hereketini ýatladýar. Şeýle diýmegimiň özüne ýetesi sebäbi bar. Tebigatyň ösüşiniň özi sazlaşykly hereketden ybarat. Sazlaşykly hereket bolmasa-da



tans özüne çekmeýär. Onuň sungat derejesini üpjün edýän hem sazlaşyklylykdyr. Durmuşyň özi sazlaşykly guralanda, onda many döreýär, sazlaşyklylyk bolmadyk ýerde many netijesizdir. Onda mazmun bar, many welin ýok bolar. Sungatda many bar. Sungat duýgudan döreýär diýýäris.

Aslynda duýgynyň özi adamyň süňňüne aralaşan täsirleriň jemi hökmünde göz öňüne getirilse, dogry bolar. Biz, köplenç halatda, «Düşünýär, ýöne dili ýok» diýýäris. Bu düşbi jandarlar barasynda aýdylýar. Dil hem dürli-dürli, ynsan diline düşünmek üçin ýer ýüzündäki köp dilleri öwrenmeli bolýar. Ähli dilleri bilmek asla mümkin hem däl. Indi pikir edip göreliň! Şol mümkin dälligi hakykata öwürmek islegi ýa-da hyýalyndakyny söz bilen beýan etmek ýörelgesi edebi gahrymanlara ýetmiş iki dil bilmek başarnygyny degişli edýär.

Şeýle mysallaryň diňe bir «Görogly» şadessanynyň gahrymany Görogly bege mahsus däldigini, şeýle gahrymanlaryň örän kändigini köp adamlar bilýändir. «Dil ilkinji döräpdirmi ýa-da pikir?» – bu pikir alymlaryň bir döwürler çekişmesine sebäp

bolupdy. Şu ýerde alymlaryň dürli pikirleriniň bardygyny belläp, öz garaýşymy hem ýetirmekçi bolýaryn. Dünýä medeniýetinde adamyň diliniň döreýşi barada rowaýata duş gelmek kyn, ýöne dürli dilleriň we halklaryň döreýşi barada köp ýordumlar bardyr. Adam ata bilen How enäniň asmandan Zemine inişi baradaky rowaýatlardan başlap, ýer ýüzünde adamzadyň ýaşaýşynyň has gadymy döwürlerini beýan edýän rowaýatlarda hem adam ýa indi akyl-üşügi oýanmaly, ýa-da dil däl-de üm alşyp, yşarat etmek arkaly düşünişýän görnüşde görkezilmeýär ahyryn! Adam ýaradylanda, oňa dil berlipdir. Adam ata bilen How ene gepleşip bilipdirler. Ähli janly-jandarlarda ses çykarmak ukyby özboluşly bolup, olary sesleri arkaly tapawutlandyryp bolýar. Adamyň sesi diýmek, onuň dili diýmek. Adam aglap bilýär, gülüp bilýär, adam gepläp bilýär. Ähli dilleriň bir dilden ýaýrandygy baradaky pikirler hem käte meni oýlandyrýar. Ýöne has gadymy dil diýip hem belli bir dil hakynda aýdyp bolmazmyka diýýärin. Bu meselede men fiziologik, biologik nukdaýnazardan çemeleşýändirin.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



Şu ugurdan dil, psihologiýa ylmynyň ýöriteleşen ugurlarynda işleýän alymlar has netijeli seljermeleri geçirýändirler we bu ugurda has köp maglumatlar jemlenilendir. Şeýle-de bolsa, käbir pikirlerimi beýan edeýin. Dünýäde gadymy diller, ýitip giden diller bar. Meselem, gadymy diliň esasynda döreýän diller bolsa öňkülerden düýpli tapawutlanýar. Diliň özi hem adamlary aňladýar. Ösüşleriň başlanmagynda esasy güýji özünde jemleýän jemgyýetiň pikir alyşýan dili wagtyň geçmegi bilen ýaýraýar, beýleki jemgyýetlere täsirini ýetirýär. Medeniýeti öwreniş ylmynda medeni tegelek teoriýasy bar. Şoňa görä hem, ösüşler bir ýerde döreýärler, soň beýleki ýerlere täsirini ýetirýär. Şunda esasy mesele iňlis tebigat öwrenijisi Çarlz Darwiniň taglymatyny inkär etmekde däl-de, adamyň ýaradylanda kämilliginde. Adamyň mertebesi barada söz açylanda hem şol kämillik göz öňünde tutulýar. Ylymlaryň we özleşdirilen durmuş tejribeleriniň ahyrky netijesi adamkärçiligi ündemekdedir diýip pikir edýärin. Siwilizasiýa – Zeminde bolup geçýän beýik ösüşler adamzady pähimli bolmaga çagyrýar.

Sebäbi uruşlar, dawa-jenjeller zerarly, diňe ýitgi çekilýär.

Tebigatda bir zadyň beýleki bir zada täsiri öz netijesini berýär. Adamzat jemgyýetinde tebigatdan düýpli tapawutlylykda, şeýle täsirler iki hili görnüşde bolup geçýär: maddy we ruhy mazmunda. Maddy mazmun, bu daşky gurşawa garaşlylyk netijesinde ýüze çykyp bilýär. Gönüden-göni daşky täsire jogaby aňladýar. Ikinjiden, ruhy mazmun, daşky gurşawyň täsiriniň işlenilen görnüşi, hyýaly oýlaryň netijesi, ýagny daşky täsir bolup geçdi, unudyldy. Oňa garşylyklaýyn jogap aňda işlenilen pikir, netijesi – durmuş bilimi.

Ýerlikli sözlemek – sözüň gadyryny saklamakdyr, sazlaşyklylykdyr. Sözüň nädogry we ýerliksiz ulanylmagy bolsa, onuň arzysyny gaçyrýar. Dile, söze sygmadyk zatlar bolsa saz bilen aýdylýar. Duýgy we pikir aňlatmakda saz sözden hem güýçli hasap edilýär. Kähalatda dil kalpda näme baryny doly derejede beýan ederden ejiz gelýär. Şonda adamyň ýüregi owaz edýär. Diline söz welin gelmeýär. Bu ýagdaý diňe döredijilik adamlaryna mahsusdyr

diýen pikir nädogrudyr. Käte islendik adamyň hem aýtjak sözi diline gelmeýär. Şu ýerde hristianlaryň «Täze wesýetlerinden» okanym ýadyma düşýär: «Ilkibaşda Söz bardy, Söz Hudaýy-da bardy. Söz hem Hudaý bolupdyr». Sözüň döredijilik serişdesi hökmündäki wezipesi şu pikirde beýan edilýär. Umuman, dünýäniň gadymy kitaplarynda juda inçelik bilen örän gymmatly pikirler aýdylýar. Şolary okamazdan, dünýä filosofiýasy, medeniýeti barada söz açmak kyn görünýär. Men wagt tapdygymdan okaýaryn hem-de şu endigiň ýaşlarymyzda hem bolmagyny isleýärin. Olaryň bizden gowy endikleri nusga edinmekleri örän derwaýysdyr.

Her bir ynsanyň adamkärçilik borjy diýen düşünjä örän ähmiýetli garamagy gerek. Adamkärçilik, bu ýaşaýyş-durmuşyň tutuş ulgamyny özüne jemläp alýan düşünje. Tebigatyň, tutuş barlygyň geljegi üçin jogapkärçilik düşünjesini terbiýelemegiň möhümligi milli medeniýetiň ýörelgeleriniň asyl durkunda orun alypdyr. Adamkärçilik ýörelgeleriniň gözbaşynda hem medeniýet döreýär diýip, men pikir edýärin.





Adamyň durmuşyna onuň döreden ruhy-medeni binýadyna seredip düşünip bolýar.

Tebigaty goramak, tebigat bilen bitewülik, aýrylmaz baglanyşyklylyk, ýaşaýşyň başlangyjynyň we netijesiniň tebigatdan gaýdýandygy baradaky düşünje adamzadyň döreden iň beýik paýhasydyr. Men ýöne ýerden «döreden» diýip bellemedim. Tebigat sözüň göni manysynda ýaşaýşyň çeşmesi, Adam ata bilen How ene eýýäm jennetde mahallarynda ösümligiň miwesinden dadýarlar. Netijede hem şol kadadaky ýaşaýşa höküm edilýärler. Tebigy miweleriň bolçulygy uzak ýyllar bolandyr. Tebigatyň nygmatlarynyň ýaşaýyş üçin möhümligi maddylyga, zada bolan isleginň gözbaşyny aňladýar. Isleg kadadan çykanda welin, nebis görnüşine girýär. Zat – barlygy, ýaşaýşyň ygtybarlylygyny, howpsuzlygyny aňladýan düşünje. Nebis manysynda ol eýýäm sazlaşykly durmuşyň kadasyny bozýar. Sazlaşyklylyk – tebigy gerek mukdaryň özara gatnaşykdaky ýüze çykýan hili. Nebis manysynda ol çaprazlygyň çeşmesi bolup, dünýäde bulaşyklygy döredýär. Ýalňyşmak

ukyby adamda owalynda bar. Ýalňyşlyk netijesinde bolsa sazlaşykly ýaşaýşyň hili üýtgeýär. Ilkibaşda asmanda ýaradylan ynsanyň ýere inmeginiň netijesinde düýbünden täze hildäki ýaşaýyş başlanýar. Durmuşda hemişe hem şeýle bolupdyr. Tebigatdan ýeterlik paýyny almadyk adamyň häsiýeti täze hile geçýär. Emläk-zat isleginiň netijesinde dörän gapma-garşylyklar dawalaryň we sütemiň ýol almagy üçin mümkinçiligi döredýär. Tebigy deňagramlylygy hem-de häsiýetiň täze hili ugurdaşlykda özgerýär. Gurgun durmuş, sazlaşyk bar ýerinde bolsa, adamlaryň özüni alyp barşy hem sazlaşykly ýagdaýda saklanýar. Adamzat medeniýetinde, dürli ynanç-ygtykatlaryň daş-töwerege, älem-jahana gatnaşygyň hoşniýetlilige esaslanmagynda hem şu pikir ykrar edilýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginden «Ýagmyr ýagdyr, soltanym!» diýen setirler size tanyşdyr. Bu ilki bilen, ýagyş-ýagmyryň asmandan erada bilen inýändigine boýun synmakdyr, ýaradylyşa tagzym etmekdir, tebigatyň sahylygyna ynamdyr, tebigat bilen «dil tapyşmagyň» kämil usulydyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY







ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY

Tebigat bilimlerini yzygiderli hem-de düýpli öwrenmegiň möhümligine biziň halkymyz ýaşaýşynyň tutuş dowamynda ähmiýet berip gelipdir. Şony ýurdumyzyň çäginden tapylan gadymy tapyndylar hem aýdyň görkezýär. Parfiýada gözellik serişdelerini ulanmagyň ilkinji tejribeleri ornaşdyrylypdyr. Şeýle-de tebigatyň burk urýan serginliginiň küýsegi parfýumeriýanyň döremegine getiripdir. «Müşk, anbar ysly» diýlip, edebiýatyň has irki nusgalarynda getirilýändigi hem şony subut edýär. Biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllykdaky Jeýtun medeniýetine degişli şekillerden durmuşyň täsin kitaby açylýar. Dik hem kese çyzyklar has köp gözüňe ilýär, «kese çyzyk – ýagyş», «nokat – gar», «tolkun çyzyk – suw» aňlatmasy durmuşyň tebigat bilen baglanyşykly mazmunynyň özenidir. Ýurdumyzyň çägindäki Jebel, Dam-dam çeşme, Jeýtun, Änew, Namazgadepe, Garadepe, Altyndepe ýadygärlikleri taryhyň janly suraty bolup, ýaşaýyş-durmuş ulgamynyň tebigat bilen baglanyşyklylykda ösüşini beýan edýän ýazgylary özüne jemleýär.

Häzirki wagtda şol duýgy-düşünjeleriň alamaty milli lybaslarymyzyň bezeginde hem şöhlelendirilýär. Dürli jandarlaryň, älemdäki Aýyň, Günüň mukaddesligi babatyndaky etnografiýa garaýyşlarda esasy manyny tebigatyň, älemiň ynsan bilen aýrylmaz baglanyşygy düzýär.

Dünýä taryhynda uly derýalaryň sakasynda dörän ýaşaýyş medeniýetiniň gazananlary baradaky maglumatlar, şol sanda Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralygynda, Gang derýasynyň boýunda, Niliň ýakasynda gülläp ösen medeniýetler tebigatyň sahylygynyň, ynsanyň ýaşaýyş çeşmesiniň ösen ugurlary hakyndaky çuň mazmunly söhbetdir. Ýurdumyzyň çäginde gadymy Amyderýanyň, Gerirudyň (Tejeniň), Murgabyň, Etregiň sakasynda dürli döwürlerde döredilen ýaşaýyş medeniýetleri hem şeýle şertlerde kemala geldi. Türkmenistanyň çäginiň dag etek ýerlerinde ýüze çykarylan taryhyň yzlary ösüşiň ýene bir ugruny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, Jeýtun medeniýeti ýurdumyzy ak bugdaýyň mekany hökmünde dünýä meşhur etdi.

Mähriban Watanymyzyň paýtagty Aşgabat şäherinden 28 kilometr uzaklykda ýerleşen



Pessejikdepede daş asyrynda ekerançylyk kemala gelipdir. Dag bilen düzüň, çölüň tebigatynyň birleşýän ýerinde dörän ekerançylyk medeniýeti ösüşiň ýokary derejelerine ýetipdir. Dagyň çeşme-çaýlary, käriz suwy, kak suwy, çöl guýusy, bular medeniýetiň özboluşlylygyny emele getirýän tebigy şertlerdir. Şunda çarwa bilen çomrynyň, ýagny maldar bilen daýhanyň arasyndaky gatnaşyklar medeniýetiň ösüşiniň täze mümkinçiliklerini döredipdir. Çölüň

içinde ýa-da daglyk şertlerinde hem ekerançylygyň ösdürilmegi ata-babalarymyzyň tebigat hakdaky bilimleriniň kämilleşmegini talap edipdir. Çägelik, daşlyk, toýun ýerleri suwaryp, taba getirmek üçin ýöne yhlas edeniň hem ýeterlik däl. Onda yzygiderli alyn deriňi döküp işlemeli bolýar. Daýhançylyk edip gazanylan baýlyga halal baýlyk diýilmegi hem şonuň bilen baglydyr. Daýhan hem edil halyçy ýaly, ir ertirden giç agşama çenli işleýär. Türkmenistanyň tebigy şertleri üçin häsiýetli bolan gowaça ekini barada il içinde onuň idegini göz öňünde tutup, «Igli çaga sereden ýaly» diýilýän ýerleri hem bar. Şunuň özi daýhançylygyň aňsat kesp-kär däldigi üçin aýdylandyr.

Türkmenistanyň ak bugdaýyň ilkinji mekanydygy dünýäde giňden ykrar edilendir. Ata-babalarymyz galladan hasyl alypdyrlar, olaryň tejribesi dünýäde giňden ýaýrapdyr. Göräýmäge, esli bölegini çöllük tutýan ýerde ekerançylygyň şeýle derejede ösmegi oýlandyrýar. Sebäbi ekerançylyk üçin has amatly ýerlerden-ýurtlardan tapawutlylykda, aram gurak howa şertleri bolan Diýarymyzda ekerançylyk işlerinde suwaryş işleri wagtly-wagtynda yzygiderli alnyp barylmaly. Ekin ýeri dag etekdäki daşlyk,

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



toýunsow ýa-da gumuň çägesöw ýerlerinde bolsa, şony taba getirmegiň öz aýratynlyklary bolupdyr. Ekilen ýeri wagtynda suwarmak, ekin aralaryny ýumşatmak, haşal otlardan arassalamak ýaly köp işleriň ýerine ýetirilmegi türkmen daýhanynyň gaýratlylygynyň alamatydyr.

Gök ekerançylykda daýhan has-da tijenýär. Pomidor, hyýar, badamjan, sogan, burç ýaly ekinler her gün aşhanada ulanylýar. Daýhançylygyň köp zähmet talap edýändigine garamazdan, oba ýerlerinde her kim säher bilen ekinine aýlanmagy endigine öwürýär. Ilki bilen ekinleriň ýagdaýy görülýär, diňe şondan soň ertirlik çaýyň ugruna çykylýar. Biziň ýurdumyzda daglarda alma, ülje, armyt, nar, üzüm ýaly miweler ýabany ýagdaýda hem ýetişýär, düme ýetişýän ekinler hem bar. Ýöne bu örän az mukdarda. Türkmen sährasynda pisse tokaýlyklaryna hem duş gelersiňiz. Ýöne aýdylyşy ýaly, tebigatyň bu eçilenleri dadymlyk bolýar, diňe ekzotika diýilýänine meňzeş. Ilaty üpjün etmek üçin gök we miwe önümleri, tehniki ekinler häzirki döwürde Amyderýadan baş alyp gaýdýan Garagum derýasynyň ýakasynda köp ösdürilip ýetişdirilýär. Häzir Garagumuň içinde

«Altyn asyr» Türkmen köli döredildi. Netijede, Garagumda ekerançylygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikler açylýar. Bugdaýyň ýokary hilli azyklyk görnüşi döredilen türkmen topragynda daýhançylygyň tejribesi asyrlary aşyp, ýaşap gelýär. Biz ony yzygiderli kämilleşdirýäris.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň daýhanlary, telekeçi kärendeçileri, mülkdarlary ýylyň ähli pasyllarynda ilatymyzy ýerli azyk önümleri bilen üpjün etmegiň ýollaryny yzygiderli öwrenýärler. Soňky ýyllarda hurma, banan ýaly biziň ýurdumyzyň tebigaty üçin del bolup görünýän ekinleri ösdürip ýetişdirmegiň hem tejribesini özleşdirýän daýhan hojalyklary bar. Ýurdumyzyň günbatar etraplarynda zeýtunyň, naryň uly ekinzarlyklary peýda bolýar. Türkmen Diýary üçin häsiýetli bolan gadymy künji ekinini ösdürip ýetişdirmegiň has giňeldilmegi bilen, künjini senagat taýdan işleýän kärhanalar işe girizilýär. Dünýäde iň ýokary hilli ýag berýän ekinler hasap edilýän zeýtuny, künjini senagat taýdan işlemegiň ýokary netije berjekdigine bil baglamak bolar. Şulary hyýalyňda aýlap, bir hakykata göz ýetirýärsiň. Daýhançylyk

tejribesiniň asyrma-asyr kämilleşdirilmegi ilimize bereket, rysgal getirýär.

Oba hojalyk ekinleriniň öndürilişini ýokarlandyrmagyň döwrebap usullaryny durmuşa ornaşdyrmak häzirki döwürde bu pudagy ösdürmek üçin öňde duran möhüm wezipedir. Tehniki ylymlaryň gazananlary oba hojalyk önümleriniň eksportunyň mümkinçiliklerini barha artdyrýar. Häzirki döwürde ulgamyň ösüşiniň diwersifikasiýasy ýokary hilli azyk önümleriniň bolçulygyny döretmegiň esasy şerti bolup, şu işleriň amala aşyrylmagynda ýaşlara bil baglamak bolar. Olar ajaýyp tebigata baý Watanymyzyň eýeleridir.

Ýaşlarymyz medeni mirasymyzyň maddy gymmatlyklary bilen birlikde, milli-ruhy gymmatlyklarymyzyň hem gadyryny bilmelidirler. Şonda olar döwrebap ösüşiň sözüň doly manysynda haýsy ugurdan we nämeden başlanýandygyny dogry duýup bilýärler we ony seljermäge ukyply bolýarlar. Öňräk ýurdumyzyň gündogar welaýatyndan ýaňy mekdebi tamamlan ýaş oglanyň ösümlikleriň ösüşiniň stimulýatory hökmünde nebiti ulanmagyň taslamasyny hödürleýändigi barasynda habary

okadym. Oba hojalygynda medeni ekinleriň ösüşiniň netijeliligini artdyrmak maksady bilen, ol ýörite suwuklyk taýýarlamagyň usulyny teklip edýär. Ekiljek tohum ilki şol suwuklykda yzgara ýatyrylýar. Bu usul baglaryň, tehniki ekinleriň hasyllylygyna, durnuklylygyna güýçli täsir edýär. Hödürlenilen şol iş UNIPO–2022 onlaýn bäsleşiginiň altyn medalyna mynasyp bolupdyr. Şeýle gözlegler daýhançylyk tejribesiniň üstüni ýetirýär. Biz zehinli ýaşlarymyza guwanýarys.

Alyn derini saçyp, toprakdan bereket tapýan halkymyz onuň gadyryny hem bilýär. Ir-ertir ekinine ideg etmeli bolanda, ony iş, agyr zähmet diýip hasap etmeýär-de, «ajy deriňi çykarmak» diýýär. Ajy derini çykaran adamyň sagdyn bolýandygyny nazara almak bilen, bu jümlelere has ähmiýet berilýär. Bedeni ýadatmagyň käbir sökellikleriň öňüni almaga ýardam edýändigi düşnüklidir. Ýaşaýyş-durmuş sazlaşykly guralanda, onda bedeniň hereketiniň kadasy saklanylmaly. Häli-şindi hereketde bolýan adamyň göwresi çeýe bolýar, gan aýlanyş, iýmit siňdiriş ulgamy, şol bir ýagdaýyny saklaýar. Şonuň üçinem daýhançylygy «ajy deriňi çykarmak» diýip, açyk

göwünden häsiýetlendirýän ata-babalarymyz onuň kämilleşmegini hem gazanypdyrlar. «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýip, yhlaslylygyň maksada ýetmegiň esasydygyny nygtapdyrlar. Edil daýhançylyk kesbine şeýle ähmiýet berlişi ýaly, ýerden öndürilýän önümlere hem eýeçilikli göz bilen garapdyrlar. Olary asla yrýa etmän, ertirki azygy bolmagy ugrunda alada edipdirler. Netijede, gurt, kak, kişde, kişmiş ýaly uzak illere hem ýanyň bilen alyp gidip bolýan datly önümleri taýýarlamagyň usullaryny özleşdiripdirler. Pederlerimiziň: «Tamdyr çöregini, goýnuň gowurdagyny iýýän, düýäniň çalyny içýän adamyň golaýyna dert gelmez» diýmegi hem asla tötänlik däldir.

Dünýäde çöregiň ýerini tutjak başga önümi tapmak kyn bolsa gerek. Çörek önümleriniň dürli görnüşleri bar. Ýöne türkmen çöreginiň tagamy has üýtgeşikdir. Toýundan eýlenip ýasalan tamdyrda, adatça, çetiniň howruna gyzardylyp bişirilýän çörekden tebigatyň mährine eýlenen üýtgeşik ys burk urýar. Kesearkajyň obalarynda ir döwürlerde hem çöregiň ýüzüne zenanlar bäş barmagynyň yzyny goýýan ekenler. Çöregiň taýýarlanyşyna



seredip, onuň obada haýsy tamdyrdan, kimiň elinden çykandygyny bilipdirler. Şonuň üçinem çörek bişirmegiň özi hem türkmençilikde örän jogapkärçilikli iş hasap edilýär.

Çörek ýapýan zenan maşgalanyň arassaçylyk kadalaryny pugta berjaý etmeginiň möhümligi esasy orunda durýar. Çörek bişirýän zenanyň päkizeligi edil namazlykda oturanyňky ýaly bolmaly. Sebäbi harsallyk bilen mukaddes tamdyryň ýanyna barmak türkmençilige gelişmeýän häsiýetdir. Şunuň özi daýhanyň, kilwanyň zähmetine goýulýan hormaty

hem aňladýar. Daýhanyň azap edip ýetişdiren dänesi üwelip, ondan ýokary hilli un öndürilýär. Soňundan hem azyklyk çörek we çörek önümleri üçin ulanylýar. Garagumuň çägesini ojaryň közi bilen gyzdyryp, gömme çörek bişirýän çarwa adamlar üçin onuň gymmatyny hiç zat bilen deňäp bolmaýar.

Ir döwürlerde türkmen obalaryna alys ýerlerden gelýän myhmanlar tamdyrda bişýän çöregiň tagamyny uzak wagtlap ýatlarynda saklapdyrlar. Olaryň türkmeniň tamdyr çöregini iýip görmegi arzuw edýänleri hem bolupdyr. Gum ýa-da dag obalarynda myhman bolup, meýdandan ýygnalan gury odunyň howruna gyzardylan çörekden dadyp gören bolsaňyz gerek.

Tagamly çörekleri bişirmek üçin ökde ussanyň elinden çykan tamdyr gerek. Tamdyr salmak, esasan, zenan maşgalalaryň işi hasap edilipdir. Tamdyr ussalarynyň toýuny eýläp, taýýar edýän kömekçileri bolupdyr. Tamdyr ussalaryna «tamdyrçy» diýilýär. Häzirki günlerde tebigy gaz bilen gyzdyrylýan tamdyrlary hem ýasaýarlar. Ýöne gury odunyň çog gyzyl közüne bişirilen çöregiň tagamy başgadyr.

Biziň halkymyzda çöregiň mukaddesligi ýaşaýyş-durmuş medeniýetinde uly orun alypdyr.

Hakykata güwä geçmek üçin, çörekden ant içilýän ýagdaýlary bolýar. Bu kasam etmegiň bir görnüşi ýalydyr. Çöregi harlamak – günä etmek. Il-halkymyzda: «Çöregi harlasaň, gözüňi gapýar» diýen ynanç bar. Eger-de ýere çörek owuntygy gaçan bolsa, ony maňlaýyňa sylyp, basylmaz ýaly ýerde goýmak çagalara öwredilýär. Şonda çöregi üç gezek maňlaýyňa sylyp, «Günämi geç!» diýmek hem pugta ynama we edähete öwrülipdir. Ukusy birahat ýaş çaganyň başujunda hem çörek goýmak däbi bar. Çörek ony görünmez belalardan, ýaramaz täsirlerden goraýar diýlip hasap edilipdir. Şu ynam-ynançlara eýerýänlere häzirki döwürde hem duş gelmek mümkin. Sebäbi «çörek – mukaddeslik» diýen ýörelge hakyky durmuş kadasy hökmünde uly ähmiýete eýe bolup, täze satyn alnan ulaga un sepmek däbinden hem bu aýdyň görünýär. «Ak zat alnyňa ýagşy» diýýän il-halkymyz unuň aklygyny hem ýagşylyga ýorýar.

Häzirki döwürde lukmançylyk, kosmetologiýa senagatynda şinelän bugdaý giň meşhurlyga eýe bolýar. Bugdaý diňe bir oba hojalyk önümi däl, ol senagatyň beýleki düzümlerinde hem peýdalanylýar. Kosmetologiýada ýaňy şine ýaryp

gögerip başlan bugdaý dänesinden ýag alnýar. Soňky döwürlerde bolsa, şine biologik işjeň goşundylaryň deregine ulanylýar. Bugdaý şiresinde örän peýdaly antioksidantlaryň bardygy ýüze çykaryldy. Bugdaýy şineledip, maýsasynyň boýy bir serä ýetende, ondan «nowruz aşy» taýýarlanylýar. Semeni hem mukaddes tagam hasap edilýär. Bugdaýyň düzüminde belok, ýag, uglewod, suw, kletçatka bilen birlikde dürli ýokumlar, mineral maddalar, aminoturşulyklar bar.

Häzirki döwürde azyk hökmünde ýylylyk arkaly özleşdirilen önümlere derek ter, tebigy önümlerden peýdalanmagyň saglyk üçin ähmiýeti aýratyn bellenilýär. Farmakologiýada hem tebigy esasly önümlere aýratyn ähmiýet berilýär.

Bugdaýyň maýsasyny üwäp taýýarlanylýan içginiň peýdasy soňky döwürlerde sagdyn durmuşyň ýollaryny özleşdirmeklige çalyşýan adamlaryň ünsüni özüne çekdi. Bugdaýyň düzüminiň ýetmiş göterimi konsentrirlenen ýa-da hümmetlenen Gün energiýasy diýip atlandyryp bolýan hlorofilden ybaratdyr, onuň düzüminde B_{12} witaminibar. Şinelän bugdaýdan dürli melhemleri taýýarlamagyň usullaryny lukmanlaryň özleri salgy berýärler.


Bu bolsa, ilki bilen, bedeniň kesel gaýtaryjylyk ukybyny ýokarlandyrýar. Şinelän bugdaý adamyň aşgazan-içege alyş-çalşygynyň kadalylygyna peýda edýär, bedeni zäherli we galyndy maddalardan saplaýar. Bugdaýy şineledip, dürli işdäaçarlaryň düzümine goşmak arkaly hem saçaga äbermek bolar. Şular ýaly adaty däl usullardan peýdalanylanda, lukmançylygyň: «Tebigatda şol bir zat derman hem bolup biler, zyýan hem ýetirip biler, munuň üçin ony dogry ulanmaly» diýen ýörelgesine eýerilmegi gerek. Bugdaý gaýnadylyp, dänik taýýarlanylýar. «Dişsize dänik, dişlä gowurga» diýilýär. Uzak ýola gidilende, bugdaý dänesinden gowurga edilipdir. Çoýun gazany mazaly gyzdyryp, däneleri gurulygyna şoňa atýarlar. Soňundan kepgir bilen bulap gowurýarlar. Gowurga basym dokundyrýar. Gowurganyň çakyzaly adamlara peýdalydygyny ýaşulular aýdýarlar.

Bugdaýy sokuda döwüp, ondan taýýarlanylan tagama «ýarma» diýilýär. Häzirki döwürde hem türkmen toýlarynda, esasan, ýarma, dograma hem-de Merkezi Aziýada giňden ýaýran palaw saçaga alynýar. Olar «Iýip otyrkaň, gulagyň kesilse-de duýmaýarsyň» diýlip, tarypy ýetirilen milli tagamlarymyzdyr.

Dünýäde dogry iýmitlenmegiň dürli usullary barada aýdylýar, her kim bir zatdan haýyr tapýar. Şonda bedeniň tebigy aýratynlygy hem köp zady çözýär. Şu ýerde bir waka ýadyma düşýär. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyndan 100 ýaşap geçen bir zenan maşgaladan: «Ene, uzak ýaşamak üçin näme iýmeli?» diýip sorapdyrlar. Ol soraga düşünmändir. Soň: «Ene, näme iýmegi gowy görýärsiň?» diýip, ýene sorag beripdirler. Ene, dünýäde lukmançylygyň täze, döwrebap usullaryndan habarsyz, säginmezden: «Ýumurtga böregini» diýipdir. Oturanlar haýran galypdyrlar. Sebäbi olar hamyrly, ýagly-ýüzlüden ýüz öwrüp ýaşamagyň peýdasy barada köp okan adamlar. «Daňdan turup, ertir namazymy okap, ýumurtga böregini bişirinýän wagtlarym bolýardy. Gelen myhmana hem ýaltanman bişirip berýärdim. Bir gezek Sahy Jepbar obamyza toýa geldi. Bagşy aýdym aýdyp mazaly derläpdir. Ýadaw. Şonda bagşy ýumurtga böregini hezil edinip iýdi. Etli naharyň arasynda otly, ýumurtgaly börek hem bişirseň işdä ýakyn bolýar». Ol bagşynyň özüni alyp barşy, oňa oba adamlarynyň hyzmat edişleri barada başga-da köp zady gürrüň beripdir. Onuň gürrüňini hezil edinip diňläpdirler. Ýöne şondan soň olar öz aralarynda:

«Uzak ýaşajak bolsaň, ýumurtga böregini iýmeli» diýip degişýän ekenler.

Her näme diýilse-de, bu gürrüňiň jany ýok däl. Ýumurtga tebigy önüm, gaýnadylan önüm bilen gowrulan önümiň hem köp tapawudy bar. Hamyryň içinde gaýnadylan ýumurtganyň peýdalylygy saklanýar. Şu ýerde ýumurtganyň peýdasy barada hem ýeri gelende, eşidenlerimden birini aýdaýyn. Türkmençilikde ýaňy bäbegi bolan ýaş gelinlere heýgenek iýmek maslahat berilýär. Ahalteke bedewi beden· iniň owadan bolmagy üçin ýumurtga bilen iýmitlendirilýär. Ýumurtganyň melhemligi ol näçe gyzdyrylman bişirildigiçe, ýokarydyr. Şonuň üçin ir bilen, ajöze ýumurtga içip bedeni gurbatlandyrýarlar. Ata-babalarymyz ýöne ýerden towugy ýedi hazynanyň biri hasap etmändirler. Il içinde: «Bergiň müňe ýetse, ýumurtga böregini iý» diýen aýtgy hem bar. Bu milli aşhana sungatynda köp ulanylýan et önümleri bilen deňeşdirilende, ýumurtga önümi · niň ykdysady tarapdan amatlydygyny aňladýar. Tebigy serişdeleriň çäkli ýerlerinde olary aýamaly, bu işi nähili guramalydygyny bolsa halk paýhasy kesgitleýär. Ekerançylyk, maldarçylyk, guşçulyk önümleri halkymyzyň durmuşynyň aýrylmaz bölegidir.



Halkymyzda adamlary suratlandyrmak üçin, «bugdaýreňk», «bugdaý sözli» diýen meňzetmeler hem der döküp gazanylan baýlyga sarpaly garaýşyň netijesinde emele gelipdir. «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?» diýen aýtgyny hem eşidensiňiz. Bugdaýreňk Günüň şöhlesiniň üýtgeşik öwüşginini ýadyňa salýar. Asmanyň şuglasy topraga özüniň nuruny inderýär. Şonda ýerden önýän ähli önümler hümmetlenýär, süýjeýär.

Türkmen gawunynyň, üzümiňiň süýjüligi has ýiti. Sebäbi tebigy ýol bilen süýjäp, kemsiz bişen önümleriň süýjüligi özboluşly, olaryň ysy burk urýar. Günüň çoguna öz-özünden bala öwrülýär. Türkmen kişdesi, kişmişi, kaky täsin tagamy bilen haýran galdyrýar. Özi hem tebigy taýdan kemsiz kakadylandygy üçin, uzak wagtlap iýmitlik gymmatyny saklaýar.

Ygşyldap oturan gallaly meýdan bir seretseň, gumuň çägesi bilen reňkdeş görünýär. Bugdaý başy ormaly wagty gelende goňras-mele reňkde öwüsýär. «Goňurbaş» mukamyny diňläniňde, bugdaýly meýdan ynsan kalbyna dolýar. Gözelligiň suratyny çekýär. Güne kemsiz ýetişen bugdaý sümmülleri eliňe alanyňdan, şagyrdap ses edýär. Onuň çygy gidýär-de, däne kemsiz tagamyna gelýär.

Öňler sümmülden bir-iki däne alyp, bişendigini ýa-da bişmändigini bilmek üçin, ony dadyp görýän ekenler. Bugdaýyň sypaly, samany, harpygy bolýar. Olar mallara iým hökmünde ulanylýar. Sypaly, samany toýun suwag edilende hem ulanýarlar. Bugdaý orlanyndan soň, onuň meýdanynda saý-sebäp bilen galan hoşasyna çenli yrýa etmän ýygnalypdyr. Şoňa hem «hoşa çöplemek» diýilýär.

Türkmen zenanlarynyň gözelliginiň bir alamaty bolan saçlary hem sümmülden nusga alnyp örülendir. Sümmül saçlar zenanlaryň dünýäsini hem açýar. Sümmüle meňzedilip örülende, yzly-yzyna sekizlik ýasalýan ýalydyr. Kese ýatyrylan sekizlige meňzeş şekile bolsa matematikada «tükeniksizlik» diýilýär.

Tebigat, adamyň estetiki dünýäsi, adamyň zähmetiniň netijesinde döreýän görnüşler özara aýrylmaz baglanyşygy düzýärler. Obada ulalyp, daýhançylygy gören adam üçin bugdaýly meýdandan zyýada gözellik ýokdur. Ygşyldap oturan, dok däneli meýdan sungat eserine meňzeşdir. Saçagyň mukaddesligi bugdaý sümmülleriniň ygşyldysyndan başlanýandyr. Günden ýalkymyna ýetişen däneden asman ýaly ak reňkde un önýär.

Ata-babalarymyz galla üwetmek üçin dürli degirmenleri ulanypdyrlar. Dag etek obalarynyň ilaty suw degirmenini ulanýar. Degirmeniň agyr çarhy suwuň güýjüne aýlanypdyr. Çarh aýlananda, ol suwuň sesi bilen birleşip, üýtgeşik owaz çykypdyr. Dünýä belli kompozitor Sebastýan Bah şol owazdan saz döredipdir. Degirmene barýan ýol, köplenç, adamly ekeni. Sebäbi her kim azyklyk gallasyny diňe gerekli wagty üwedipdir. Degirmençiniň üwelen un üçin unuň ondan bir bölegini almaga hukugy bolupdyr. Ilçilikde «Degirmençiniň hakyny iýen ýaly» diýen aýtgynyň döremegi hem ýöne ýerden däldir. Degirmende her 3-4 günden ýarma üwelipdir ýa-da bugdaýdan beýleki däneleri üwemäge rugsat edilipdir.

Köpetdagyň gözel jülgeleriniň birinde ýerleşýän Köwata ýerasty kölüniň golaýyndan syzylyp çykýan çeşmä Degirmenjik Köwata diýen at galypdyr. Şol ýerde bir döwürler, ähtimal, degirmen gurlandyr diýen pikir seriňe gelýär.


Türkmen zenanlarynyň Maýsa, Desse, Sümmül ýaly atlary bugdaý bilen baglanyşykly düşünjeleri has baýlaşdyrýar diýip pikir edýärin.

Ata-babalarymyzyň topraga yhlasynyň Diýarymyzyň oba hojalyk ýurdy hökmünde

gadymyýetden bäri dünýäde giňden tanalmagynyň şertlerini kemala getirendigini ynamly aýdyp bolar. Biziň eýýamymyzdan öňki birinji müňýyllygyň ahyrlarynda Beýik Parfiýa döwletiniň döremegi ekerançylyk medeniýetiniň has ýokary derejelere ýetmegine güýçli täsir edipdir. Suwarymly ýerleriň meýdany giňäp, tüwi, bugdaý, üzüm ýaly dürli önümleriň ösdürilip ýetişdirilendigi barada hytaý çeşmelerinde bellenilýär. Biziň eýýamymyzdan öňki 38-nji ýyla degişli bolan teňňäniň ýüzünde hem bugdaý sümmüli bilen üzüm salkymy zikgelenipdir. Gadymy otparazçylygyň kitaby bolan «Awestada» bir bölümiň «Toprak» diýlip atlandyrylmagy hem ekerançylygyň gülläp ösüşlerinden habar berýär. Şonda şeýle setirler bar: «Kim öz çöregini azaby bilen gazanýan bolsa, ol hakykaty hem gazanýandyr... Haçanda däne peýda bolýar welin, döwleri der basýar, haçan degirmen peýda bolýar welin, döwler özlerini ýitirýärler, un peýda bolanyndan bolsa, döwler gygyryp ugraýarlar, çörek peýda bolanda döwler öňküdenem beter gorkýarlar».

Orta asyrlarda Köpetdagyň etegini özleşdirmekde ekerançylyk we suwaryş tehnikasynda täze öňegidişlikler gazanylýar. Dag çeşmelerinden,

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



köpsanly kärizlerden çekilen ýaplar şaha ýaýradyp gidýärler. Suw çykarmak üçin düýeleriň kömegi bilen herekete getirilýän jykyrlardan peýdalanyp başlaýarlar. Öňki el degirmenleriniň ornuna suw degirmenleri köp gurlupdyr.

Tejeniň, Murgabyň hem-de Amyderýanyň boýunda ekerançylyk has-da ýokary depginler bilen ösüp başlaýar. IX – XII asyrlarda ýurdumyzda öndürilen oba hojalyk ekinleri daşary ýurtlara çykarylypdyr. Arap taryhçysy al-Makdisi (X asyr) Nusaýda bişirilýän çörek barada haýran galyp ýazypdyr. Bagdatda VIII asyrda merwli täjirleriň özbaşyna ýaşaýan syrgynlary bolupdyr. Merwiň bazarlarynda bugdaý, çörek, gawun, dürli miweler satylypdyr. Şäheriň özüne bolsa Abiwerdden, Sarahsdan bugdaý getirilipdir. Türkmenler oba hojalyk önümlerini iri öndürijiler hökmünde giňden belli bolupdyr.

Undan ýagda gowrulyp taýýarlanylýan bulamak naharyny türkologiýa ylmynyň başyny başlaýjy dilçi, etnograf alym Mahmyt Kaşgarly düşündirişli sözlüginde mysal getirýär. Hamyrdan taýýarlanylýan dürli milli naharlarymyzyň bardygyna garamazdan, tamdyr çöregi saçagyň ilki hezzeti hasap edilýär. Myhman gelende, ilki bilen,

onuň öňünde düýeýüň saçagyna dolangy çörek goýlupdyr. Myhman naharlanyp gelen hem bolsa, çöregiň hormatyna ondan bir döwüm alyp, agzyna atýar. Çörekden datman gitmek halanmandyr, beýle etmek öý eýesine hormat goýmazlygy aňladýar diýip düşünipdirler. Hödür edilen çörekden datman giden adamyň işi oňmaz diýen ynama eýerilýär.

Biziň halkymyzda milli aşhana sungaty medeniýetiň aýrylmaz bölegidir. Türkmen öýüne myhman bolup, onuň topraga söýgüsiniň düýp esasyna düşünip bolýandyr. Ilçilikde «Myhman az gepläp, köp synlaýar» diýen söz bar. Myhman heniz ukudan oýanmanka, tamdyrda ot goýberilip başlanýar, soň saçaga ýaňy tamdyrdan çykan çörek getirilýär. Öý eýesiniň söwüş malyndan atarylan naharyň ysy hem daş-töwerege ýaýrandyr. Ir säherden maşgala agzalary öz iş-aladalary bilen bolup, ertir çaýyna çenli melleginiň esli ýerini depmäge ýa-da otamaga hem ýetişýärler. Saçaga bolsa öý eýesiniň öz eli bilen ýetişdiren maldarçylyk, daýhançylyk önümleri getirilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynda topragyň we topraga jan berýän suwuň gymmaty aýdyň

kesgitlenilýär. Ýaşaýşa jan berýän ýyly güneş tebigatdaky janlanyşyň çeşmesidir. Ot bilen baglanyşykly ruhy-medeni hadysalar hem durmuş bilen baglanyşyklylykda kemala gelýär. «Ot alyp gelen», «Ot almaga gelen ýaly» söz düzümlerinden ýaşaýşyň taryhy pursatlary janlanýar. Öňler çakmak daşy bilen ot alnandygyny bilýänsiňiz. Çakmak daşy her öýde bolmandyr. Şonuň üçin, gyş günlerinde ody öçürmezlik üçin sazagyň közüniň üstüne çäge sepip goýupdyrlar. Goňşy aralygynda birek-birege ot almak dilegi düşüpdir. Onsoň bir-iki bölek közi alyp barýan adamyň gyssanjakdygy belli. Ol öçürmän, bir ýerini ýakman, tizräk közi öýüne eltmek üçin alňasapdyr.

Ýaş wagtlarymyzda obada çaý gaýnatmaly bolanda, ody basym tutaşdyrmak üçin köz öçürilmän goýlardy. Soň közüň üstüne tutaşdyrlyk oklarsyň welin, ol dessine ýanyp, suw az odun bilen, tiz gaýnaýar. Köp adam dagdan ýa-da çölden alnyp gelnen gury oduna bişen naharyň tagamyny bilýändir. Şol tagamlaryň, tüňçe çaýynyň üýtgeşik lezzeti bar. Şäher durmuşyna endik edinen adam üçin odunyň ysy, birbada del ýalydyr, ýöne ony barybir özüne çeker. Edil öýüň mähriniň özüne

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



çekişi ýaly, meýdan odunynyň ýylysy hem özüne çekýändir.

Tomus gijelerinde asmandaky ýyldyzlary synlap, daşarda ýatmagyň özboluşly hezili bar. Dag etek obalarda, gum obalarynda bolanyňda, munuň täsiriniň has üýtgeşikdigi duýulýar. Ýyldyzly asman gümmezi edil golaýjagyňda, oňa eliň ýetäýjek ýaly! Özüňem ýyldyzlaryň arasynda uçup ýörensiň. Ýyldyzlary şolar ýaly ýakyndan synlan adamlaryň olaryň gonup-göçüşini, nähili ýaşýandygyny we dogýandygyny bilmezligi mümkin däl. Astronomik bilimler öz-özünden döremeýär. Älem-jahany synlan adam onuň gözelligine haýran galýar.

Gözellik baradaky düşünjäniň gözbaşynda tebigat gözelligi bar. Tebigat bolsa güneşi, lummurdaýan suwy, seriňi tämizleýän howasy bilen ynsanyň janynyň tenekary bolýar. Tomus gijelerinde seleň meýdanda janly-jandary ürküzmek üçin ot ýakylyp goýulýar. Ekin ekilýän yzgarly toprakly ýerlerde çybyn-çirkeý bolýar, şonuň üçin tüsse edilip, olardan goranýarlar.

Suw ähli janly-jandaryň jany, ýaşaýşyň, durmuşyň gözbaşy. Adam bir zatdan gorkanda hem oňa bada-bat suw içirilýar. Käteler kiçi çagalaryň sähel sese tisginmesi bolýar. Şonda oňa-da suw içirmeli.

Şunda suwuň direldiji häsiýetiniň bardygy hakyndaky ynama esaslanýarlar. Lukmançylykda zyýan ýeten nerw öýjüklerini dikeldip, öňki kaddyna getirmegiň kyndygy bellenilýär. «Gorkudan galan dert uzak wagt dowam edýär» diýip hem şonuň üçin aýdylýar.

Halkymyzyň toý däplerinde «süýjülik suwy» diýen düşünje bar. Ýaňy nika gyýlan ýaş çatynjalara nabatýa-da şeker goşulan suw içirilýär. Soň «süýjülik suwy» toý mähellesine paýlanylýar. Her kim suwdan owurtlap, il deňinde kada-kowahata laýyklap toý tutmagy arzuw edýär. Ýaşlar suwly käsäni boşadyp içse, süýji durmuş hakyndaky arzuwlarynyň hasyl boljakdygy hakynda-da ynam bar.

Suw gaplary, köplenç, agzy daralan görnüşde ýasalýar. Suw küýzä guýlanda, köp wagtlap düzümini üýtgetmän saklaýar hem-de küýzäniň agzynyň darlygy ondan suw guýmak, suwuň arassa durmagy üçin amatly. Häzirki wagtda oba ýerlerinde hojalyk üçin gerekli suw ulgamlarynyň çekilendigine, suwuň gije-gündiziň dowamynda üznüksiz akyp durandygyna garamazdan, suwuň tygşytlylygy ünsden düşürilmeýär. Sebäbi tygşytlylyk, onda-da suwy tygşytlamak halkymyzyň milli terbiýeçilik ulgamyna ornaşan düşünje.

Türkmençilikde kündükden akydyp el-ýüz ýuwmak edäheti bar. Şunuň bilen baglanyşykly durmuş pursatlaryny «Döwlet guşy» romanymda beýan edipdim. Kakam pahyr ol wagtlar ýaş oglan. Ir bilen oýanyp, kündükde ýyly suw taýýar edip goýýar. Soň ondan akydyp berýär. Oba ýerlerinde el ýuwmak üçin ýörite ýerde kündük goýulýar. Ondan akdyrylan suw ýa bagyň düýbüne ýa-da ekine sepilýär. Şu durmuş ýörelgeleriniň ýitirilmezligi bize suwuň gymmatyny ýatladyp durýar. Sebäbi durmuş şertleri nähili ösen derejede bolsa-da, siz bilýärsiňiz, adamkärçilik ýörelgeleri şol durşuna galýar. Adamçylyga laýyk hereketleri etmek ata-babalarymyzyň arkama-arka geçirýän iň gymmatly öwüdi. Sebäbi daş-töwerek, tebigat hakyndaky düýpli bilimler jemlenip, oňa «adamkärçilik» diýilýändir. Adam tebigata ýakynlygyny, ondaky gözelliklere we eşret çeşmesi bolan baýlyklaryna sarpa goýmak arkaly mälim edýär.

Şu ýerde suwuň gymmatyny nygtaýan käbir mysallara hem üns bereliň. Suwy aýamak diýlende – diňe suwuň arassalygy, onuň tygşytlanylmagy bilen çäklenmeýär. Suwuň daş-töweregi hem arassa bolmaly. Çeşmäniň, ýabyň, guýynyň töweregi serginligini saklamaly. Ata-babalarymyz şol ýerlere

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



zir-zibil taşlamaly däldigi hakyndaky ýörelgäni durmuşa ornaşdyrypdyrlar. Sähel kadadan çykylsa, suwuň düzümine täsir edýändigini nygtapdyrlar.

Bir gezek gum obalarynyň birinde guýynyň suwy öňki süýjüligini ýitiripdir. Adamlar munuň sebäbini birbada bilmändirler, ýöne soň seredilip görülse, şol golaýda deri duzlanyp goýlupdyr diýýärler. Kak suwlary hem köp dursa, içmäge ýaramsyz bolýar, oňa daşky gurşaw täsir edýär. Çölde çöketlige ýygnanýan kak suwy, şagla kaklaryň suwy tiz siňýär. Guýma kak ýa-da öňaldy kak diýilýän kak suwlary bolsa, daşyna çäk edilip, esli mahal durýar. Şeýle ýagdaýda içimlik üçin guýy suwlary ulanylýar. Kaklaryň golaýyndan gazylýan guýulara «damla guýusy» diýilýär. Bu guýa suw toplanyş usuly edil dag etegindäki kärizlerdäki ýaly ýagdaýda bolup geçýär. Suw syzylyp, guýa ýygnanýar. Başga suw düşnügi ýok ýerden gazylýan guýulara «çyrla guýy» diýilýär.

Ýylyň ygally gelen möwsümlerinde takyrlaryň töwereginden uly bolmadyk çuňlukdan gazylýan guýular wagtlaýyn häsiýetde bolup, gazylanda, çöwlük, örüm ýaly guýy enjamlary ulanylmandyr. Şeýle guýulara «üdek guýular» diýilýändigini bilýärin. Guýy ussaçylygy hem kyn kärleriň biri.

Ýurdumyzyň gumuň jümmüşindäki käbir ýerlerinde ýedi-sekiz gulaç çuňlukdan suw çykýandygyny gürrüň berýärdiler. Ondan has köp çuňlukdan suw çykýan ýerleri hem bolýar. Bir gulaç diýlip bir ýarym metr çemesi uzynlyga aýdylýar.

Biziň sebitlerimizde ilatly ýerlere suw tapylan gözbaşyň adyna baglanylyp at goýmak ýörgünlidir. Ýeriň ady çeşmäniň, käriziň, ýabyň ýa-da guýynyň, ýa-da kakyň suwuna at dakylyşyna laýyk saýlanyp dakylýar. Ýaşaýyş bar ýerinde hökman suw hem bolaýmaly. Suw – ýaşaýşyň birinji şerti. Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Hankäriz obasynyň ady käriziň adyndan gelip çykan, ýurdumyzyň şol sebitlerindäki Sünçe, Mehinsuw çeşmeleri hem ýer-ýurt atlaryny hem aňladýar. Gözbaşyň boýunda ýurt tutunan ilat öz ýaşaýan ýerini şol gözbaşyň ady bilen atlandyrýar. Meselem, «gozganlydyryn» diýdigi, adamyň Gozgan çaýynyň ýakasynda doglandygyny aňladýar. «Ýyly suw» şypahanasyny melhem suw bilen üpjün edýän çeşmäniň boýunda mesgen tutunan ilat öz obasyna «Ýylysuw» diýip at dakypdyr. Häzirki wagtda hem şol ýerlerde Ýylysuw obasynyň yzlary bar. Kärizek ady hem kärizler bilen baglanyşykly. Bu ýerler taryhy döwürlerde hem özüniň kärizleri bilen

meşhur bolupdyr. Ekerançylygyň ýokary derejede ösendigi hem käriz suwlarynyň bollugy sebäplidir. Arkadag şäheriniň bir etrabyna «Kärizek» adynyň berilmegi şöhratly taryhy köklerimize goýulýan sarpadan nyşandyr. Türkmen obalarynyň köpüsiniň ady gözbaşyň, iň bolmanda ýabyň ýa-da akaryň adyny aňladýar. «Altyýap», «Sekizýap», «Akýap», «Garaýap», «Keseýap», «Şyharyk» ýaly ýene köpsanly atlary mysal getirip bolýar. Şu ýörelgäni daşary ýurtda ýaşaýan türkmenler hem dowam edýän ekenler. Şunuň özi suwuň gadyr-gymmatyny has ýokary derejä çykarýar. «Suw – ýaşaýyş» diýen pähimiň durmuşyň hakyky özünde subut edilendigini görkezýär. Suw baradaky düşünje halkymyzyň emer-damaryna ornapdyr. Süýji suw ýeňil, sebäbi düzümindäki mineral duzlar ujypsyz mukdarda, ol ajy suwuň ýüzüne çykyp durýar. Takyr ýerlerde suw ýere siňip bilmän, üýşüp durýar. Şeýdibem çarwalar süýji suwdan aýawly peýdalanmagyň usulyny tapypdyrlar.

Şu ýerde hytaýlylaryň: «Öwrenmek suwuň akymyna garşy ýüzen ýalydyr, öňe gidip bilmeseň, ol seni alyp gider» diýen pähimi hyýalyma gelýär. Ajaýyp pikirler. Adamzat ýaşaýşynda tebigy

sazlaşykly guralan ýaşaýşyň akymy dowam edýär. Tebigata, äleme söýgi, bir söz bilen aýdylanda, ähli zady aňladýar. Çünki adamzadyň iň asylly häsiýetleri tebigata bolan gatnaşygyndan gözbaş alýar. Diňe bir döwletiň däl, eýsem, Zeminiň ýaşaýjylary üçin hem, daşky gurşawa dahylly özleşdirilen kada-kanun babatda umumy bir ýörelgeler gerek. Bu bolsa bitewülikdir, agzybirlikdir. Adamzat üçin ygtybarly geljegi üpjün etmegiň wajyp şertidir. Şular baradaky söhbet köňülleri, ýürekleri birleşdirýär.

Il-ulsumyza älem-jahanyň gözelliginden nur alýan dünýäde manyly durmuşy arzuw edýärin.

Maksat tutmagyň manysy

Eziz okyjym!

XVIII asyr türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň «Türkmeniň» atly goşgusyndaky «Köňüller, ýürekler bir bolup başlar» diýen setirler ýürekleriň birligini, adamlaryň agzybirligini aňladýar. Ýürekler bir bolsa, onda öňde goýlan maksat babatda hem umumy pikirleriň birligini duýup bolýar. Şu ýerde şunuň bilen baglanyşykly bir tymsal getirmekçi bolýaryn. Kesearkaçly danalaryň biri ir döwürlerde batyrdyr serdarlary geňeşe çagyryp, olara:

– Edermenlik-edenlilik hem gerekdir welin, çagalaryňyzyň üşükli, düşbi perzentler bolmagynyň hem gamyny iýeweriň! Ýogsam, olaryň edermenlik bilen amal etjek işini pähimli seljermek kyn bolar. Käteler kişiniň ýüregine rehim iner ýaly, towşantüý boluň, käte bolsa, şir sypat boluň! Käwagt rehimli kişileriň hem eýmenmegi gerekdir, her bir kişi adalaty

ýadyndan çykarmaly däldir. Çünki rehimdarlyk hem käteler adalatyň kadasyny saklaýan däldir. Käbir halatlarda bolsa, bilýäniňizi öz gursagyňyzda saklaň! Hakykaty hem edil beýleki ýerlerde edişiňiz ýaly, edil wagty gelende adamlara äşgär etseňiz, onuň gadyryny gaçyrmarsyňyz. Men bir kişiniň perzendini aşa gowy görmekden ýaňa, özüniň arzysyny bir şaýy edip goýandygyny hem gördüm. Her bir jandardan misil alyň, ynsanda olaryň ähli gylygynyň jem bolýandygyny pugta belläň! Şulary dogry seljerip, perzentleriňiz ýagşy bilen ýamandan ezberlik bilen baş çykarar ýaly, olara pursat beriň! Olar sizden başga adamlardyr, olara özbaşdak çözmäge, karara gelmäge, öz niýetini amal etmäge maý-puryja beriň! Ertirki gün bu ümmülmez sähramyza, daglarymyza, düzümize, deryýamyza eýe bolmaly, ynsanlyk nazaryny salmaly öz perzentlerimizdir – diýipdir.

– Pähimdar kişi, seniň aýdyşyň ýaly ile gerekli, Watany gorap biljek perzentleri ýetişdirendigimize nähili göz ýetirip bileris?

– Wagty gelende, siz ýene ýanyma öz terbiýelän perzentleriňiz bilen gelersiňiz. Häzir bolsa, obaňyzyň ýetginjek oglanlaryny ýygnaň-da, olara: «Tebigata,

adamlara sahawatlydygyňy, ýüregiňizde diňe gowy arzuwlaryň bardygyny bir iş görkezip subut edersiňiz» diýiň-de, iki-üç aý hem möhlet berýändigiňizi aýdyň – diýipdir. Şonda obanyň ilhalar gerçekleriniň biri:

– Olar ýaş, şonuň üçinem biz olara siziň aýdyşyňyz ýaly edip, tabşyrarys welin, sowal berip başlarlar. Şonda näme etmeli bolarka? – diýip ynjalyksyzlanypdyr. Dana ýaşuly çalaja ýylgyrypdyr-da:

– Işiň kynçylygy hem olaryň özleriniň nähili hereket etjeklerinde. Şonuň üçinem eger sowal beräýdikleri, siz olara diňe özleriniň pikirlenmelidigini we näme etmelidigini özleriniň kesgitlemelidigini tabşyryň! Eger şeýle etseňiz, terbiýäniň aslynyň nähilidigine dogry göz ýetireris – diýipdir. Olar dana bilen hoşlaşyp, her biri öz obasyna gidipdir. Baranlaryndan soň hem dananyň öwredişi ýaly edipdirler.

Wagt geçipdir. Olar ýene dananyň ýanyna ýygnanyşypdyrlar. Dana syn etse, olaryň her biriniň bu ýumşa düşünişi hem deň däl. Olaryň bir topary:

– Biz janly-jandara hyýanat etmämizi bes edeliň! – diýip, sapan atyp guş tutmagyny goýupdyr. Bir topary bolsa, obalaryndaky ejiz haldaky adamlara

ellerinden geldigiçe ýardam edipdirler. Ýene bir topary oba gelýän suwuň ugrundaky harsaň daşlary bir gyra sowupdyrlar. Käbirleri bolsa, ýagşy söze mätäç adamlar bilen sypaýy gepleşipdirler, dürli hekaýatlar bilen olaryň göwünlerini açmaga çalşypdyrlar. Bir oglan bolsa, uly ýoluň gyrasynda oturyp, her geçen ötegçä:

– Gaýalary saýa salýan daglarymyz bar, onda hem şeker atylan ýaly miweli baglar ösýär. Suwumyza «direliş suwy» diýýärler. Ondan bir käse çaý içseňiz, mundan buýanky geçjek ýoluňyzy nädip geçeniňizi bilmersiňiz. Onsoňam obamyzyň adamlary şeýle bir gowy, şeýle bir gowy, olaryň ýüregindäki dilindedir – diýip, obalaryny taryp edýärmişin.

Oglanlaryň biri bolsa, her gün irden daga gidýärmişin. Ondan näme edýändigini soranlarynda:

– Dagdaky tokaýlara aýlanýaryn. Olar obamyza tarap gelýän şemalyň hem ugrunda otyrlar, epgegi hem saklaýarlar. Şemalyň dagdan gelýän öz ýoly bar. Ony üýtgetmek kyn. Bu baglary aýap saklasak, ol obamyzy ýene ençe ýyllap eklär. Men olara gelýän suwuň öňi bökdelmez ýaly aýlanyp duryaryn.

Baglaryň guranlarynyň ýerine ýaş nahallar ýetişip gelýär. Olara diňe sähelçe üns bermek gerek – diýipdir.

– Sen nädip dagda oturan baga hemaýat edip biljek? Heniz ýaş oglan halyňa, ol ýerde näme üýtgeden zadyň bolar? Olar ýabany tokaýlyk ahyryn! – diýenlerinde:

– Men azda-kände bolsa-da öz gönüme gelenini edeýin, belkem, haýrym deger – diýipdir.

Dana olaryň hemmesine «berekella» aýdypdyr.

– Siz Watanyň, il-ulsuň gamyny iýjek mertlersiňiz. Ýagşy niýetiňiz bar eken, şondan hem kemal tapyň – diýipdir. Soňra batyrlara ýüzlenip:

– Siziň meniň sargydymy aýdanlaryňyzdan tötänleýin gelmedigi dagy boldumy? – diýip sorapdyr. Obanyň gerçek batyrlary:

– Ýek-tüki bar, olar hem ir-ertirden giç-agşama çenli at çapyp, ýaý atyşyp ýörenler. Ýene-de birdir-ikidir näme etjegini bilmän oturanlar hem bar, elbetde – diýipdirler. Şonda dana:

– Ýaý atýanlaryňyz edermenlikde, çaparmanlykda, ezberlikde öňüne adam geçirmez. Ýöne olaryň hem pälinde-niýetinde il-güne haýyr etmek parzynyň

bolmagy üçin jan etmegiňiz gerek. Adam özüniň näme üçin jan çekýändigine düşünmelidir. Näme etjegini bilmän oturan diýýäniňiz babatda ünslüräk boluň! Ýüreginde etsem-petsemi, maksady ýok kişiden Taňrynyň özi gorasyn – diýipdir.

Şondan soň, türkmen obalarynda Watana, il-gününe ýararlykly adama gadyr goýmak, adamyň mertebesini onuň il-günüň hatyrasyna amala aşyrýan ýagşy işleri bilen ölçemek ýörelge bolupdyr. Adamlar ýörite ýaşlary ýygnap, olara dananyň aýdyşy ýaly ýumuş buýurmasalar hem bu ýumuş olar üçin kada öwrülip, durmuşda dowam etdirilipdir.

Halkymyzda: «Diýlip-aýdylyp edilen işiň gadyry gaçýar» diýen köne aýtgy bar. «Ogul atanyň, gyz enäniň ýüregine düşünmeli» diýilýär. Adam beýleki bir adamyň ýüregine düşünmese, durmuşda kynçylygyň bolýandygyna üns çekilýär. «Köňülleriň, ýürekleriň birligi» Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde taglymat derejesine göterilýär. Gündogaryň danasy Hoja Ahmet Ýasawy:

– Haýp, adam öz gadryny özi bilmes,
Menlik kylyp, ýagşylary göze almas,

Erenleriň söhbetine gaçyp gelmes,
Ol biwepa, Haka ne diýip wepa kylsyn

– diýýär. Bu setirleriň manysy anyk aýdylan. Häzirki döwrüň nukdaýnazaryndan ondan many alynsa, köpügören, ylymly-bilimli, pähimli adamlaryň «söhbediniň» ähmiýeti nygtalýar. Hoja Ahmet Ýasawynyň «Barça bugdaý, el tutmagan samany sen» diýýän setirleri hem köplere mälimdir. Onda beýik ussat adamyň mertebesini arşa galdyrypdyr. Akylly, ylymly adam özünden başga adamlaryň hem pikiriniň sypaýydygyny, niýetiniň gowudygyny ykrar edende, maksadyň hem diňe gowy tarapyny görýär.

Sözüň doly manysynda adamlaryň pikirine, olaryň garaýyşlaryna hormat goýmak, bu medeniýetlilikdir, asylzadalykdyr, ynsan mertebesini beýgeldýän sypaýy garaýyşdyr. Olara müň mertebe alkyş aýdylýar.

Alkyşyň manysy

«Alkyş alan derejesi zor bolar»
(Magtymguly Pyragy)

Mähriban okyjy!

Halkymyzda köp alkyş alan adamyň neberesi arkama-arka ýalkanarmyş diýen ynam bar.

Alkyş alyň, ýagşy iş edip, adamlaryň bagtly gününe şaýat boluň! Durmuşyň adamy adam edýän, manyly ýeri hem şondadyr. Ahyrky netijede eden ýagşy işiň seniň at-abraýyň, at-derejäň, şan-şöhratyň bolup gaýdyp geler, ýöne adamlaryň kalbyna salan ýagşylygyň gymmaty welin, islendik bir zat bilen ölçärden uludyr. Adamlary begendirmek maksady bilen başyna barlan iş soň ýagşylyk bolup, şol adama gaýdyp gelýär. Men şuňa köp gezek öz durmuşymda hem şaýat boldum.

Halkymyzyň «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?» diýen setirlerinde bu pikir has aýdyň manyda beýan edilýär.

Çüňküne zeýtun baldajygyny alan kepderiniň şekilinde parahatçylyk we hoşniýetlilik arzuwlary şöhlelendirilýär. Bu şekiliň manysy barada III asyryň

ýazgylarynda bellenilipdir. Guşlaryň keşbi, umumy manyda alnanda, gaýypdan, älem şalygyndan gelen alamat diýlip hasap edilýär. «Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz» diýen nakylda bu keşp adamyň arzuwyna meňzedilýär. Asmana uçýan guş beýikligi aňladýar. Guşlaryň asman bilen Zeminiň aralygyndaky giňişlige erkliligi syrly hem-de täsin garaýyşlaryň döremegine sebäp bolupdyr. Türkmen edebiýatynda kepderi, bilbil, hüthüt, gumry, garlawaç ýaly guşlaryň keşbi getirilýär. Bu aýratynlyk Magtymguly Pyragynyň döredijiligine hem mahsusdyr. Jübütliginiň alamaty hökmünde kepderileri suratlandyrmak dünýä medeniýetine mahsus häsiýet. Halkymyzda bolsa, köpelgiçliginiň we päkizeliginiň alamaty diýip gumry guşuna aýdylýar. «Jübüt gumry ýaly agzybir bolmak» arzuw edilýär.

Bilbil bilen gül keşbi jübütliginiň aýrylmazlygynyň, ebediliginiň ykrar edilmesi hökmünde edebi nusgalarda duş gelýär. Şonuň özi umumy giňişligi döredýär, alamatlar bolsa manynyň baýlaşmagyna ýardam edýär. Dürli şekilde suratlandyrylan alamatlar arkaly arzuwlar hem aýdylýar. Birek-birege ýürekden aýdylýan arzuwlaryň güýji adamlary ýakynlaşdyrýar. Ýürekden arzuw etmegiň netijesi «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýen aýtgyda beýan edilýär. Türkmen etnografiýasynda «alkyş, arzuw-dilegler» türkmen

toýlary bilen baglanyşyklylykda baý mazmunda açylyp görkezilýär. «Görogly» şadessanynda Jygalybege Adybegden bir zürýadyň galandygyny buşlap, habar berýän goşgy-namanyň ilkinji bendi alkyş bilen başlanýar. «Gözüň aýdyň», bu – gözüň açylmagy, täze dünýäni görmek manysynda has irki döwürlerden bäri durmuşyň begençli pursadyna şärikdeşligi mälim edýän alkyşly sözdür. Alkyşly sözleriň ýerini başga bir söz bilen çalyşmak, köplenç, mümkin däl, şonuň üçinem ýerini bilip sözlemek alkyşly sözler barada has möhüm. Bir işiň başy tutulanda aýdylýan «Işiň ileri!» diýen söze «Ýaşyň uzyn!» diýen jogap berilýär. Işiň dowam edip duran pursadynda aýdylýan «Arma!» diýen söz adama işiň netijesiniň gowy bolmagynda sabyr-kanagatlylygyň arzuw edilmegini aňladýar. «Bar bol!» diýip jogap hökmünde aýdylmagy ýaşaýyş hakyndaky arzuwdyr. Şeýle sözler adamlaryň özara gatnaşygynda ynamy berkidýär.

Toý arzuwlarynyň we dilegleriniň özi hem giden bir manyny özünde jemleýär.

Halkymyzyň iň uly toýlarynyň biri ogul öýerilende, myhmanlar toý eýesine, esasan, şular ýaly arzuwlary aýdýarlar:

Gelniň rysgally maşgala bolsun!
Gelen gelin gazygynda garrasyn!
Gelen gelniň aýagy düşsün!

Ogluň aýagyny duşaklapsyň, gutly bolsun!
Ogluň gözi dört bolupdyr, gutly bolsun!
Döwletli, rysgally maşgala bolsunlar!
Oram-oram ogully, topar-topar gyzly bolsun!
Ile-güne haýyrly maşgala bolsun!

Toýda we baýramçylykda aýdylýan iň gowy arzuw «Gutly bolsun!» diýen jümlede jemlenilýär. «Gut» sözi «döwlet, bagt» diýmek. Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwanynda» «Üme gelse, gut geler», ýagny «Myhman gelse, döwlet geler, bagt geler» diýen atalar sözi bar. «Gutly bolsun!» diýen söz «rysgally-bereketli, bagtly, döwletli bolsun, haýry bilen nesip etsin!» diýmekdir. Ol ähli gowy arzuw-alkyşlary iki sözde jemläp berýändir. «Kitaby dädem Gorkut» dessanynda bu alkyş sözi häzirki ýaly manyda getirilýär. «Görogly» şadessanynda Görogly begiň: «Bir toý tutuň, älem galsyn haýrana» diýýän sözleri tutuş eseriň mazmunyny ruhubelent duýgulara besleýär. Häzirki döwürde, hakykatdanam, köpleri haýran galdyrýan türkmen toýlarynyň meşhurlygy has-da artdy. Toýlar türkmen Diýarynda tutulsa-da, onuň çawy edil ertekilerde beýan edilişi ýaly uzaklara ýetýär. Toýlar maksadyň amala aşandygyny alamatlandyrýar. Taryhyň sahypalaryny täze mazmundaky wakalara besleýän şeýle pursatlary bolsa, toý edip, uly dabara beslemek halkymyzyň däp-dessurlaryna we ynamyna laýyk gelýär.

Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy» atly kitabynda Gylyç Arslanyň ogly Keýhysrowyň tagta göterilişiniň toý däbi şeýle suratlandyrylýar: «Ol gün çensiz-çaksyz engam we serpaýlar paýlandy». «Sag eliň gylyç tutsun, sol eliň mal bersin!», «Gün ýaly parlak bol!», «Halkyň iýmek-içmekden hakyny gora, olary hiç zada mätäç etme!», «Halkyň kysmatyny paýlaş!».

Halkyň kysmatyny – garamatyny egnine alan oguz begleri toýlarda däbe görä, toýuň merkezinde oturýar eken. Häzirki döwürde hem päk zähmeti, il-ulsa ýagşy göreldesi bilen özüni tanadan adamlar, görnükli döredijilik we ylym şahsyýetlerimiz toýlarymyzda, baýramçylyklarymyzda esasy orunda bolýarlar.

Ýagşy zada ähmiýet bermek, ýaman zady görende, ony dile alman, tiz unutmaga çalyşmak halkymyzyň emer-damarynda bardyr. Ata-babalarymyzyň durmuşda gündelik ulanylýan haýsydyr bir serişde babatynda hem «ýok» sözüni ulanmagy laýyk saýmaýandygyny bilýänsiňiz. «Her kimiň rysgaly özüne berilsin!», «Ol öýüň yşygy bu öýe düşmez» diýen nakyllary döreden halkymyz her adamyň maksadyna ýetmäge haklydygyny ykrar edipdir diýip hasap edýärin. Öýde mukaddeslik hasaplanylýan duz, çörek, un ýaly azyk önümleriň ätiýaçlygy azalanda hem ol önümler babatda «ýok» sözi ulanylmaýar. «Öýümizde

duzumyz baýapdyr» diýen görnüşde aýdylýar. «Başarsaň, bar zady ýagşylyga ýor!» diýen setirler diňe bir çeper teswir däl-de, pähimdir.

Alkyşlar ýagşylyga dowamat berýän ýörelge bolup, ynsanlaryň kalbynda ýakymlylyk döredýär. Tam toýa baran adam: «Ýurduň garşy alsyn!», «Tam toýuň gutly bolsun!», «Düşümli tam bolsun!», «Rysgally, döwletli tam bolsun!» diýen ýaly arzuwlar edýär. Gyz durmuşa çykarylanda toýa baran adam: «Gyzyň alny-bagty açyk bolsun!», «Gyzyň maňlaýy bolsun!», «Baran ýerine aýagy düşsün!», «Gapyňdan gülüp gelip, gülüp gitsin!», «Baran ýerine wepaly maşgala bolsun!» diýip arzuw edýär. Garaşsyz Watanymyzda täze desgalaryň açylyş dabaralarynyň tam toýlaryna we ogul öýermek, gyz çykarmak, akgoýun toý, bäbek toýy, harby gullukdan dolanyp gelen ýaş esgeriň şanyna tutulýan maşgala toýlary bilen utgaşykly bellenilmegi hem däbe öwrülip barýar. Bu gowulygyň alamaty. Sebäbi bir maşgalanyň şatlygy bilen döwletimiziň gazananlary hem sazlaşykly mana eýe bolýar. «Gazananyňyz toýa ýarasyn!», «Döwletiňiz artsyn!», «Toýuňyz toýa ulaşsyn!» diýen arzuwlaryň manysynda halkymyzyň medeniýeti açylýar.

Türkmen toýlarynda aýdylýan toý dilegleri we arzuwlary, toý aýdymlary, toý gazallary, toýda aýdylýan




TÜRKMENISTANY





küştdepdiler, aýdymlar halkymyzyň döredijiliginiň iňňän täsirli sahypasydyr. Ýüregiňde gowy maksat besleseň, şol hakykata öwrülýär diýlip ýönelige aýdylmaýar. Şeýle toýlar bolsa, hakykatdanam, adamlaryň durmuşyna şatlyk we bagt getirýärler. Toýlar we baýramçylyklar – ynsanlary birek-birege köňül we maksat bilen ýakynlaşdyrýan duýgudaşlyk gurşawy.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýunda paýtagtymyzyň ileri künjeginde gurlan Döwlet münberiniň binasynyň daşyny gurşap alan meýdançada ýaýbaňlanan baýramçylyk çärelerini ol ýerden asmana atylan baýramçylyk feýerwerki jemledi. Munuň özüne ýetesi manysy bar: dürli reňkli uçgunlar asmandan saçylýan nura meňzedi. Garaşsyz Watanymyzyň dünýä ýüzündäki şöhratyna şöhrat goşýan, ýurdumyzyň at-abraýyny görkezýän we gazananlaryny dabaralandyrýan şeýle toýlar milli medeniýetimiziň özboluşlylygyny dünýä mälim edýär.

Halkymyzyň ummasyz uly baýlygy bolan halk döredijilik eserlerinde toýlaryň dabarasy hem juda ussatlyk bilen beýan edilýär. Şolardan belli bolmagyna görä, türkmen toýlary, kyrk gulak gazanlar atarylyp, ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenli ähli ilat jar çekdirilip toýa çagyrylýar. Ir döwürlerde toýlarda uzak obalara




30

hem çakylykçy çapar ýollanypdyr. Ses ýetýän ýere bolsa, jar çekdirilipdir. Häzirki döwürde toýlara, baýramçylyklara çagyrmagyň usullary öz mazmunyny we görnüşini özgertdi. Gadyrlanyp we bimöçber uly hormat bilen ýazylýan hatlary we gutlaglary, çakylyklary özara alyşmak diňe bir toýlarda toý edýän bilen myhmanyň arasynda däl, eýsem, döwletara gatnaşyklarynda hem hyzmatdaşlygyň dowamlylygynyň hem-de pugtalanýandygynyň alamatydyr.

Baýramçylyk sowgady – toýdan ýetýän paýy aňladýar. Toýdan toýpaýyny alyp gelmek bolsa, ýagşylygyň alamaty diýlip kabul edilýär. Toýpaýyny alnyňa sylyp almalydygyny, ony yrym üçin aýap saklamalydygyny ata-babalarymyz öz göreldeleri bilen biziň nesillerimize geçiripdirler. «Toýdan topukça» diýýändir ata-babalarymyz. Her bir adam işiniň, hojalygynda ownuk-uşak aladalarynyň köpdügine garamazdan, toý-baýramçylyga uly höwes bilen gatnaşýar.

XVIII asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri Mahmyt Gaýybynyň döredijiliginden alnan «Ile döwlet geler bolsa, bagşy bilen ozan geler» diýen setirleri halkymyz nakyla öwrüpdir. Toý-baýramçylyklarda adamlaryň birek-birege aýtmak isleýän arzuwdyr dilegleri saza goşulyp, daş-töwerekde ýakymly duýgy döredýär.

Toýlar we baýramçylyklar synmaz hyjuw, ynam bilen öňe gitmegiň badalgasy. Durmuşyň hözirliligi we ömre ömür goşýan hezilligi edil gunçanyň Günüň şuglasyna açylyşy ýaly, toýlarda adamlaryň göwünlerini nurlandyrýar. Toý – iň gowy arzuwlaryň ganat ýaýýan giňişligi, ýagty ertire umytlaryň hasyl bolýandygynyň subut edilmesi. Eziz Diýarymyz – baýramçylyklaryň, toýlaryň mekany. Ýagşy umytlaryň, arzuwlaryň wysal bolýan ýurdy.

Milli baýramçylyklar, halkara derejeli baýramçylyklar, taryhy ähmiýetli wakalar mynasybetli guralýan dabaralar, maşgala toýlary Zemin ýaşaýşynyň gülleýiş pursatlarydyr. Gülleýiş bolsa, täze ýaşaýyşdyr, durmuşyň ebediligidir. Ynsany bezeýän asylly häsiýetleriň uly toplumydyr. Gijäniň tümlüginiň däl-de, ilki bilen, ondaky ýyldyzlaryň owadanlygynyň ynsanyň gözünde galyşy ýaly gözellikdir.

Toý-baýramçylyklarda dünýädäki ähli zatlar gözelligiň parçasy bolup, adamlaryň gönüni açýar. Gönüň hezilligi bolsa adamyň ruhy baýlyk-genjiniň, akyl-paýhas başarnygynyň nuruny saçmagydyr. Il-halkymyz agzybirlik bilen toý tutýar, halkyň jebisliginde ägirt uly ýeňişlere ýetýär.

Mähriban Watanymyzda toýlarda we baýramlarda adamlaryň agzybirligi, biri-birine mähremligi duýulýar, agzybirlik türkmen toýlarynyň esasy

alamatydyr. Agzybirlige seredip, toýuň geçişine baha berýändirler.

Mähriban okyjy!

Halk döredijiliginde ertekilere, rowaýatlara mahsus jemlemede hem arzuw-dilegleriň mazmuny açylýar:

«Ýagşy ýetsin myrada,
Ýaman galsyn uýada.
Ol hem galyp näme boljak?!
Hemme ýetsin myrada».

Türkmençilikde «Çagyrylan ýere bar, irinme» diýen pähim hem bar. Adam ömrüniň şatlykly menzilleri, olar toýly pursatlardyr. Halk döredijilik eserlerinde gahrymanlar eline sazyny alyp, ýüregindäkini söz bilen beýan edýärler.

Gorkut ata, Görogly beg Türkmen saz bilen sözi birleşdirip, ajaýyp heýkel döredipdirler. Sungatyň synmajak sütüni bolup duran şol ajaýyp eserler gudratly dünýä, ynsan ýüreklerine guýulýan jadyly melhem.

Toý-baýramçylyk gününde birek-biregi begendirmek üçin edilýän aladalar – iň süýji aladalar.

Goý, ilimizde aýdylyşy ýaly, iň uly aladaňyz toý aladasy bolsun! Toý toýlap, alkyş almak size miýesser etsin!

Bitewülik manysy

Özüň büdräp, öz ýykylan ýeriňi,

Il ýykylmaz ýaly düzlegin, balam! – diýen setirler görnükli türkmen şahyry Mämmet Seýidowyň döredijiligine degişli bolup, ol goşgy ussat bagşylarymyzyň dilinde hem diýseň ýakymly eşidilýär. Çünki bir özüň däl-de, il-ulsuň hakyndaky aladanyň möhümligi şu setirlere siňipdir. Bu goşgynyň milliligi hem onda halkymyza mahsus ýörelgeleriň we düşünjeleriň has aýdyň açylýanlygynda diýip pikir edýärin.

Sözüň gymmatyna sarpa goýmak, söz bilen terbiýelemek we söz arkaly duýgudaşlygyňy aňlatmak il-halkymyzyň asylky ýörelgeleriniň biridir. Çünki adamyň ýüregindäki söz bilen dile geçýär. Söz duýgynyň ýüze çykan şekilidir. Şonuň üçinem ýagşy sözler adamy ganatlandyrýar. Käteler maňa: «Siziň şol aýdanyňyzy unutmaýaryn» diýýärler. Şol adamlara duşanymda, köp pikirlenýärin. Durmuşyň haýsy pursady barada söz açylýandygyny hakydamda

aýlamaga synanyşýaryn. Gowy sözler adamyň ýüreginde müdimi galýar, göwün göteriji sözler adamyň döwletli işiň başyny tutmagy üçin oňa gerek. Sözüň uly güýji bar. Toý-baýramçylyklarda aýdylýan alkyş sözleri, arzuwlar unudylmaýar. Olar adamyň hyýalynda geljegiň bagtyýarlygynyň suratyny çekýär. «Döwletiňiz yrylmasyn, oram-oram ogully-gyzly boluň!» diýen sözler toý gününde aýdylýar, ýöne şol sözler tutuş ömrüňde ýüregiňe ýakymlylyk çaýýar. Sebäbi adam ömrüniň manysy babatda alnanda şol sözleriň manysy has uludyr. Şonuň üçin toýa gatnaşyp bilmedik adam hem ýagdaýyny tapyp, toýuň eýesine özüniň arzuwlaryny aýdýar. Şeýle durmuş kadasy gowy adamlaryň köpelmegine, ýagşy edim-gylymlaryň ýaýylmagyna gönükdirilen maksady aňladýar. Özüniň başlan işiniň oňlanylmagy we özüne il-günüň, töweregini gurşan adamlaryň ýagşy umyt baglap oturanyny görýän adamyň ruhy galkynýar. Ol arzuwlarda aýdylýan şahsyýet bolmagyň mertebelidigini duýýar.

Göwün diýen maşgalany kemala getirmegiň özüne gözni ýetýän «men» diýen adamlara-da käte kyn düşýändigini durmuşda görýärin. Adam maşgalada terbiýe alýar, ýöne ol ahyrynda özüniň durmuşda gazananlaryny köpçülige ykrar etdirýär. Aýtmakçy bolýanym, ýene-de köpçüligiň içinde bolup, dogry

gepleşmegi, durmuşyň dürli ýagdaýlarynda nähili özüňi alyp barmalydygyny öwrenýär. Özümizden ulularyň: «Köpçüligiň içinde bolup, iliň synagyndan geçmedikden mazaly ogul-gyz bolmaz» diýen pähimli sözlerini köp ýatlaýaryn. Çünki il – terezi, kimiň nähilidigi hakynda köpçüligiň pikiri köp zady aňladýar. Köpçüligiň ynamyny ödäp, asylly sypatlara eýe bolmak kämil şahsyýetlere mahsus häsiýetdir. Kalpda beslenen ýagşy arzuw-niýetler amala aşanda, bu köpçüligiň islegine laýyk gelýär. Hususy maksatlar jemlenip, ahyrky netijede adamlaryň bähbidine hyzmat edýän işler durmuşa geçýär.

Dünýä halklarynda şunuň bilen baglanyşykly rowaýatlardyr tymsallar döredilipdir. Şolaryň birinde üç sany aýry-aýry milletden bolan ýolagçylaryň her biri öz dilinde şol bir zadyň adyny aýdýar, şonda olara bada-bat düşünişmek kyn düşýär. Ahyrynda olaryň üçüsiniňem iýesi gelýän zadynyň şol bir zatdygy, ýagny üzüm iýmekçi bolýandyklary aýdyň bolýar. Bu filosofik manyda beýan edilýän tymsal hem bolsa, köp pikirlenmezden onuň manysyny aňyp bolýar. Durmuşda hem wagt adamlaryň isleginiň köplenç şol bir zat bolmagy ähtimal, ýöne dünýä inen we ýaşaýan tebigatynyň meňzeş däldigi we beýleki sebäpler, görnüşi ýaly, olaryň pikirleriniň dürlüçe ýüze çykmagyna getiripdir.

Durmuşyň bitewüliginiň aýdyň mazmuny Oguz hanyň tebigat baradaky pähimlerinden görünýär.

Gadymy döwrüň akyldarlary adamyň suwuklygyny – suwa, bedeniniň gatylygyny – topraga, nepesini – howa, bedendäki gyzgynlygyny – oda meňzedipdirler. Şonuň esasynda hem adamyň älemiň bir parçasydygy hakyndaky paýhasy düşündiripdirler. Çünki dünýäniň başlangyjy dört bitewülikden – ot, howa, toprak, suw gözbaşyndan gaýdýar diýen pähim has ir döwürlerden bäri aýdylyp gelinýär.

Magtymguly Pyragy «Yzlamaýan bolarmy?!» diýen goşgusynda ynsanyň, dürli jandarlaryň öz nesillerine hamrakdygyny ugurdaşlykda beýan edýär. Ussat şahyryň döredijiliginde «adamzat» diýip ýüzlenýändigine esaslanmak bilen hem şahyryň bitewi adam ykbaly barasynda aladalanýandygyny duýmak bolýar. Çünki älemiň gözelligi ony bitewi keşbinde synlanyňda has aýdyň görünýär. Ýyldyzlar Aýyň şuglasyna owadan, asman Günüň kuýaşyndan dürli öwüşgin atýar.

Ynsan ýüreginiň ýylysyny bolsa oňa seredeniň bilen duýmak kyn. Ýürek – içde, göz – daşda. Adamy tanamak diýmek, onuň kalbynyň gözelligini görmegi aňladýar.

Goý, kalp gözelligi bilen ömürleriňiz gözel bolsun! Bagtly ömür sürüň!

Içki gözelliginiň manysy

«Adamyň hemme zady gözeldir» diýlende, onuň içki dünýäsi hem göz öňünde tutulýar. Bu köňül gözi bilen seredeniňde gözellik bilen gözüň dokunýandygynyň aňladylmasydyr. Milliligimiziň esasyny düzýän ahlak gymmatlyklarymyz ahlak edebiniň esasyny düzýär. Ahlaklylyk ahlak terbiýesiniň netijesidir. Ahlakly adamy ahlakly jemgyýet terbiýeläp ýetişdirýär. Ahlak düşünjesi adamkärçilik bilen umumy bir kökden gaýdýar. Adamkärçilik kadalaryndan ahlagyň binýady düzülýär. Ahlak köptaraplaýyn garaýyş bolup, ol adamyň içki gözelligidir, kalbynyň owadanlygydyr. Gözelligiň içki manysy ahlaklylykda, ynsaplylykda, sypaýylykda jemlenýär. Gözelligiň şu nukdaýnazardan anyk hem-de gutarnykly kesgitlemesi haýyr etmekde ýüze çykýar. Il-halkymyzda ahlak garaýyşlarynyň gözbaşy Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň esasynda düzülýär. Çünki şahyryň setirleri özünden soňky nesilleriň ahlak garaýyşlary babatdaky jebisligini

kemala getirdi. Magtymguly Pyragy özünden öňki türkmen durmuşy, ykdysady we syýasy garaýyşlar babatdaky ähli bilimleri eserlerinde beýan etdi.

Görnükli syýahatçy Arminiý Wamberiniň «Orta Aziýa syýahat» atly ýazgylarynda: «Türkmen halky üçin baryp ýatan lezzet bagşynyň gelmegidir we onuň tamdyra çalyp, Göroglynyň ýa elýetmez şaha hasaplanýan Magtymgulynyň aýdymyny aýtmagydyr. Magtymgula öwlüýä ýaly garaýarlar. Magtymgulynyň aýdymlaryny eşiden çaglarymdaky geçen minutlar mende iň ýokary derejede gyzykly hem hiç unudylmajak täsir galdyrdy» diýen setirler bar.

Ylmyň, sungatyň gazananlarynyň ähli adamlara degişli bolşy ýaly tutuş Gündogaryň şygyr älemininiň ýyldyzy Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryndaky «adam» hem-de «adamzat» hakyndaky pikirler adamyň mertebesini aňladýan adamkärçiligiň, ahlak päkliginiň umumylygyndan gelip çykýar. Gözelligiň içki mazmuny barasyndaky garaýyşlar hem, umumy manyda alnanda, adamkärçiligiň jemidir.

Şu ýerde ýaşululardan eşiden gürrüňlerimiň birine salgylanmakçy bolýaryn. XIX asyrda Hankäriz («Hanyň gurduran kärizi, hanyň gurduran käriziniň sakasynda ýurt tutunan oba» diýen manylary berýär) obasyna ýanaşyk oturan Döwgala

obasynda Erleň tebip atly tebipçilik, awçylyk bilen meşgullanýan adam ýaşapdyr. Daga, guma gidip ýygnan dürli otlaryny, melhemlik serişdelerini il-günüň haýryna bagyş edipdir. Awçylykda dertlä emlik üçin zerurlygy çykan halatynda-da awyň kadasyny bozmandyr. Awdan öýüne gaýdyp gelýärkä, ýolboýy öňünden çykan oglan-uşaga çenli «paýyny» berip, öýüne geleninden soň, torbasynyň düýbünde galanjasyny maşgalasyna beripdir. Olara: «Bu hem siziň paýyňyz» diýipdir. Düýrmegi bilen il-güne ýagşylyk etmäge berlen adamlaryň rysgalynyň köp bolýandygyny ata-babalarymyz nygtap belleýärler. XIX asyrda ýaşan Garataý aga diýilýän ilhalar ynsanlaryň biri hakynda hem häli-şindi ýatlanylýar. Ol hem Kesearkajyň obalarynda ýaşap geçen adam. Garataý aga eline käsäni alyp, ony adamlara görkezermiş. Soňundanam: «Ynha, şu dolýar, oňa artykmaç bir zat guýarsyň welin, daşyna dökülýär. Siziňem rysgalyňyzyň şol daşyna dökülýäni haýyr-sahawatyňyzdyr. Siz onuň belli bir bölegini il-ulsa sahawatlylyk bilen eçilersiňiz welin, ol ýene dolar durar» diýýän ekeni.

Görnüşi ýaly, hakydamyzdaky durmuşyň her bir pursady hem ýagşy işlere gönükdirilendir, duýgudaşlyga we arzuwyňy mälim etmäge



mümkinçilikdir. Türkmençilikde: «Her bir işde haýyr bar» diýilýär. Diňe ýagşylygyň däl, eýsem, aladanyň hem soňunyň haýyrlydygyna bolan ynam bar.

«Görünmeýän zady görmek üçin onuň tebigatyna düşünmek gerek» diýen pähimli sözlerde uly many bar. Adamkärçiligiň düýp manysy hem birek-birege düşünmekde, her bir adamyň göwnünde beslän ýagşylygyny we haýyrly işlerini amal edip bilmeginde jemlenýär. Näçe wagt geçse-de, haýra we ýagşylyga niýetlenip edilen işler unudylmaýar. Şol işleriň ruhy-döredijilik güýji durmuşy gözelleşdirmäge itergi berýär. «Eger-de adamlar birek-birege

rehimdarlyk etmegi bes etseler, Ýer ýüzünde adam kowmy hem ýaşaýşyny bes eder» diýip, gadymy kitaplarda has çuň manyda beýan edilipdir. Ruhy hem-de maddy gözellik utgaşykly manyda bolanda, hakyky gözellik döreýär.

Durmuşda «içki gözellik» diýen düşünjäniň ulanylýan halatyna köp duş gelýäris. Elbetde, gözellige garaýyş babatda hem her bir adamyň öz garaýşy bar. Kim gözelligi tebigaty synlanynda, kim adamlar bilen ýygy-ýygydan didarlaşanda, kim bolsa, töweregindäki owadan görnüşlerden duýýar.

Il-halkymyzda «ynsap gözi», «nebsiň gözi», «kalp gözi» ýaly düşünjeleriň hem öz many aňladyşy bar. «Köňül aýdar» diýip, Magtymguly Pyragy köňül bilen söhbet edýär. «Köňül gözi» – ýüregiň duýýany. Ýüregiň duýýany bir bolanda, maksat hem aýdyň bolýar. Käte ýüregiň duýýanyny hemme adamlara düşündirmek aňsat düşmeýär. Ynsan tebigatynyň çylşyrymlylygy hem şondadyr. Şunuň bilen baglanyşykly tymsal bar. Ir wagtlarda bir molla şeýle bir üşükli, diýenine ýarym sözde düşünip bilýän şägirt hakda arzuw edipdir. Şägirtleri näçe dykgat etseler-de, birisinden özgesi mollasynyň näme aýtjagyna düşünmeýän ekeni. Diňe bir şägirdi welin, onuň gowün diýenini tiz aňypdyr.

Şonda ol: «Köňül gözi bilen sözleşip, biziň maksatlarymyz birleşýär» diýip, ilki bilen şol şägirdine ak pata beripdir. Başga bir adamyň başlan hereketini dogry maksada tarap gönükdirmäge itergi berip bilýän adam az ýalňyşýar.

Ilhalar ogul-gyzlar öz ene-atasynyň başyny başlan işiniň özgerip, has beýik maksatlar ugrunda amala aşyrylmagyna ýardam edýärler. Şonda esasy many içki gözelligiň özara duýgudaşlygynda, sazlaşygynda görünýär.

Köňül gözi bilen dünýäni «synlap» bilýän adama kämil adam diýilýär. Bu tebigy özboluşlylyga, duýguçyllyk, tangyrlyk, düşbülik, ýiti üşüklilik ýaly häsiýetlere eýe bolan, şonuň bilen birlikde hem ruhy baý, medeniýetli şahsyýetiň keşbini aňladýar. Ol ynsanda ahlak edebiniň kemala gelendiginiň netijesi bolup durýar. Ahlaklylyk diňe bir gözüň görýänini däl-de, kalbyň duýýanyny hem aňşyrmak ukybydyr. Medeniýetleriň inçeligine, adam tebigatynyň dürli-dürlüdigine düşünmezden, sözüň doly manysynda adamkärçilik sypatlaryna eýermek kyndyr.

Bagtyňyz açyk bolsun!

Maşgalaňyzyň agzybirliginde, jan saglygynda il-günüň toýly günlerine guwanmak nesip etsin!

Gözelligiň manysy

Ertekilerde, dessanlarda gahrymanlar uzak ýoluň synaglaryna döz gelip, dünýädäki iň owadan maşgalanyň gözlegine gidýärler. Ol ýol näçe ýowuz hem-de kynçylyklardan doly hem bolsa, maksatdan el üzmeýärler. Şonuň özi hem ata-babalarymyzyň hemişe akylyňy haýran galdyrýan, adaty däl gözellikleriň gözleginde bolandygyny aňladýar diýip pikir edýärin. Akylyňy haýran galdyrýan gözellik bolsa, bir ýerlerde bar. Ýöne ony görmek kyn, oňa eýe bolmak ondan hem kyn. Olar hyýallaryndaky gözelligiň şekilini bir keşpde janlandyrypdyrlar. Adaty däl owadanlyk şekillendirilen keşpler – owadanlygy aňladýan ähli alamatlary özünde jemleýär diýlip hasap edilýär. Şuňa many taýdan gapma-garşylyk halkymyzyň: «Bir kemsiz gözel bolmaz» diýen pähiminde teswirlenilýär. Dessanlarda, hekaýatlarda, köplenç, adaty däl üýtgeşik diýilýän gözellik peri

asylly ýa-da hyýaly keşplerde bolýar. Hakyky durmuş welin başgaçarak, edil gülleriň tikenineň bolşy ýaly. Ajysy-da bar, süýjüsi-de. Edil altyny hem sap altyn görnüşinde ulanyp bolmaýşy ýaly. «Görogly» şadessanynda Agaýunus, «Kitaby dädem Gorkutda» Näzli Çeçek, Burla hatyn we beýleki zenan keşpleri häsiýetiň hem beýik derejesinde beýan edilip, ahlaklylygyň görk-görkmeklilik bilen utgaşykly gözellik derejesinde açylyp görkezilýär.

Gözellik – daş-töwerekdäki ähli görnüşlere gatnaşygyň esasynda kemala gelýär. Adamyň gözellige gatnaşygy, ilkinji nobatda, mähriban ejesine bolan gatnaşygydyr. Ýaňy gözi gara düşen çagalardan başlap, uly adamlara çenli, adamlar gözelligi sözüň doly manysynda eneleriň keşbinde görýändirler.

Syn edip görüň, Gün, Aý, ýyldyzlar, suw, arassa asman – bular gözelligiň alamatlary. Gözüň görýän gözelligini hemişe kalbyň bilen kabul edip bolmaýar. Gözüň gören gözelligini «köňül gözi» hemişe gözellik diýip kabul etmeýär. Käteler «köňül gözüniň» iň aňrybaşy gözellik diýip «saýlany» wagtyň geçdigiçe, görer gözüňe hem owadanlyk bolup galýar. Ynsanyň görki barada: «Owadanlyk ýüz gapynyň togsan dokuzysyny

açarmyş» diýip, halk içinde ýöne ýerden aýdylmaýar. Pähim-paýhasly adamlar, köplenç, «ýüregi owadan» adamlar bilen dostlaşmagy gowy görýärler.

Tebigy gözelligiň hakyky manysy halkymyzyň lybas medeniýetinde şöhlelendirilýär. Gözelligiň ilki başky alamaty syna ýaraşýan owadan lybaslarda ýüze çykýar. Şunuň özi lybaslaryň reňk, nagyş, gurluş aýratynlyklary boýunça wezipeli, sylag-hormatly, ýaşuly, ýaşkiçi, orta ýaşly, has kiçi ýaşly adamlara laýyk edilip saýlanylyp alynmagyna bagly. Häzirki zaman dünýäsinde öz milli lybasynyň asylky bolşuny saklap galan halklar sanaýmalydyr. Şolaryň içinde türkmen halkynyň bardygyna örän guwanýaryn.

Halkymyzyň lybas medeniýeti edil tebigatdan nusga alyp döredilen ajaýyp halylarymyz, täsin nagyşlarymyz ýaly, tebigy owadanlygy janlandyrýar. Mele çäkmenli ýaşulularyň lybasyna syn edip görüň, olar edil Garagumuň zer çägesinden dokalan ýalydyr. Düýe ýüňünden dokalan şol çäkmenlere agar çäkmen diýilýär. Ol, esasan, sowuk günlerde, ýola çykylanda gerek bolupdyr. Çäkmeniň gyralary bolsa gyzyl reňkde jäheklenip, ol çölde käteler gözüňi gamaşdyrýan gülleriň reňkidir. Agar çäkmen

hyýalylygyň aňladylmasydyr. Sebäbi ol «perişde ýaly» diýilýän, ilhalar, ýaşuly adamlara laýyk lybasdyr. Toý gününde il içinde aýratyn hormaty bolan ýaşuly adamlaryň agar çäkmenli, ak telpekli toýa beýemçilik edip ýören pursady gözüňde hemişelik galýar. Sebäbi şol pursat gözelligiň bitewi sazlaşygyndan dörändir.

Milli lybas medeniýetimizde ulanylýan döredijilikli çemeleşmeler arkaly esasy maksat esere siňdirilýär. Meselem, donlaryň gyrasyndaky jäheklik, aldymgaç ýa-da alaja ebediligiň aňladylmasydyr. Milli köýnekleriň ýakasynyň dik açylyşy, başlangyjyň beýan edilmesidir. Şeýle işleriň ilkinji taslamasyny döreden ussat dizaýnerler, tikinçiler halkyň içinde kemala gelipdir.

Gülälekli meýdanyň reňkindäki gyrmyzy don türkmen medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup, bu ýaşaýşyň, juwanlygyň alamatydyr. Ýaş ýigitleri buýralanyp duran silkme telpek, ak köýnek, gyrmyzy don, birinjiden, salyhatly görkezýär, şeýle-de onuň jana rahatlygy hem aýratyndyr.

Häzirki zaman dünýäsinde adamlaryň sanly tehnologiýalar bilen ýakyn galtaşykdaky durmuşy olaryň asyrlaryň dowamynda ýürek we aň, paýhas we

zehin bilen kämilleşdirip gelen sungatynyň, senediniň, dil medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň kuwwatyny utgaşyklylykda özleşdirip, täze bir dünýäni açýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň dünýäni haýrana galdyrýan ösüşleriniň esasy mazmuny hem şol güýje we kuwwata daýanýar diýip hasap edýärin.

Dünýäde seljeriji hünärmenler nysaklary (moda) öwrenmegiň we ösdürmegiň ähmiýetine medeniýetiň gymmatly düzüm bölegi, şahsyýetiň öz-özüni kämilleşdirmegine we onuň durmuşda ornuny tapmagyna täsir ediji hökmünde baha berýärler. Munuň özi ýöne ýerden däldir. Dünýä belli nysak öwreniji, meşhur Janni Wersaçe: «Nysaga özüňizi aldyrmaň, geýim-gejimiňiz we durmuşdaky keşbiňiz bilen nämäni aňlatmakçy bolýandygyňyzy özüňiz kesgitläň!» diýýän bolsa, Ýewropada nysak hökmürowanlygyny döreden Zara: «Sen owadanlygy gowy görmeli, şol hem durmuşdaky esasy zatlaryň biridir; şonuň bilen birlikde, ýene bir etmeli zadyň işlemelidir, işläniňde-de ýürek bilen, höweslenip işlemelidir» diýýär.

Türkmen toýlarynda täze, döwrebap nusgalarda taýýarlanylan lybaslary geýnen mähelle göz öňüňe

geleninde, olaryň her biriniň özbaşyna nysak döredijidigini ykrar edýärsiň. «Nysak, adatça, bilimlerdäki meňzeşlik we tapawutlar ulgamynda işleýär» diýip, angliýaly seljeriji D. Miller 1988-nji ýylda belläp geçipdir.

Halkymyzyň lybas medeniýetinde köpdürlülik, şonuň bilen birlikde, ýerine ýetiriliş usulyndaky umumylyk durmuş bilimlerini bir ýere jemleýär diýip pikir edýärin. Il arasynda: «Iý, donum, iý, hemmesi seniň üçin» diýen aýtgy lybas bilen baglylykda döredilipdir. Gündelik geýýän eginbaşy bilen toýa baran adama hiç kim üns bermändir. Ol adam täze lybaslary geýnip, ýaňadan ýene toýa barypdyr welin, töre geçiripdirler.

Ýakymly görnüşleriň birbada ýadyňda galýandygy hakykat. Ir döwürlerde lybasyň adama edýän täsiri barada eşiden hekaýatym ýadyma düşýär. Togdary atly garyp adam ýaşapdyr. Ol şeýle bir garyp bolupdyr, zordan gününi aýlapdyr. Üstesine-de daş obalaryň birinde ýaşaýan tanşyndan pylan wagt bermegi şertleşip, az-owlak karz hem alan ekeni. Tanşynyň öňünde dili gysga boljakdygy göz öňüne geleninde näme etjegini bilmändir. «Beren sözüňde tapylmazlyk ýaly erbet zat ýok. Men her näme-de bolsa, tanşymy



razy etmeli» diýip, içini hümledip oturypdyr. Goňşusyna baryp ýagdaýyny aýdypdyr welin, ol:

– Eliňe nagt tutduryp, pul bererin diýsem-ä, men ony başarmaryn. Sebäbi sen maňa ony haçan gaýtaryp berjek, belli däl. Men bolsa ähli pulumy jemläp, täjirlere haryt getirmekçi. Ýöne, ynha, saňa täze alan mülk ýerimi bereýin. Sen ol ýere entäk az-owlak ideg etmeli. Soň hem içinde miweli bag ekersiň. Wagty gelende, miwesinden alan girdejiňden hem ýarysyny berersiň. Oglum kemala gelýänçä idediber. Soň men ony oglumy öýlendirip, şoňa bermekçi – diýen. Togdary begenipdir, ýöne girdeji birnäçe ýyldan soň geljek, dostuna puluny bermeli güni bolsa geldi ahyry. Näme etjegini bilmän, köp pikirlenipdir. Birdenem, ýene-de ýaňky baý goňşusynyň ýanyna barypdyr-da ondan täze, iňňeden çykma lybas we başga-da göze görner ýaly geýim-gejim, senet sorapdyr. Goňşusy geňirgenipdir. Onuň halal we arassa kalply adamdygyna göwni ýeteni üçin, näme diýse-de razylaşypdyr. Aýalyna:

– Togdara isläp lybasyny ber, tirme guşak diýse-de, don diýse-de, halanyny alyp, kemsiz şaýlansyn – diýipdir. Togdary täze ezýaka köýnek geýipdir, gyrmyzy donuň daşyndan nagyşlanan guşak

guşanypdyr. Eline-de täzeje bir gamçy alypdyr-da, ýorga alaşa atlanypdyr. Az ýöräp, köp ýöräp ýaňky bergidarynyň gapysyna gelipdir. Onuň ogullary: «Bezemen bir-ä gelýär» diýşip, onuň atyny tutupdyrlar.

– Togdary daýy, bu senmidiň?! – diýşip, ony sylaglap-sarpalap, öýüň törüne geçiripdirler.

– Hawa-la, bu men welin, ýöne kän bir gelmäge-de elim degenok. Baý aga maňa ýerini berdi, ownuk-uşak ýumuşlaryny hem bitirmeli bolýar. Size-de bir aýlanmalydym welin, hökman gelerin – diýip, özüniň bergisini tanşyna ýatladypdyr. Öň yzyndan birnäçe gezek: «Bergisini diýen wagtynda üzewersin» diýip, sargyt iberen tanşy asyl Togdarynyň puluna-da garaşmaýan ýaly bolup otyrmyşyn. Togdara:

– Gardaş, senden geljek ol az-owlak pula günümiz galyp duranok. Hudaýa şükür, bolçulyk. Sende zadymyň köýmejegini bilýärin. Geldiň, işiň köpdügini aýtdyň. Bolar, sen alada edip oturma. Bergi diýip üýtgeşik bergi hem ýokdur-la. Ýagdaýyň bolan wagty gel-de, hasaplaşyp gidäý – diýipdir.

Togdary hem özüniň agyr gününi unudypdyr, diňe mülk ýeri, ondan öndürjek miweleri barada gürrüň beripdir. Soň ol öýüne arkaýyn dolanypdyr. Ähli alan zatlaryny baý goňşusyna gaýtaryp beripdir. Ýeserlik

edip, bir aladadan dynandygyna örän begenipdir. Ýerinden gowy hasyl alyp, ilki bilen bergisini beripdir, soň has-da yhlasly işläp, Togdary özüni tutupdyr.

Ir wagtlar türkmen toýlarynda talaň saçak däbiniň hem bolandygy taryhy çeşmelerde beýan edilýär. Parsça şygryýet we kyssa eserlerinde duş gelýän «Han-i ýagma» (talaň suprasy) aňlatmasy hem bu talaňly toýdan gelip çykandyr. Şeýle toýlarda hanlar öýüni galdyrypdyr, baýlygyny orta goýupdyr. Ondan islendik adamyň almaga we peýdalanmaga haky bar ekeni. Owadan parçalary, zerli lybaslary myhmanlara sowgat edipdirler.

Häzirki döwürde dünýäniň nysak dörediji ussatlary gündelik eginbaşlar, toý eginbaşlary, işe geýmek üçin we beýleki durmuş maksatlaryna laýyk gelýän eginbaşlaryň nusgalaryny oýlap tapýarlar. Biziň halkymyzda şeýle nusgalar asylky milli eşikleriň esasynda ýerine ýetirilýär. «Her bir türkmen zenany nysak oýlap tapmagyň ussadydyr» diýip, juda jaýdar aýdýarlar. Hususan-da, toý pursatlarynda nusgalaryň köp sanlysyny synlamak mümkin. Türkmen toý lybaslarynda göräýmäge, milli nusgalara kybap bolan ýörelgeler saklansa-da, olaryň her biri täze esere meňzeýär.



Häzirki zaman lybaslar dünýäniň lybas medeniýetiniň gazananlaryny özünde şöhlelendirýärler. Etnografiýanyň seljermelerinde bolsa, nysaklara güýçli eýermäge ymtylyşyň asyl nusgalara ýetirýän täsiri yzygiderli öwrenilýär. Ünsli synlasaň, türkmen halysyna, keşdesine, basmasyna, pugtamasyna we sungatyň we senediň beýleki görnüşlerine mahsus bolan nagyşlaryň, olaryň ýerine ýetirilişiniň berk kadalary bar. Döredijilikli işleýän ussatlar her bir nagşa, nusga laýyk mazmun berýärler. Nusganyň işiň beýleki görnüşine geçirilip, başga bir senet arkaly nusgalanmagy bilen, olaryň mazmunynyň özgermegi

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY



mümkin. Bir nagşyň öň mahsus bolmadyk başga bir senetde ýerine ýetirilmeginiň onuň görnüşine täsir etjekdigi mälim zat. Esasan-da, ýaşlaryň lybaslara höwesli çemeleşmesi bilen haly gölleri, palas nagyşlary salnan ýakalaryň ulanylmagy hem täzelik hökmünde kabul edilýär. Bu, bir tarapdan, oňlanylmaly ýagdaý ýaly görünse-de, beýleki bir tarapdan, halkyň döreden sungatynyň ýoýulmagyny aňladýar. Oňa ýol bermäge bolsa biziň hiç birimiziň hakymyz ýokdur.

Türkmen zenanlarynyň lybaslaryndaky esasy aýratynlyk olaryň irginsizlik we çeperlik arkaly döredilýänliginde. Onuň üstesine-de her işde ussat öz äheňini möhürläp goýýar. Bu senetleriň ählisine-de mahsusdyr. Zenanlaryň diňe bir baýramçylykda geýýän lybaslary däl-de, eýsem, gündelik lybaslary-da çeperlik hem-de azap bilen döredilendir. Şonuň üçinem oňa adamyň arzuwlary, kalbynyň mähri siňýär. Onuň üýtgeşikligi-de şondandyr. Halynyň gyrasyny ýa-da beýleki bir ýerlerini gözden geçirip, özüniň «tagmasyny» görkezýän zenanlaryň bardygyny bilýärin. Olar haly dokap otyrkalar, onuň bir ýerinde özleriniň

çeperligi we pähimi bilen aýtmakçy bolýan pikirini bellik edip goýberýär. Bu keşdeçilik we beýleki el işleri ýerine ýetirilende hem zenanlaryň ussatlygyndan alamat bolup galýar. Lybaslaryň gözüňe yssy görünýändiginiň esasy sebäbi hem şonuň üçindir. Lybaslaryň bezegi hem olara özüniň pikirdeşlerini tapmaga mümkinçilik berýär. Her kim gönünе ýaran nusganyň eýesi bilen pikir babatda umumylyklarynyň bardygyny duýýar.

Ylmy seljermelerde türkmen lybaslary doýgun reňkli, hümmetli zat, milli gymmatlyk hökmünde häsiýetlendirilýär. Lybaslaryň görnüşleri däp-dessurlarymyz, milli dünýägaraýyş bilen baglanyşyklylykda sansyz köp öwüşginlilige we örän çuň mazmunlylyga eýe bolýar. Reňkleriň täsin sazlaşygynda tebigata meňzeşlik duýulýar. Halkymyzyň tebigat bilen sazlaşykdaky ýaşaýşynyň esasynda kemala gelen seýisçilik, halyçylyk, zergärçilik ýaly dünýäde deňi-taýy bolmadyk milli sungatymyz köp öwüşginlilik, çuň mazmunlylyk netijesinde has beýgelýär. Lybaslary dogry saýlap almak we olaryň göwün bilen deň sazlaşygyny üpjün etmek bilen biz milli medeniýetimiziň

çuňluklaryna aralaşýarys. Ata-babalarymyzyň gözellik döretmek medeniýetiniň çuňňur esaslydygyna göz ýetirýäris.

Owadan lybaslara garaýyş hem barha özgerýär. Öňki owadan görnen nusgalyk lybaslar hökmünde saýlanyp alnan görnüşleri täze şekile salmaga ymtylyş hem duýulýar. Elbetde, döredijilikli işlemäge höwes oňlanylmalydyr. Ýöne nusgalyk zatlaryň bir durkunda galmagynyň ähmiýeti hem ünsden düşürilmeli däldir. Islendik zatda hem nusgalyk diýilýäniniň manysyna dogry düşünilmegi gerekdir. Eger-de, nusgalyk diýilýän dereje asyrlaryň syntgylap ösdüren, kämilleşdiren ýokary netijesiniň gymmatyna ýeterlik baha berilmese, onda ahlak gözelligi, daşky gözellik hakynda söhbet etmegiň manysy ýokdur. Biziň gözellik hakyndaky düşünjä umumy garaýyşlarymyz nusgalyk derejedäki eserlerde ýüze çykýar. Munuň özi kanunalaýyklykdyr. Öz milli sazyny, sözüni, asla halkynyň döreden ähli gymmatlyklaryny ýeterlik derejede bilmeýän adamyň dünýäniň sungatyna doly derejede düşünjekdigi ikuçly. Lybas medeniýeti – arzuwlardan doly syrlaryň ummany. Şonuň üçin onuň bilen iş salşylanda, bu medeniýetiň nepis

arzuwlara täsir edýändigini hem nazara almak gerek. Arzuwlar bolsa ýeriň sedasyndan, tebigatyň janly halyndan, asmandaky sansyz köp ýyldyzlardan joşgun alyp, ýürekden aýdylýar.

Milli lybas hakynda gürrüň açanyma görä, bu hakda eşitmek miýesser eden käbir maglumatlarymy paýlaşaýyn. Bir gezek paýtagtymyzda geçirilýän halkara maslahata gatnaşmak üçin daşary ýurtdan gelen alymlaryň birnäçesi bilen duşuşmak miýesser etdi. Şonda olar menden türkmen gelin-gyzlarynyň geýnüwliligini görkezip: «Bu türkmen gelin-gyzlarynyň milli lybasymy? Olar hemişe şu biçüwde geýinýärmi ýa bular diňe toý lybaslarymy?» diýip soradylar. Men olara: «Hawa, bu biziň milli lybaslarymyz. Türkmen gelin-gyzlary hemişe-de şeýle geýinýär, emma toý-baýram günlerinde, elbetde, has bezemen geýinýärler» diýip jogap berdim. Şonda daşary ýurtdan gelen alymlaryň biri: «Has irki döwürlerde türkmenler hakda aýdylan söz juda dogry ekeni. Türkmen gelin-gyzlarynyň lybaslary dünýäde geýinmek medeniýetiniň iň kämil nusgasydyr. Geýinmek babatda şundan ýokarda başga bir kämillik ýokdur, çünki gelin-gyzlar şeýle

biçüwde geýnende hem owadan, gelşikli bolýar, hem şeýle lybas bedeniň sagdynlygyny üpjün edýär. Sagdynlyk bilen syrdamlylygy, gelşikliligi üpjün edýän zat iň gözel, iň peýdaly zatdyr. Bu agynjak bir kämil sungat» diýipdi. Taryhy eserleri okamagy halamsoň, ol ýerde-de kän täsin maglumatlar bar. Ýetmiş iki dilde gürläp bilendigi arkaly meşhur bolan, dünýä ylmynda «Ikinji mugallym» ady bilen tanalýan, köpugurly kämil alym Abu Nasr Al-Faraby hakda: «Ol türkmen adamsydyr. Türkmen illerinde doguldy, şol ýerde önüp-ösdi. Soňra ylym gözläp, dürli ýerlerde boldy. Ol hemişe öz halkynyň milli lybasynda gezerdi» diýen maglumat bar. Abu Nasr Al-Faraby köp saz gurallaryny (kanon, sanaç, rubab we ş.m.) oýlap tapan, sazyň üsti bilen sagdynlygy üpjün edip, birnäçe keselleri bejerip bolýandygyny, sazyň sungatdygyny subut eden ilkinji ussat alym. Saglyk hakda birnäçe ylmy eserleriň awtory. Saglyk, sagdynlyk hakda dogry, dürs, sagdyn düşünjesi bolan alymyň hemişe öz milli lybaslarynda gezmegi oýlanmaga mejbur edýär we buýsanmaga esas döredýär. Diýmek, halkymyzyň milli lybaslary diňe owadanlygy, gözelligi babatda däl, eýsem, jana ýakymlylygy, saglyga ähmiýetlidigi babatda hem

kämil nusgadyr. Türkmen milli lybaslary geýinmek medeniýetiniň çürbaşydyr.

Täze bir lybas ýa-da köwüş satyn alynsa, «Toýda tozsun!», maşgalada goşmaça girdeji çeşmesi dörese, «Toýa sowmak nesip etsin!», «Toýa ýarasyn!» diýilýär. Toý-baýramçylyklarda gözellik döretmegiň aýratyn nusgasy toý-baýramçylyk geçirilýän ýerleriň, ulanylýan enjamlaryň bezeginden hem görünýär.

Güller – häzirki zaman toýlarynyň bezegi. Güller – durmuşyň bezegi. Biziň halkymyzda gowy durmuş beýan edilende hem «gül ýaly» diýilýär. Bu meňzetme belli bir ýagdaý, saglyk, durmuş, ösüş, owadanlyk barasynda alnanda hem dogrudyr. Çünki güle meňzedilmegi diňe bir görnüş babatdaky artykmaçlygy aňlatmak däl-de, eýsem, ruhy-ahlak mazmunda alnanda hem netijäni aýan edýär.

Goý, durmuşymyz gül ýaly owadan bolsun!

Wagtyň manysy

Wagt geçýär.

Wagt – bu özgeriş.

Wagt dogrusynda aýdylan pähimli pikirlerde iňňän çuňňur many beýan edilýär. Şolaryň arasynda wagty peýdaly geçirmek barada aýdylan manyly pikirler hem örän köpdür. Şol pikirleriň nygtalmagy bilen ynsan üçin wagtyň has peýdaly bolmagyna itergi berýän endikler we durmuş ýörelgeleri kemala gelýär. Şeýlelikde, tejribe adama wagtyň diňe özgerişdigi, yzyna dolap bolmaýan özgerişdigi barasyndaky hakykaty düşündirýär. Wagtyň manysy özleşdirilen durmuş tejribesinden kemala gelýär. Ylym, bilim hem-de ýeterlik derejede kämillige göterilen ukypdyr başarnyklar, zehindir aň-üşük – bular hem durmuşyň tejribesidir. Ynsana bagyşlanan ähli mümkinçilikleriň asly hem wagtyň özgerişdiginiň netijesidir. Wagtyň

manysyny seljermek we ony duýmak hem ýene tebigy mümkinçiliklerden döredijilikli we ýerlikli peýdalanmagy aňladýar.

Men mähriban Watanymyň tutuş taryhynyň dowamynda wagtyň özgeriş manysyndaky mazmunyny görýärin. Beýik Ýüpek ýoly, bu taryhyň özgerişli pursatlarynyň açylýan gymmatly kitabydyr. Çünki bu dünýäniň taryhy we geljegi kitaplara ýazylandyr. Men kitap diýenimde şertli manyda aýdýaryn. Kitap – bu aňa ýazylan, ynsan ruhuna ornan hakykatlar, ine, şu manyda düşünmeli. Sebäbi olary okap, olardan many alynýar. Belli bolşy ýaly, adamyň maglumatlary nesillere geçirmek islegi ýazuwyň, şonuň bilenem kitaplaryň peýda bolmagyna getirdi. Ýöne adam has irki döwürlerde hem maglumatlaryň geljekki nesillere tejribe üçin gerekli boljakdygyny unutmady. Şeýdip döwür aýlandy, özgerişli aýlandy. Men bu özgerişde özleşdirilen tejribeleri ebedi daragt hökmünde suratlandyrdym. Taryhyň dowamynda kim şol ebedi daragty saýalamagy başaran bolsa, şol hem dogry hereket etmegi, öňe gitmegi, oýlanyşykly ýaşamagy dowam etdirdi.

Adam asmanda ganat ýaýýar. Adam beýik dagyň garly depelerinde yşk baradaky sowallarynyň jogabynyň bardygyna ynanýar. Käteler onuň ýüregi ýalňyzlygy küýseýär. Ýalňyzlykda pikir we many ýaşyrynlygy bägül ýaly açylar. Ýalňyzlyk pikirlenmek, öz döredijilik güýçleriňi we syzgyrlygyňy, üşügiňi janlandyrmak üçin iňňän uly giňişlikdir.

Jemgyýet, bu seniň görünýän we bilinýän ukyplaryňy, başarnyklaryňy, zehiniňi we akyl-paýhasyňy taplaýar. Ýalňyzlyk bolsa, tebigatda bir özüň galmakdyr. Adam aýagy sekmeýän düňle çöl ýa-da janly-jandaryň pena edinen gür jeňňeli, bürgütleriň ýaşaýan kert gaýalary öz-özüň bolup galmaga mekandyr.

Köpçülikde bir özüň däl, özgeler barada, olaryň garaýyşlarynyň we pikirleriniň, durmuşa, özüňe bolan gatnaşygynyň pikirini edersiň. Öz-özüň bolup galanyňda syrlylyklar nikabyny serper.

Men ir säher bilen sergin howada gezelenç etmegi gowy görýärin. Şeýle pursatlarda iň gowy syrdaşyň bedew atlardyr. Olarda hem eýesine duýgudaşlyk etmek ukyby örän güýçli. Şonuň üçinem olar näme isleýäniňi

ýürekden syzýarlar. Bedew aty bilen hatarly ýollara çykanda hem merdana gerçekler ýoluň kynçylygy barada pikir etmeýärler. Çünki olar şonda öz-özleri bolup galyp bilýärler. Özleriniň taýsyz uly, düşündirip bolmaýan güýçlerini, mümkinçiliklerini duýup bilýärler.

Bu ýerde üýtgeşik bir filosofiýa ýok: Görogly Gyratyna münende Görogludyr. Göroglynyň Görogly bolmagynda ähli zatdan ileri durýan onuň Gyratydyr. Bu bedew münmegiň ynsanda ruhy sazlaşygy döretmegiň täsirleýjisi bolandygy üçindir. Öz-özüň bolmak özüňi doly açmakdyr, özüňe düşünmekdir. Özüne düşünen adam özgelere hem düşünýär. Özüňe düşünmek, bu şertli kesgitlemedir. Çünki özüňe düşünmegiň çuňdugyna düşüneniňde bu şeýledir. Şular hakyndakylara birbada aň etmegiňem kyndygy bellidir, ýöne bu gerekdir.

Durmuşda daş-töweregiňize ser salyp görüň! Töweregiňize garap, özüňiziň nähili bolmalydygyňyza aň ýetirersiňiz. Durmuş we tejribe durky bilen sintezdir. Ol ownuk gözli elek alyp, juda sünnälik bilen eläniňde galýan akyl we zehin däneleri mysalydyr. Ol wagty – özgerişi döreden dänelerdir. Men hut şonuň üçinem wagta özgeriş diýýärin. Özgeriş ýok

ýerinde wagt düşünjesi, ol baradaky ýatlamalar ýitip gider. Ýöne bu mümkin däldir. Çünki islendik akymdan hem sapak alyp bolýar. Gyşyň aňzagy ýylylygyň gamyny iýmäge, tomus salkynlykda ýaşamagyň aladasyny etmäge sapak berýär. Gyş we tomus, bular bahardan üýtgeşikdir. Onda ýazdaky ýaly örläp hem-de ýaýlalara baglanmak kyn bolýar. Ýöne munuň öz sapagy bardyr. Tebigat adama wagtyň özgerişdigi hakyndaky tymsaly döredip beripdir. Şol özgerişe laýyk ýaşaýşy guramak, ony öz tebigy meýilleriňe laýyk özgertmek üçin adamyň aň-paýhasy we ylym-bilimi herekete giryär.

«Wagt – ötegçi» diýilýäni hak. Bir geçen zady yzyna dolap alyp bolmaýar. Her bir zadyň öz wagty bar. Ýöne wagta boýun egmeýän gymmatlyk, bu paýhaslylaryň we alymlaryň galdyran gymmatlygy bolup, olaryň söhbedi milli terbiýäniň gözbaşynda durýar. Ägirtler, danalar barada söhbet bilen nesilleri terbiýelemek halkymyzyň asylky ýörelgesidir. Öňki nesilleriň söhbedini geljege ýetirmek adamkärçilik düşünjesiniň gymmatyny has artdyrýar. Ýagşydan nusga almagyň dowamatyna öwrülýär.

Öwrenmegiň manysy

Rowaýatlaryň birinde şeýle diýilýär: Gadymy döwürde Baýly atly bir adamyň ýeke ogly bar eken. Ol ogluny ýelden-günden gorap saklapdyr. Oňa öz wagtynda ylym-bilim hem öwredipdir. Ýöne ol nämedir bir zat ýetmeýän ýaly, hiç ynjalmaýarmyşyn. Onsoň oňa uzak ýollary, täsin ýerleri gören adamlar: «Uzak ülkeleriň birinde örän güýçli ylymdar kişi ýaşaýar. Sen ogluňy şonuň ýanyna alyp git. Nähili adam bolmalydygyny, tälim almagyň syryny onuň özi öwreder» diýipdirler. Baýly olaryň maslahatyny alyp, uzak ýola rowana bolupdyr. Ýolda birden howa bulaşyp, salkyn aralaşypdyr. Şojagaz howanyň üýtgäni sebäpli, öýünden kän uzaga gidip görmedik oglanyň ýüzi solupdyr. Ahyrynda hem taby gowşap näsaglapdyr. Kerwendäkilere em edýän tebip: «Sen ogluňy bir ynamdar ýerde goýup git. Uzak ýolda onuň öňküligini hem ýitirmegi ahmal. Seniň görmekçi bolýan ylymly kişiniň bir üýtgeşik kitaby barmyşyn. Şol kitapda hemme zat ýazylypdyr. Ol şoňa seredip

gepleýärmişin. Eger şol kitabyny göçürip alyp bilseň, ogluň hem göwni hoş bolar. Ýöne akyldar kitabyny hiç adama bermeýärmişin» diýipdirler. «Oglum baranda hem şol kitapdan okap berýän bolsa, ilki özüm baraýyn-da kitaby göçürip alyp gaýdybereýin. Ony wagty gidermän göçüribersem, tiz ýazyp gutararyn. Onsoňam özüm sähel sägindigim, ony göçürmäge adam taparyn. Bolanja harydymy ýerlesem, eslije pul hem edinerin» diýip, Baýly göwün ýüwürdipdir-de, ýolugrundaky obalardan ogluny galdyrar ýaly ynamdar adam gözläpdir. Şol niýet bilen bir obanyň deňesinde düşläpdirler welin, peşeneli bir ýaşuly bularyň ýanyna gelip, myhman bolmaklaryny sorapdyr. Olar bu ýaşulynyňkyda bir gije myhman bolupdyrlar. Baýly ol obada ogluny galdyrmagy göwnüne müwessa bilmändir. Ýene-de ýöräpdirler. Indiki obada hem olary gowy garşy alypdyrlar. Gerek-ýaragy bolsa, kömek etmäge taýýardyklaryny duýdurypdyrlar, ellerinde baryny gysganmandyrlar. Ýöne Baýly ol obada hem ogluny galdyrmak islemändir.

– Sen özüň aladaňy bir ýüzli edip, yzymyzdan ýetersiň. Ýogsa-da nesibedir, bizden göwün etme! – diýip, kerwenbaşy ineriň owsaryny çekip, ýene

ýoluny dowam etdiripdir. Baýly hem ogly bilen esli ýol ýöräpdir.

– Kaka, meni alada etme, sen arkaýyn git-de şol ussatdan kitaby göçürip alyp gel! Men ýolda galmaryn, ahyry bir ynsaply bende duşar – diýip, ogly her näçe özelense-de, Baýlynyň ýüregi ynjalmaýar. Ogly bilen yzyna obasyna gideýin diýse-de, ýol uzak. Şeýdip baryşlaryna, ineriň başyny çekip gelýän orta ýaşly bir adam olaryň yzlaryndan ýetýär-de, hal-ahwal soraýar. Bada-bat hem oglanyň derdine em etmegiň alajyny gözläp başlaýar. Olar täze tanşynyň obasyna ýetýärler. Oglunyň daşynda ýolda duşan adamyň janserek bolşuny görüp, Baýly ony galdyrmaga kaýyl bolýar.

– Ýolda ençe obalaryň deňesinden geçdim. Ýöne ol obalarda oglumy galdyrmaga bognum ysmady. Onuň iýip-içjegini gysganmasalar hem, düşbülik hemmä ýetdirmeýär, olar oglumyň halyny bilmezler diýip pikir etdim. Meniň oglum öz ýagdaýyny aýdyp, zeýrenmegi bilmez. Men oňa adamlaryň gözünden, ýüzünden many okamagy öwretdim. Şonuň üçin bir ýiti üşükli, düşbi adama duşýançam, ony galdyryp gitmerin diýip gelýärdim. Indi ýüregim ynjaldy – diýip, inerli duşan ýoldaşy

bilen hoşlaşyp, bir bedewe atlanypdyr-da, hälki giden kerweniň yzyndan eňipdir. Onuň gelenine kerwenbaşy hem begenipdir. Olar az ýöräp, köp ýöräp, ahyrynda barmaly şäherlerine ýetipdirler. Baran günleri ýat ilde ýerleşmek bilen başagaý bolupdyrlar, ikinji gün bolsa her kim öz aladasy bilen şähere gidipdir.

Baýly maksat edinişi ýaly, ylymly adamy gözläp tapypdyr, onuň ýanynda dürli ýurtlardan gelen adamlar bar diýýär. Olaryň arasynda:

– Taňrynyň nazary düşen adam, biziň üçin dileg etsin diýip geldik. Bular ýaly adamyň arzuwy ýerde ýatmaz – diýip gelýänler bir aýry, ylymdyr tälim isläp gelýänler bir aýry, üýşüşip durmuşlar. Esli garaşanyndan soň, Baýlynyňam nobaty ýetýär. Ol görse, hortap, ýüzi nurana bir adam tamyň gap böwründe otyr diýýär. Öýi hem edil beýleki adamlaryň öýi ýaly, törde ýatar ýaly ýorgan-düşek eplengi dur, diwardaky tekjede gap-çanak, ýene bir tekjede hem alymyň kitaplary. Baýly oňa ogly hakynda gürrüň beripdir.

– Günümi ganymat aýlaýaryn, ýöne oglumyň diňe tagamyň iň süýjüsini iýmegini däl, lybasyň iň kaşaňyny geýmegini hem däl, diňe ylym daragtynyň

iň süýji miwelerinden datmagyny isleýärin. Bu hezzet hemme adama ýetdirmeýär. Şonuň üçin, ussat, sende bir kitap barmyşyn. Şägirt bolanlara ondaky ähli zady öwredýärmişiň. Menem gündizine öýüňizde gelen-gidene hyzmat edip, gijesine-de, ygtyýar etseňiz, şol kitaby alyp göçürerdim. Meniň-ä bar niýetim şundan ybarat – diýip, boýun sunup durupdyr. Alym kişi ony assyrynlyk bilen synlapdyr. Soňra razylaşypdyr.

– Sen ony bir günde göçürmelisiň. Eger şol şerte razy bolsaň, alaý – diýipdir. Baýly pikirlenipdir. «Be-e, bir günde men ony göçürip ýetişmejegim anyk. Nätsemkäm? Her näme-de bolsa, ýanyma hem hat-petekden oňat baş çykarýan birini alyp, çaý-suw içýän mahalym, ýöne gitmez ýaly, bir pursat sypdyrman, işe başlaýyn. Niýetime düwdüm, şonuň ýaly hem edeýin. Oglum dananyň kitabynyň biraz ýerini okasa-da, ol köp zady öwrener» diýipdir-de, işe girişipdir. Ol bir sahypany agdarypdyr. Görse, ol ýerde bir söz ýazylgy, soň ýene görse, şol söz. Baýly kitabyň beýleki gatyny hem agdarypdyr. Ýene-de öňki duşan sözi.

– Adamkärçilik – Baýly bu sözi sesli okapdyr-da, geňirgenipdir. «Ýalňyşyp başga bir kitaby aldym öýdýärin» diýip pikirlenipdir. Dana bolsa oňa

mylakatlylyk bilen öwrenmegiň ähli syrynyň adamkärçilikdedigini şeýle düşündiripdir.

– Men bu kitaby hemişe öňüme alyp oturýaryn. Şägirtlerim ýanyma gelýärler welin, men şu kitabyň ýüzüne seredýärin. Şonda men alym hökmünde olaryň öňündäki borjumy aňymda aýlaýaryn. Adamkärçilik diýilýän zat iňňän köp ýerde pikirlendirýär. Ynsanyň adamkärçilik borjy ähli borçlardan uly. Alym bolanyňdan soň, ol borç has hem uly görünýär. Sebäbi adamzadyň ylym mirasyny geljege ýetirmek borjunyň öz gerdeniňe düşýändigini duýýarsyň. Şeýdibem, men öňkimdenem has köp pikirlenýärin. Ähli okan we gören zatlarymy aňymda aýlaýaryn. Alym bolanyň bilen üýtgeşik bir zat aýtmak kyn. Ýöne adamkärçilik dowam etse, ähli zat oňuna bolar diýen ynamym bar.

Adam dogry sözlüliligini ýitirse, ol adamkärçiligini ýitirdigidir. Dogry sözlemeýän adamdan her hili ýaramaz işe garaşybermelidir. Ýalan söz hakykatyň üstüni basyrýar.

Ynsanyň bezegi – dogry sözlülik. «Özüňe howp abanýanyny bilseňem, dogry sözle!» diýip, gadymy pähimde örän jaýdar bellenilýär. Diňe mana düşmeýän çaganyň ýanynda pikiri sadalaşdyrmak, oňa düşnükli bolar ýaly edip beýan etmek maksady

bilen sözüň manysynyň öz hakyky bolşundan üýtgedilip beýan edilmegi mümkin. Ýa-da ýene bir ýagdaýda, ýagny hakykatyň juda agyrdygyna garalyp, onuň beden we ruhy zeperinden ätiýaç edilip, onuň manysy doly ýetirilmeýän halatlary bolýar. Mysal üçin, hassanyň ýanynda, hakykat eger ajy bolsa, ony aýtman saklanmak dogry bolar. Ata-babalarymyz sypaýy sözlemegiň ussady bolandyklary üçin, olar ajy habary hem başardyklaryça ýumşadyp aýtmaga çalşypdyrlar. Hal-ahwal soraşylanda, ýatan hassa hem «Janym sag däl» ýa-da «Ýaramok» diýmegiň deregine «Bir tap bar» ýa-da «Ganymat» diýip jogap berýär.

Hakykat käte adamlaryň arasyna sowuklygyň düşmegine-de sebäp bolýar. Sebäbi adama göni ýüzüne aýdylan hakykat bilen birbada ylalaşmak örän kyn düşýär. Eger-de ol dogruçyl bolsa, wagtyň geçmegi bilen ýagdaýy kemsiz seljerip, özüne hakykatyň aýdylandygyna düşünýär. Käbir adamlar göni ýüzüne aýdylanyny kem görmeýär, käbirleri bolsa, özüne düşüner ýaly mümkinçilik döredilmegine garaşýar. Özüne aýdylan islendik pikirden hem many alyp, özüniň kemçiliklerini düzetmegiň hatyrasyna ony kabul edip bilýän adam iň mert adamdyr.

Hakykaty sypaýy edip ýetirmek paýhaslylygyň alamatydyr. Hakykatyň bolşundan beter ulaldylyp ýa-da ähmiýetini peseldip aýdylýan ýagdaýlary käteler oňa nähili derejede düşünilýändigi bilen hem bagly bolup durýar. Şonuň üçin hakykata dogry düşünmek we ondan geregiçe many almak üçinem pähimlilik gerek.

«Aýdyjy akmak hem bolsa, diňleýji dana gerek» diýen aýtgyda sözden dogry many çykarmagyň möhümdigi esasy orunda goýulýar. Magtymguly Pyragy: «Sözläbilseň, ýagşy sözle; Halk ýamanyň bizarydyr» ýa-da «Az iýip, az içip, ýene az sözle; Köp söz seni il içinde har eýlär» diýýär. Az sözlemegiň ähmiýetini dogry hem-de adamlara gerekli sözleri, olaryň ýüregine ýarajak sözleri tapmagyň kyndygy bilen düşündirmek bolar. Uzakly gün hakykaty aýdýandygyna begenip, şol bir zady adamlaryň gyzyklanýandygyna ýa-da olaryň asla gyzyklanmaýandygyna seretmän aýdyp oturan adam hem hakykaty sözleýär. Ýöne ol ýerini bilmän gürläp, hakyky sözüň gadyryny gaçyrýar. Özünden habar soralmasa, geplemezlik häsiýeti adamy sypaýy görkezýär. Bu häsiýeti onuň terbiýeli ýerden çykandygynyň, edepliliginiň alamatydyr.

Ahlaklylyga mahsus ýene bir alamat rehimdarlykdyr. Ýüreginde rehimi bar bolan adam beýleki birine düşünmäge ukyplydyr. Ol adamyň pikirinden, özüni alyp barşyndan oňa nähili ýardam edip boljakdygyny, onuň durmuşyna täsir etjek nämeleriň bardygy hakynda oýlanýar we netije çykarmagy başarýar. Türkmençilikde perzent dünýä inende oňa «Ene-atasyna, iline-gününe rehimli çaga bolup ýetişsin» diýip, gutlag sözi aýdylýar. Adam näçe ylymly, düşünjeli, akylly bolsa-da ýüreginde rehim bolmasa, onuň il-güne nepi degmeýär. «Ýaradan adamlary Günüň gyzgyn şöhlesinden gorar ýaly, gökden saýawan edipdir» diýip, gadymy paýhasly kitaplarda ýazylypdyr.

Rehimdarlyk ýörelgesiniň aslynyň çuňdugyny şeýle pikirler hem aýan edýär: «Gelnim owadan bolmasa bolmasyn, ýöne ýüregi rehimli bolsun». Rehimdarlyk özgeleriň ýagdaýyna dogry düşünip bilmegi aňladýar. Ol ýiti üşükli, ýagşyny-ýamany seljerip bilýän adamlara mahsus häsiýetdir. Rehimdarlyk etmegiň ýerini dogry seljerip bilmeýän adam soň ahmyr edýär. Iň gowusy, ata-babalarymyzyň «Ýagşylyk et-de derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýen sözüne eýerilmegidir. Rehimli adam hakyky adamkärçilige

laýyk hereket edýär. Ol haýsydyr bir adamyň ejiz hala düşüp, oňa goltgy etmegiň zerurdygyny görübem, iki eliňi gowşuryp oturmagyň adamkärçilige laýyk däldigine düşünýär. Şeýleräk ahwal göz öňüňe gelýär. Beýik dagyň gerşine bir topar adam dyrmaşyp barýar. Olaryň içinde juwan ýaşlysy hem, gartaşany-da, zordan ädim ädýän dertlileri-de, has ýaşlary-da bar. Hemmesiniň bir wagtda ýokary çykmagy gerek. Şonda kim haýsy adama kömek ederdi? Hemmeleriň güýjüni jemläp, özünden ejizdir öýden adamyna elini uzatmagy adamkärçiligiň hakyky ýüze çykmasy. Olaryň arasynda ýalandan «haý-waýlap» ejizleýänleriniň, başgalara goldaw etmäge ukypsyzlarynyň hem bolmagy mümkin. Olar diňe özüni bilip, «meni» zerarly adamçylygyny peseldýän adamlar. Hakyky rehimdar adamlar bolsa rehimdarlygyny görkezmäge ýagdaýy bolmadyk ýerinde-de diňe ýagşyny ýaýyp, adamkärçilik edýärler.

Işeňňirlik adamyň ýaýdanjaň däldigini, ilgezik häsiýetini aňladýar. Işeňňirlik adamyň zandy tebigatynda zähmet çekmegiň bardygynyň mysalydyr. Dogry sözli, ýüregi rehimdar adamda zähmet endikleri ösen bolsa, ol zähmet çekýän ýerinde hem özüni tiz aldyrýar. Şäher ýerlerinde-de,

obalarda-da öýüň töweregindäki ýerleriň päkizeligi, güllere, baglara bürenip oturmagy hakynda alada edýän, töweregindäki ýerleriň owadan görünmegine, arassalygyna öz goşandyny goşýan adamlar örän işeňňirdirler. Olar işlemegiň netijesiniň gözellik döretmekdigini öz hereketleri bilen subut edýärler. Şeýdip töwereklerindäki adamlaryň hem göwünlerini göteryýärler. Işeňňirlik «galjaňlyk» diýen söze-de many taýdan ýakyndyr.

Köp adamlar dürli pasyllarda tebigaty synlamak üçin gezelenç etmegi gowy görýärler. Işeňňir adamlar häsiýetlendirilende hem, olar barada şeýle pähimli sözler aýdylýar: Elinden dür dökülýär; baran ýerini gül ýaly edýär; bilini guşap bir çykdygy, iş galdyrmaýar; iş ony görende gaçyp gidýär; edenli; dogumly; tüýs köpüň adamy; ýadamasy-ýaltanmasy ýok; ýüregi bilen gymyldaýar; hereketi gelşip dur; bir işe başladygy, başyny galdyrmany bilmeýär; işeňňirligi bilen ýol alýar; iş dannap, ýaýdanmasy ýok; bir eden işini ikinji gezek gaýdyp gelmez ýaly edýär; ot ýaly; tüweleme.

Sähralykda ýaşap ýören hanlaryň biri gämide syýahata çykypdyr. Onuň ýanynda kömekçisi hem bar eken. Han sesini çykarman, suwy synlap barýarmyşyn. Ýöne ýaňky kömekçisi öň suw

görmäninden soň, bir çüňke geçip, sandyrap, sähel sese-de tisginýärmişin. Oňa göwünlik berjek bolup bir zat diýselerem, gorkusyna gygyrýarmyşyn. «Be-e, beýdip ýol geçmek kyn düşer» diýip, han pikire çümüpdir. Şol halat ýolagçylaryň biri onuň ýanyna gelip, «Häzir köşeşer, asyl sesini çykarman oturar ýaly ederin» diýipdir. Han onuň näme etjek bolýandygyna geň galypdyr. Şonda ol adam ýaňkyny suwa itip goýberipdir. Kömekçiniň zähresi ýarylan ýaly bolupdyr. Ony halas edip, gämä mündüripdirler welin, hakykatdanam, ol soň ümsüm oturypdyr. Bu onuň ömrüne sapak bolupdyr. Ata-babalarymyzyň «Beterinden saklasyn!» diýen sözüniň manysy hakynda pikir edipdir. Görnüşi ýaly, kynçylyk käteler durmuşyň garaňky bolup görünýänliginde. Öwrenmek diýmek diňe bir aň-paýhas kämilligi däl, eýsem, bedeniň taplanmagy arkaly hem amala aşyrylýar. Durmuşyň manysy öwrenmekdedir. Öwrenmek ýaşaýşy aňladýar. Manyly ýaşamagyň açary hem öwrenmekde.

Goý, ömür menzilleriňize öwrenilip, maňzyna ýetilen aýdyňlygyň nury ýagty saçsyn!

Öwrenmek bilen dünýäniň gözelligini görüň! Ýaşaň we ajaýyplyklary dörediň!

Ýaşlara sözüm

Men türkmen ýaşlaryna kalbymyň töründen orun berip, olary ezizleýärin. Olaryň başarjaňlygyna, zehinine, edermenligine, zähmetsöýerligine, ýiti üşükliligine, düşbüligine, dogruçyllygyna, döredijilikli işlemekde jöwher pähimliligine guwanýaryn. Bu günki ýaşlarymyzyň tutuş durkunda olar hakyndaky aladalarymyzyň, umytlarymyzyň, yhlasymyzyň netijesini görmek isleýärin.

Ömür, ömrüň manysy, terbiýe, ýaşaýyş-durmuşyň manysy, ähmiýet bermeli gymmatlyklaryň we ýörelgeleriň manysy hakdaky öwüt-ündewlerimiň ýaşlaryň maňzyna batjakdygyna, aňyna ornajakdygyna ynanýaryn. Ili il edýän onuň agzybirligidir. Agzybirligiň özeninde bolsa birek-birege, ulynyň kiçä we kiçiniň ula özara sylag-hormaty bardyr. Biziň ýaşlarymyz şeýle sylag-hormata mynasyp ýaşlardyr. Olar Watanyň

ertirini özgertmek, ýurdumyzy mundan-da ýagty günlere eýe etmek ynamy bilen ýaşaýandyrlar.

Mähriban ýaşlar!

Siz Jygalybeg soltanyň öwüdi bilen kemala gelen, Gorkut atanyň pentlerinden nusga alan, Magtymguly Pyragynyň şygyrlary bilen göwni galkynan, eneleriň watançylyk hüwdüleri gursagyna guýlan, işbaşarjaň, gaýratly gerçeklersiňiz, edepli-ekramly, mertebeli gyzlarsyňyz.

Siziň ýoluňyz ak, ýoldaşyňyz Hak bolsun!

Hormatly ýaşlar, mähriban inilerim, juwan ýaşly uýalarym, ogullarym hem gyzlarym! Men size şeýle sözler bilen ýüzlenýärin: Ýady ýakyn edinip, dost ýüreginiň ýylysyny duýýan, oňa salama barýan halkymyz üçin il bolmak, agzybirlik, mähribanlyk, birek-biregi eziz görmek, özüňki saýmak iň mähirli duýgulardyr, döwletli ýörelgelerdir. Ine, şu ýörelgelere eýeriň!

Eziz Watanymyzda siziň mynasyp ylym-bilim almagyňyz, döredijilik we dürli kesp-kärler bilen meşgullanmagyňyz, yzygiderli kämilleşmegiňiz üçin ähli mümkinçilikler döredilendir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe siz dünýäniň bilim we terbiýeçilik ulgamynda gazanylan baý tejribeleriň esasynda kämilleşmelisiňiz. Özüňize niýetlenip aýdylan her bir sözden, rowaýatdan, tymsaldan many alyp, ilhalar şahsyýetler bolup ýetişmelisiňiz. Halkymyzy, Watanymyzy söýmelisiňiz. Birek-biregiň üstünliklerine buýsanmalysyňyz, guwanmalysyňyz. Göwünleriňizde diňe ýagşylyk etmek arzuwy bolmalydyr. Gönünde ýagşylyk etmek arzuwy ýaşaýan adam bagtyýardyr.

Meniň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň bosagasynda ýazan «Dowam bolsun!» atly goşgym size niýetlenendir. «Ýaşlara gutlag» atly goşgym bolsa siziň her biriňiziň ömrüňiziň iň bagtly pursatlaryna arzuwlarymdyr. Bu goşgularym size bagyşlan döredijilik sowgadymdyr.

Olar size güýç berer, gönüňizi ganatlandyrar diýip ynanýaryn.

Dowam bolsun!

Ýyllaryň hatar kerweni –
Goja dünýäň hakydasy.
Durmuş bir kitap ýalydyr,
Her ýyl – täze sahypasy.

Ýyldyrym deý ýüwrük atyň
Badynda gördüm ýyllary!
Ak bagtyň ak ýollaryna
Badalga gördüm ýyllary!

Asman-zemin arasy –
Giň dünýämiz parahat!
Güller açsyn gül Watan,
Köňüller bolsun rahat!

Doýma ýok ynsan ogluna
Durmuşyň şirin dadyndan!
Bezeýär uly dünýäni
Ýaz ýaly ýagşy adamlar.

Giň jahanda dostluk berkäp,
Şatlyk-gülki, owaz bolsun!
Türkmeniň döwletli ýoly
Ak geljege dowam bolsun!

Ýaşlara gutlag

Köňül kendim, ömre bendim,
Diňlegin sözlem!
Bagt diýen zat damja bolsa,
Ýaz ýagşa eziliň!
Söýgi besläp ýüreklerde,
Taryha ýazylyň!
Şirin sazym perdelerden
Saýladym saňa!

Seň dünýä inen günüň –
Şol gün şeýle begendim.
Durman aý-günler aýlanýar,
Bu gün bagt toýuň!
Goý, adyňyz müň ýyllyk
Ýazsyn ýyldyzlar düzülip.
Tutup ellemde,
şatlansam,
Götersem çowluk.

Belent sakla abraýyň,
Mähriban oglum!
Ädim-ädim durmuş ýola
Uzaýar ýoluň.
Mähir nurun saçsyn ýola,
Seň söýen gülüň!
Ýürek sözlem bir beýanyn
Sözledim saňa!

ÖMRÜŇIZ UZAK BOLSUN!

Jemleme

Il-halkymyzyň arzuw-dileglerinde şatlykly wakalaryň pursatlaryny dabaralandyrmak, göwünleri galkyndyrmak üçin ulanylýan bu jümleler aýratyn ýakymly eşidilýär. Ömrüňiz uzak bolsun! Ýaşyň uzyn bolsun! Toýlarda-dabaralarda arzuw aýdylanda, ömür bilen baglanyşykly şu jümleler hem aýdylýar. Sebäbi ömür bahasyz hem taýsyz serpaý diýip, ilki ynsan ömri barada aýdylýar. Ähli zadyň öwezini dolup bolýar, ýöne ömür ýeke-täk. Şonuň üçinem ömrüňi manyly ýaşamagy arzuw edýärler.

Meniň tutuş ömrümiň manysy, bu il-halkymdyr, adamlaryň parahat, agzybir durmuşydyr, olaryň jan saglygydyr.

Adam ömrüniň manysy Watanyň gymmatlyklaryna garaýşynda ýüze çykýar. Watanyň gymmatlygy bolsa, ilki bilen Watanyň ynsan janyna hözirli tenekar topragydyr, melhem howasydyr. Şonuň üçinem ömrüň manysyny tebigata bolan garaýyşdan üzňelikde göz öňüne getirmek kyndyr.

Her bir adamyň yhlasy onuň maksadynyň esasynda kemala gelýär. Halkymyzyň dürdäne

paýhasly nakyllarynda arzuwsyz adamyň ganatsyz guşa meňzedilmegi hem şondan ugur alynýanlygyndadyr.

Adamyň arzuwdyr hyýallary, maksady bolsa oňa geljege akylly-başly nazar aýlamaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçinem ömrüň manysy hakynda söhbet durmuşda tutan maksadyň manysy hakyndaky garaýyşlardan gözbaş alýar.

Her bir adam öz öňünde maksat goýup, şol maksady bilen hem ömür menzillerini dowam edýär. Meniň ýazgylarymyň gözi bilen göreniň, özi gatnaşyp, illerden eşideniň ýazan ýatlamasy hökmünde kabul edilmegi hem mümkin. Ýöne bu düýbünden beýle däldir. Sebäbi men öz sözümi islendik döwürde hem ýürekden aýtmagyň esasydygyna ähmiýet berýärin. Men halkyma özümiň ýürek sözümi aýdýaryn. Şol ýazgylar durmuş hakyndaky maglumatlardan düzülýär. Sebäbi durmuşda her bir adamyň öz mynasyp ornuny tapmagy, bu ähli adamlaryň hem pikirlenmeli we netije çykarmaly meselesidir. Alkyşyň manysy hakyndaky söhbetlerde şol maksat esasy orunda durýar. Alkyş almak bilen birek-birege adamlar has ýakynlaşýarlar, olar bitewüleşýärler. Bitewüligiň manysy hem şonuň bilen logiki many zynjyryna düzülýär.

Gadymy döwürlerden bäri, gözellik diýilýän düşünje adamlarda dürli ynamyň döremegine sebäp bolupdyr. Gözellik adamyň ýüreginde söýgi ýaly beýik duýgyny döredýär. Bu düşünje asyrlaryň we haý-haýly zamanlaryň ulgamynda many taýdan juda baýlaşypdyr. Şonuň üçinem ol juda giň düşünjedir. Kitabymda gözelligiň içki manysy barada aýratyn söhbetlere giň orun berdim. Gözelligiň tebigy manysy onuň içki manysy bilen bir asyldan gaýdýar. Şu ýerde Buddadan bir rowaýata salgylanmakçy bolýaryn. Bu gözellik bilen baglanyşykly bolup, onda gowy görmegiň we söýginiň manylaryndan söz açylýar. «Eger-de güli gowy görýän adam ony gowy görmekden ýaňa özüne ýolup alsa, bu dogrudanam gowy görmekdir. Eger-de güli gowy görýän adam güli ysgap, onuň guramazlygy üçin alada etse, ony idetse, bu söýgüdir». Şu düşündirişden görnüşi ýaly, gözelligi ykrar etmek oňa bolan garaýşa bagly.

Durmuşda öwrenmegiň uly manysy bar. Men muňa durmuş we iş tejribämde has-da göz ýetirdim. Ylym, syýasat, sungat, ykdysadyýet, sanlylaşdyrma we beýleki ugurlar babatyndaky bilimler durmuşyň dowamynda hemişe zerur bolup, adamyň yzygiderli kämilleşdirmeginiň esasynda ele alynýar.

«Işlemeýän adam ýalňyşmaýar, diňe işleýän adam ýalňyşýar» diýip, il içinde köp aýdylýar. Işiň netijesini

seljerip, şondan hem bärden gaýtmalary kesgitläp, säwlik goýberilen ýerleriňi geljekde düzetmek islegi bilen hem adam kämilleşýär diýip pikir edýärin.

Ykbalyň sizi dürli hili synaglar bilen ýüzbe-ýüz etmegi mümkin. Ýöne yzygiderli öwrenýän, özüni kämilleşdirýän adam özüni ýitirmän, geljege maksatly garaýar.

Wagt hakyndaky pelsepeleri okap, men özüm üçin täze pikirleri açýaryn. Wagt yzynda öz «möhürini» galdyrýar. «Owal akan ýerinden akarmyş aryk» diýen jümleler hem ýönelige aýdylan däldir, onuň manysy wagta bolan gatnaşykdan gaýdýandyr diýip pikir edýärin.

Ýurdumyzyň dürli ýerlerinde saparda bolanymda, men şol ýeriň taryhy bilen şu gününi deňeşdirýärin. Şonda geçmişiň üstünliginiň täze döwürdäki dowamyny görýärin.

Siziň ertiriňiz hakyndaky arzuwlaryňyza goşulmak bilen, men geljegiň ösüşinde hem il-halkym bilen bitewi bir synadygymy duýýaryn.

Goý, il-halkymyz bagtly ömrüň, abadan durmuşyň eşretini görüp ýaşasyn!

Ömrüňiz uzak, görjegiňiz diňe gowulyk bolsun!

Size iň gowy arzuwlar bilen, Arkadag.

MAZMUNY

ÖMRÜMIŇ MANYSY – IL-HALKYM 3
Giriş 4

HAKYDADA ORUN ALAN PURSATLAR 11
«Arçman» şypahanasy barada ýatlama 12
Bejergä mätäç çagalar bilen duşuşygyň täsirleri 27
Ýaşlar bilen duşuşyklar 53

ÝAGŞY ADAM ÝATDAN ÇYKMAZ 83
Şeýh Halifa bin Zaýed Al Nahaýýan 84
Sindzo Abe 98

WATAN – ENÄNIŇ KALBY 121

BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNY DIKELTMEK UGRUNDA 153
Türkmenistan – Hytaý: bilelikde ilerlemegiň
hem-de gülläp ösüşiň ýoly bilen 157

TERBIÝE – BAGTYÝARLYGYŇ ÇEŞMESI 171
Iň gymmatly miras terbiýedir 172
Terbiýäniň özeni ylym-bilimdir 185
Watançylyk terbiýesi 195
Terbiýäniň çeşmesi – kitap 211
Döredijilik we zehin terbiýesi 231
Sungat terbiýesi 256
Ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesi 263

MERTEBELI ÝAŞAÝŞYŇ MANYSY 267
Barlyga söýginiň manysy 268
Maksat tutmagyň manysy 349
Alkyşyň manysy 356
Bitewülik manysy 369
Içki gözelligiň manysy 373
Gözelligiň manysy 379
Wagtyň manysy 397
Öwrenmegiň manysy 402
Ýaşlara sözüm 414

ÖMRÜŇIZ UZAK BOLSUN! 419
Jemleme 420

GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ÖMRÜMIŇ MANYSYNYŇ DOWAMATY


Jogapkär redaktor *W. M. Hramow*

Redaktorlar	*B. Annabaýewa, R. Gylyjow, B. Ataýew*
Surat redaktorlary	*O. Çerkezowa, P. Pürmyradow*
Teh. redaktor	*O. Nuryagdyýewa*
Suratçy	*B. Şyhlyýew*
Kompýuter bezegi	*M. Ataberdiýewa M. Geldiýew, B. Saryýew, G. Saparow*

Çap etmäge rugsat edildi 02.06.2023. Ölçegi 60x90$^{1}/_{8}$.
Şertli çap listi 53,0. Şertli reňkli ottiski 212,5.
Hasap-neşir listi 35,48. Çap listi 53,0. Sargyt № 1834. Sany 15000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.



4 833001 504286